TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN DÖWLET YKDSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

Elektron görnüşe geçiren: Pälwan Muhyýew

DÜÝPLI GOÝUM IŞLERINI MALIÝELEŞDIRMEK WE KARZLAŞDYRMAK

okuw kitaby

Aşgabat-2010 ý.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

B. T. TAÝHAROW, H. G. HAJYGURBANOW , M.S. ÖWEZOW.

DÜÝPLI GOÝUM IŞLERINI MALIÝELEŞDIRMEK WE KARZLAŞDYRMAK

Ýokary okuw mekdepler üçin okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministriligi
tarapyndan hödürlendi
Aşgabat-2010 ý.

B.T.TAÝHAROW, H.G.HAJYGURBANOW, M.S.ÖWEZOW.

Düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak. Okuw kitaby. Aşgabat-2010

S Ö Z B A Ş Y

Okuw kitapda Türkmenistanyň täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda maýa goýumlaryň nazary, hukuk esaslary, çeşmeleri, ýörelgileri, Türkmeistanda maýa goýumlary goýmagyň tertibi giňişleýin berilýär.

Okuw kitaby Türkmenistanda hereket edýan kanunlara, düzgünnamalara laýyklykda ýazylan. Kitap "Maliýe", "Pul dolanyşygy we karz "hem-de "Salgytlar we salgyt salmak" hünärleri boýunça okaýan talyplara, önümçilikde işleýän hünärmenlere, kärhanalaryň ýolbaşçylaryna hem-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir.

„**Düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak**" atly okuw kitabyna Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň „Ykdysady nazaryýet" kafedrasynyň uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty B.Arbabow, şol institutynyň „ Maliýe" kafedrasynyň müdiri, ykdysady ylymlaryň kandidaty A.T.Muhanow, institutynyň „Bank işi" kafedrasynyň müdiri , uly mugallym G.E.Eýeberdiýew, syn ýazyp okuw kitabynyň hilini ýokarlandyrmak üçin peýdaly belliklerini etdiler. Şol belliklerin aglaba bölegi awtorlar tarapyndan öwrenilip, kitapda öz beýýanyny tapdy. Kitabyň many-mazmunynyň ýokarlandyrmagyna gönükdirilip berilen maslahatlary, bellikleri üçin, ýokarda görkezilen alymlara, mugallymlara awtorlar öz çüňňur minnetdarlygyny bildirýär.

B. T. TAÝHAROW, H. G. HAJYGURBANOW, M.S. ÖWEZOW.

Türkmenistanyň Prezidenti G.M. Berdimuhamedow:

"Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň merkezi düzümi bolup girdeji maksady bilen pul goýumlarynyň dolanyşygyny we oňyn durmuş netijesini gazanýan özüne çekiji maýa goýumlary çykyş edýär.

Şundan ugur alyp, biz amatly maýa goýum ýagdaýynyň döredilmegine, maýa goýumlarynyň çeşmeleriniň diwersifikasiýasyna, ileri tutulýän durmuş we inženerçilik ulgamlaryna maýa goýumlaryna, iri taslamalaryň we maksatnamalaryň durmuşa geçirilmeginiň çaltlandyrylmagyna aýratyn üns berýäris".

G I R I Ş

Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda - türkmen halkynyň hal-ýagdaýyny ýyl-ýyldan ýokarlandyrmak üçin döwletimizde ägirt uly işler amala aşyrylýar. Şol maksada ýetmek üçin hormatly Prezidentimiz ýurdymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyla çenli döwür üçin strategiýasyny işläp taýýarlamak maslahat berdi. Ykdysady strategiýasynyň esaslaryny hormatly Prezidentimiz „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna" ylmy makalasynda beýan etdi.

Ylmy makalanyň pikirleri "Täze Galkynyş döwründe Türkmenistanyň durmuş-ykdysady-ugry" atly ylmy monografiýasynda öz dowamyny tapdy. Şol monografiýanyň ikinji bapynyň birinji soragy dolylygyna işjen maýa goýum syýasata baglaşylan.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ýeterlik derejede berk maýa goýum mümkinçilikleri bolan ykdysadyýeti döredildi. Bu bolsa bütin dünýä maliýe çökgünligi döwründe aýratyn möhümdir. Munuň özi milli we daşary ýurt puluny toplamaga hemişe ýardam edýär.

2008 – nji ýylda ýurdyň jemi içerki önümine goýlan maýa goýumlarynyň möçberiniň gatnaşygy 32 göterim, 2009 – njy ýylda bolsa 47 göterimden gowrak boldy. Bu goýumlaryň üçden bir bölegi uly depginler bilen özleşdirilýän daşary ýurt maýa goýumlarydyr.

Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň esasy maksady ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, maýa goýujylar üçin üznüksiz önümçiligi giňeltmek we maýa goýumlaryň netijeliligi üçin şertleri döretmekdir.

Şu maksatlara ýetmek üçin ýerli tebigy we zähmet serişdelerini netijeli peýdalanmagyň hasabyna ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň ösüşiniň wezipesini

çözmäge mümkinçilik berýän toplumlaýyn we ulgamlaýyn çemeleşmä möhüm orun berilýär. Sebäbi bu öz gezeginde öndürilýän önümleriň we önümçilik serişdeleriniň möçberleriň we görnüşleriniň şeýle hem işgärleriniň sanynyň we hiliniň düzüminiň arasyndaky amatly deňölçeligi gazanmaga ýardam edýär.

Maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilişiniň ähli tapgyrlarynda bu maksatlaryň açyklygyny we aýdyňlygyny üpjün edýän, maýa goýujylar üçin maýa goýumlaryň netijeliligine ýardam edýän, adam faktorynyň ähmiýetini ýokarlandyrýar.

Şeýlelik bilen, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň önümlerine we hyzmatlaryna talaplary ýokarlandyryp, ulgamlaýyn çemeleşme maýa goýumlarynyň maliýeleşdirilmeginiň çeşmelerini giňeldýär we diwersifikasiýalaşdyrýar.

Häzirki wagtda daşary ýurt kompanialaryň we ýurduň gurluşyk kompaniýalarynyň, hususy firmalaryň gatnaşmagynda gazy akdyrmak, ýokary derejeli myhmanhanalar toplumlarynyň, otelleriň, tomaşa merkezleriniň gurluşygyny amala aşyrmagyň iri maýa goýum taslamalary bilen bilelikde beýleki durmuş-medeni maksatly desgalary, söwda merjezlerini , restoranlary we kafeleri, awtomobil ýollaryny gurmak işleri, şeýle hem syýahatçylyk ugurlary üçin ulgamlaryň, desgalarynyň räjirçiligini ösdürmek işleri, täze şäherleriň we obalaryň gurluşyklary alyp barylýar. Şeýle şemeleşme diňe bir ýurduň içerki çäk birliginiň däl-de, daşary ýurtlaryň hem häzirki zaman döredijilik bähbitlerini örän düýpli üpjün edýär.

Hojalygy ýöretmegiň täze şertlerinde daşky gurşaw we tebigy baýlyklar bilen özara hereket güýçlenýär, çüňki olar köp möçberde önümçilik işine çekilýär. Gurluşyk desgalary bina edilýän wagtynda bu eýýäm taslama –çykdajy sanaw resminamalaryň derejesinde tilsimatlaryň (tehnikalaryň) we tehnologiýalaryň ýokary hilli bolmagyna uly talap bildirilýär.

"Düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak" okuw kitabyň we dersiniň esasy wezipeleri:

- talyplara Türkmenistanda kabul edilen "Düýpli goýum işleri barada", "Daşary yurt maýa goýumlary hakynnda" kanunlary öwretmek;
- Türkmenistanyň maliýe, düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmekligindäki alnyp barylýan işlerini öwretmek;
- Türkmenistanyň bank ulgamynyň düýpli goýumlary karzlaşdyrmaklygyň we hasaplaşyk geçirmekligiň tertip – düzgünini öwretmeklikden ybaratdyr.

Ykdysady strategiýa laýyklykda ykdysadyýetiň nazaryýetini, ýurdumyzyň we ösen ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesini çuňňur öwrenmek döwrüň talaby bolup durýar.

Ykdysady bilimleriň durmuş tejribesine has ýakynlaşmagy oňa degişli ýazylýan okuw kitaplaryň we gollanmalaryň sadadan düşnükli ýazylmagyny talap edýär. Şol

I Bap. Düýpli maýa goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak baradaky esasy düşünjeler.

I.1. Düýpli maýa goýumlar, düýpli gurluşyk, maýa goýum we maýa goýum işleri baradaky düşünjeler.

Esasy gaznalary täzeden gurmak, abzalaşdyrmak, giňeltmek, olaryň durkuny täzelemek üçin edilýän ähli çykdajylar **düýpli maýa goýumlar** diýlip hasaplanylýar.

Düýpli maýa goýumlar **umumy** we **arassa** görnüşlere bölünýär.

Umumy düýpli maýa goýumyň jemi esasy serişdeleriň (gorunyň) köpelmegini häsiýetlendirýär. **Arassa düýpli maýa goýum** – umumy düýpli maýa goýumdan zaýalanan (hatardan çykan) esasy serişdeleri aýyrmak bilen hasaplanylýar.

Eger-de umumy düýpli maýa goýum öwezini dolmaklyga gönükdirilýän serişdeden köp bolsa, onda arassa düýpli maýa goýum oňaýlydyr (önümçiligi giňeltmäge goýulýan düýpli goýumyň gorunyň ösýänligi mese-mälimdir). Eger-de umumy düýpli goýum öwezini dolmakdan az bolsa, onda arassa düýpli maýa goýum ýaramazdyr (oňaýsyzdyr) (bar bolan maýa iýilýär). Ahyr soňy, eger-de umumy düýpli goýum öwezini dolmaklyga deň bolsa, onda maýanyň gory öňki derejesinde bolýar, haryt önümçiligi ýa-da hyzmatlar öňki çäginde dowam edýär **(ýönekeý üznüksiz önümçilik**).

Düýpli maýa goýum önümçilik döwrüni we ylmy-tehnikany dolulygyna, şeýle hem onuň düzüm böleklerini (döwrüni), ylmy barlaglary, taslama-konstruktorlyk işlerini, hereket edýän önümçiligi giňeltmäge, durkuny täzelemäge we tehniki taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, täze önümçiligi gurnamaga ýa-da täze önümi goýbermäge, peýdaly ulanmaklygy we ş.m. öz içine alyp bilýär.

Düýpli maýa goýum işleri dürli eýeçilikdäki we hukuk-guramaçylyk görnüşdäki taraplar amala aşyryp bilerler. Şol sanda döwletiň raýatlary, raýatlygy ýok adamlar, edara görnüşli taraplar, döwlet, halkara maliýe guramalary, daşary ýurtlaryň maýadarlary we başgalar.

Düýpli maýa goýum işine gatnaşyjylar bolup, kanun esasynda bu işi ýerine ýetirmeklige hukuk alan we özüniň esasnamasyny, patentini, ygtyýarnamasyny (lisenziýasyny) resmileşdiren türkmen we daşary ýurt raýatlary hem-de edara görnüşli taraplary bolup bilýärler.

"Eýeçilik hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda biziň döwletimizde **eýeçiligiň sekiz sany görnüşleri** hereket edýär. Olaryň içinde: hususy, döwlet, jemgyýetçilik we kooperatiw birleşikleriniň, bilelikdäki, beýleki döwletleriň (olaryň edara görnüşli taraplarynyň hem raýatlarynyň), halkara guramalaryň , gatyşyk (birleşen) eýeçilikdäki kärhanalar. Görkezilen eýeleriň hemmesi düýpli maýa goýum işleri amala aşyrmaga haklydyr.

Türkmenistanda düýpli maýa goýum işleri amala aşyrmak üçin dürli **guramaçylyk-hukuk görnüşli** edara görnüşli tarapy döredip bolýar. Şol sanda şu **alty sany** edara görnüşli taraplar: döwlet, ýekebara, hyzmatdaşlyk (kooperatiw), jemgyýetçilik guramalaryň kärhanalary, hojalyk şereketleri we paýdarlar jemgyýetleri Türkmenistanyň ýeketäk döwlet sanawyna alynýar.

Türkmenistanda hereket edýän ýokarda agzalan kärhanalaryň guramaçylyk - hukuk görnüşleriniň atlary şol kärhanalaryň haýsy serişdeleriň hasabyna döredilýändigini hem-de olaryň işiniň gurnalyşyny özleri kesgitleýärler. Döwlet kärhanalary - döwletiň, ýekebara - bir şahsy tarapyň, hyzmatdaşlyk - her bir agzasynyň şahsy serişdeleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň - jemgyýetçilik hazynalarynyň, hojalyk şereketleri - iki we şondan köpräk şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň birleşiginiň hasabyna, paýdarlar jemgyýeti bolsa - paýdarlaryň hasabyna döredilýär .

Paýdarlar jemgyýetleri **açyk we ýapyk görnüşli** bolup biler. Açyk paýdarlar jemgyýetine isleg bildirýän tarap girip biler, ýagny onuň paýnamalaryny erkin satyn alyp biler. Ýapyk paýdarlar jemgiýetine diňe onuň **esasnamasynda** (esasy resminamasynda, ýagny „pasportynda“) bellenilen taraplar girip bilerler.

Käbir ykdysadyýetçiler “kärhana”, “gurama” we “edara” düşünjileri olaryň döredişçeşmelerine görä kesgitleýärler. Olaryň pikirleri boýunça kärhanalar – olaryň esaslandyryjylaryň hasabyna , guramalar ikinji taraplaryň (iş buýuryjylaryň), edaralar döwletiň hasabyna döredilýär. Türkmenistanyň kanunlarynda we beýleki kanunçylyk namalarda kärhanalar, guramalar, edaralar hem – edara görnüşli taraplar hökmünde seredilýär.

Düýpli maýa goyum işleri we başga maksatlary amala aşyrmak üçin **golçur (bölünen) kärhanalary, şahamçalary we wekillikleri döredilip** bilner. Bir pudakda (ugurda) hereket edýän kärhanalar **korporasiýalara** bileleşip biler. Mysal üçin, Türkmenistanda „Kuwwat“ döwlet korporasiýasy energetika pudagyna degişli kärhanalary birleşdirýär. Meňzeş önümleri öndürýän kärhanalar **assosiasiýa** birleşip bilerler. Assosiýasyýanyň mysaly hökmünde Türkmenistanyň azyk senagaty we galla önümleriň assosiýasiýalaryny görkezip bolar.

Halkara tejribesinde düýpli maýa goýum işleri we başga maksatlary amala aşyrmak üçin kärhanalar, telekeçiler bileleşip **inowasion, wençur, holding kompaniýalary, kartelleri, sindikatlary, trestlary, konsernleri, konglomeratlary** döredýärler.

Inowasion kompaniýalar-ylmy-tilsimat ilerlemelere gönükdirilýän maýa goýumlary maliýeleşdirýärler.

Wençur kompaniýalar hem täze ylmy açyşlara öz maýa goýumlaryny gönükdirýärler.

Dünýäniň , köp ýurtlarynda hereket edýän kompaniýalar – **holding** kompaniýalary. Türkmenistanda öz maýa goýumlaryny goýan holding kompaniýalaryň mysallary hökmünde „Ahmet Çalyk“, “Itera interneşnl Enerji L.L.S. “ we başga holding kompaniýalary görkezip bolar.

Düýpli maýa goýum işleri amala aşyrmak üçin, öndüriljek önümininiň möçberini (kwotasyny) we ýerleşdiriş bazaryny bölüşmek üçin iri kompaniýalar –**kartel** bilelişikleri döredýärler. Mysal üçin, nebit öndürýän döwletleriň kompaniýalary “OPEK” atly karteli döretdiler.

Sindikatlar düýpli maýa goýum işlere serişdeleri goýmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek we önümi bileleşip ýerleşdirmek üçin **döredilýär.**

Trestlar kompaniýalaryň emläklerini, önümlerini we öndürilýän önümleriň ýerleşdirmegini bileleşdirip düýpli maýa goýum işleri amala aşyrýarlar.

Konsernler dürli pudaklara degişli, emma bir tehnologiýaly ýeketäk maliýe merkezine bilelişen kompaniýalar bolup maýa goýum işlere gatnaşýarlar**.**

Konglomeratlar önümçilik we tehnologiki aragatnaşygy bolmadyk pudaklary, iri

korporasiýalary birleşdirip maýa goýum işlere gatnaşýarlar . Konglomeratyň mysaly hökmünde Türkmenistanda hereket edýän „Simens“atly kompaniýalaryň bilelişigini görkezmek bolar. Bu konglomeratyň dürli pudaklara goýulan maýa goýumlary bardyr.

Bir näçe kärhanalar (kompaniýalar, firmalar) belli bir önümiň (harydyň, hyzmatyň, işiň) esasy böleginiň öndürilişini we bazarda ýerleşdirilişini eýelemek üçin bileleşip **oligopoliýa** döredip maýa goýum işlere gatnaşyp bilerler. Oligopoliýa – grekçe- “oligos” az sanly we “polia”-satýaryn diýmekligi aňladýar. Bu bileleşmäniň esasy häsiýeti – nyrhlar öňdebaryjyň (iň güýçli firmanyň) nyrhyna görä kesilýär.

Maýadarlar – düýpli maýa goýum işlerine goýum edýän taraplar .

Kanunlara laýyklykda hojalyk hasaplaşykda Türkmenistanyň çäginde hereket edýän ähli kärhanalar öz düýpli maýa goýumlar üçin edýän çykdajylary 08-nji “Düýpli maýa goýumlar”balans hasaplarda hasaba almalydyrlar. Bu hasap **6 sany hasapiçi hasaplara bölünýär:**

1. Esasy serişdeleriň gurulmagy.
2. Esasy serişdeleriň satyn alynmagy.
3. Esasy serişdeleriň gymmatyny artdyrmaýan harajatlar.
4. Ýaş mallary esasy sürä geçirmek.
5. Ýaşy uly mallaryň satyn alynmagy.
6. Mugt alnan esasy serişdeleri getirmegiň çykdajylary.

Düýpli maýa goýum işleriň netijeleri 01-nji “Esasy serişdeler” balans hasabyna geçirilýär.

Düýpli gurluşyk halk hojalygynyň özbaşdak maddy önümçilik pudagy bolup durýar. Bu pudak üçin –işlemäge taýýarlanylan önümçilik we önümçilik däl maksatly esasy serişdeler, desgalar we beýleki obýektler onuň önümi bolup durýarlar.

Halkara tejribesinde “düýpli maýa goýumlar”düşünjä ýakyn **“inwestisiýalar”** hem düşünje giňden ulanylýar. “Inwestisiýa” “inwestire” diýen latyn sözünden gelip çykmak bilen, türkmençä terjime edilende “geýinmek”, “geýindirmek” manyny aňladýar. “Inwestisiýa” sözi öňki SSSR döwründe diňe geçen asyryň 80-nji ýyllaryň ortasynda ulanylyp başlandy. Sebäbi ondan ir döwürde bu düşünje diňe kapitalistik ulgamyna degişli diýip resmi düşünje höküm sürýärdi. Emma durmuş tejribesi bu düşünjäni tejribä ornaşdyrmany talap etdi we bu düşünje çalt we giň bütin dünýä boýunça ýaýrady. Şol sanda Garaşsyzlyk döwründen başlap “inwestisiýalar” düşünjesi Türkmenistanda ulanyp başlady.

Häzirki wagta çenli ykdysady edebiýatlarda “düýpli maýa goýumlara” we “inwestisiýalara” dürli çemeleşmeleriň we kesgitlemeleriň bolanlygy üçin biz bu kesgitlemäni 2008-nji ýylyň mart aýynda kabul edilen “Daşary ýurt maýa goýumlar hakynda (täze redaksiýasy)” Türkmenistanyň kanunynda we beýleki kanunçylyk namalarynda kabul edilen kesgitlemeleri bermekligi talaba laýyk hasaplaýarys.

Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda halkara **“inwestisiýa**” sözi milleleşdirildi we onuň deregine **“maýa goýumlar”** sözlem ulanylýär. Şol sebäpli şu kitapda hem**“inwestisiýa**” sözüň deregine **“maýa goýumlar”** sözlem ulanylar.

Maýa goýumlara -telekeçilik işiniň hem-de başga görnüşdäki işleriň obýektlerine goýum edilip goýulýan, şonuň netijesinde hem peýda (girdeji) alynýan ýa-da durmuş netijeleri gazanylýan ähli maddy we ruhy (intelektual) gymmatlyklar görnüşlerde edilýän çykdajylara düşünilýar.

Maýa goýumlaryň 90%-den gowragy düýpli maýa goýumlaryň paýyna düşýär. Şoňa garamazdan, “maýa goýumlar” düşünjesi “düýpli maýa goýumlar” düşünjeden has giňdir.

2008-nji ýylyň mart aýynda kabul edilen “Daşary ýurt maýa goýumlar hakynda (täze redaksiýasy)” Türkmenistanyň kanunynda -daşary ýurt maýa goýumlar bilen bagly sekiz sany düşünjä şeýle kesgitlemeler berilýär. Şolaryň işinde:

1**) daşary ýurt maýa goýumlary** daşary maýa goýujysyna degişli raýat hukuklary obýektleri, şol sanda pul serişdeleri, gymmat kagyzlar, beýleki emläk, pulda bahasy bellenen emläk hukuklary, intellektual işiň netijeleri üçin aýratyn hukuklar (intellektual hukuk), şeýle hem hyzmatlar we maglumatlar görnüşinde Türkmenistanyň çägindäki telekeçilik işiniň daşary ýurt maýasyny goýmak.

2) daşary ýurt maýa goýujylara şu aşakdakylar degişlidirler:

- daşary ýurt edara görnüşdäki tarap, Türkmenistandaky şahamçany we weklilhanasyny goşup;

- halkara gursamasy;

- daşary ýurt döwleti;

- daşary ýurt şahsy tarap, şeýle hem maýa goýumyň amala aşyrýan pursadynda daşary döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk şahs;

- Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýady .

3) **daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhana-**Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň çäginde döredilen kärhana, ol daşary ýurt maýa goýujysyny ýa-da Türkmenistanyň edara görnüşleri we şahsy taraplary bilen paýly gatnaşmak esasynda degişlidir.

4) **göni daşary ýurt maýa goýumlary-** Türkmenistanyň çäginde döredilen ýa-da täze döreýän kärhananyň maýalyk gorunda paýdaryň (paýyň,goýumyň) azyndan 10 göterimde daşary ýurt maýa goýujysy tarapyň eýelik edilmegi, edinilmegi;Türkmenistanyň çäginde döredilýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň şahamçasynyň esasy goýumlaryna maýa goýmak.* **Köp döwletlerde kärhananyň ser**maýasynda daşary ýurt maýa goýumy 10 göterimden az bolmadyk gatnaşykda kanun arkaly kesgitlenilýär. Şol sanda: Türkkmenistanda, Türkiýede, Ukraýinada, Moldowada.

Özbegistanda 30 göterimden, Gyrgyzstanda 1/3-den az bolmadyk gatnaşyk bellenilen. Käbir döwletlerde Ermenisdtanda, Azerbaýjanda görkezilen gatnaşyk kanunda bellenmedik. Emma **ser**maýasynda daşary ýurt maýa goýumy 30 göterimden az bolmadyk **kärhanalara dürli ýeňillikleri bermegi kanun arkaly bellenilen.**

5**) maýa goýum taslamasy-**döwlet ülňilerine (kadalaryna) laýyklykda işlenip taýarlanýan taslama-smeta resminamalaryny öz içine alýan maýa goýumlaryny amala aşyrmagyň ykdysady maksada laýyklygynyň, möçberiniň we möhletleriniň esaslandyrmasy, şeýle hem maýa goýumlaryny amala aşyrmak boýunça iş ýüzündäki hereketleriň beýany (täjirçilik meýilnamasy). Ileri tutulýan maýa goýum taslamasy-durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararynyň esasynda amala aşyrylýan maýa goýum taslamasy.

6) **maýa goýum taslamasynyň özüni ödemeli möhleti**-göni daşary ýurt maýa goýumymyny peýdalanmak bilen maýa goýum taslamasynyň maliýeleşdirilmäge başlanan gününden başlap, ulanyş serişde geçirmeleri bolan sap girdejiniň toplanan möçberi bilen daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň, daşary ýurt edara görnüşdäki tarapyň şahamçasynyň maýa goýum harajatlarynyň möçberiniň arasyndaky tapawudyň onuň ähmiýete eýe bolan gününe çenli möhlet.

7) **maýa goýumy gaýtadan goýmak-** daşary ýurt maýa goýuşynynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň daşary ýurt maýa goýumlaryndan alnan peýdasynyň (girdejisiniň) Türkmenistanyň çäginde telekeçilik işiniň obýektlerine maýa goýumlaryny goýmak.

8) **erkin ykdysasdy zona**-erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy, milli syýahatçylyk zonasy, şeýle hem erkin ykdysady zonalaryň beýleki görnüşleri, olaryň döredilmeginiň, işlemeginiň, we ýatyrylmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýar.

Maýa goýumlara şu aşakdakylar degişlidir**:**

- pul serişdeleri, belli bir maksat üçin niýetlenen bank goýumlary, paýlar, paýnamalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar;

- gozgalýan we gozgalmaýan emläk (jaýlar, desgalar, enjamlar hem-de beýleki maddy gymmatlyklar);

- awtorlyk hukugyndan gelip çykýan emläk hukugy, “nou–hau” tejribesi (guramaçylyk, ylmy-tehniki, tehnologiki, täjirçilik bilimleri) hem-de beýleki ruhy (intellektual) gymmatlyklar;

- ýerden hem-de beýleki tebigy baýlyklardan peýdalanmak hukugy şeýle hem beýleki emläk hukuklary;

- beýleki gymmatlyklar.

Döwletiň maýa goýumlaryny durmuşa geçirmek barada işlere gatnaşýän taraplaryň ählisiniň edýän tejribe hereketleriniň jemine **döwletiň maýa goýum işi** diýip düşünilýär.

Maýalaşdyrmak – gelejekde arassa peýdany ýa-da durmuş (sosial) netijäni gazanmak üçin möhletleýin serişdeleriň (gymmatlyklaryň) goýulmagyna düşünilýär.

Häzirki wagtda goýumyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

▪ maliýe (bukjalaýyn) goýum;
▪ hakyky (maýa emele getiriji) goýum;
▪ maddy däl aktiwlere goýulýan goýum.

Maliýe maýa goýumy – döwlet, ýerli dolandyryş guramalary, korporatiw kompaniýalary tarapyndan paýnamalary, obligasiýalary we beýleki gymmatly kagyzlary goýbermeklik üçin goýulýan pul serişdeleridir.

Hakyky maýa goýumlar sözüň dar manysynda – ähli görnüşdäki goýumlaryň (çykdajylaryň) jemine düşünilýär.

Maddy däl aktiwleriň maýa goýumy – hukuk berýän resminamalary satyn almak üçin edilýän çykdajylara düşünilýär. Şol sanda ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary satyn almaklyk üçin niýetlenen çykdajylara aýdylýar (emläk hukugy, senagat eýeçiligine hukugy geçirmeklik, ygtyýarnamalary, nou-haulary satyn almak üçin edilýän çyjdajylar we beýlekiler).

Maýa goýum taslamasynyň maksadyndan ugur alyp, hakyky maýa goýumy aşakdaky esasy toparlara bölmek bolýar:

▪ önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilýän düýpli goýumlar. Bularyň maksady – maýadaryň önümçilik harajatlaryny kemeltmek üçin köne enjamlaryň has ýokary öndürijilikli enjamlar bilen çalşyrylmagy ýa-da önümçilik kuwwatlyklarynyň has özüne çekiji we ýeňillikli salgyt alynýan sebitlere geçirilmegi;

▪ önümçiligi giňeltmäge goýulýan düýpli goýumlar, munuň maksady – önümçiligiň möçberiniň we önümiň satylyşynyň köpelmegi;

▪ hereket edýän önümçiligiň durkuny täzelemek we tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmak üçin düýpli goýumlar. Munuň maksady – önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, onuň göwrümini giňeltmek, önümiň hilini ýokarlandyrmak we görnüşini köpeltmek.

▪ täze ýa-da düýbünden tapawutlanýan täze önümi döretmek üçin goýulýan düýpli goýumlar. Olaryň maksady – täze önümi goýbermeklik, şonuň ýaly hem täze içerki we daşarky bazarlara çykmaklyk.

▪ goşmaça iş ýerlerini döretmeklik üçin goýulýan düýpli goýumlar. Munuň maksady – aýratyn sebitler we ýurt boýunça durmuş-ykdysady dartgynlygy peseltmek.

▪ önümçiligi çig mal we doly taýyn däl önümler bilen durnukly üpjün edilmegini gazanmaklyga gönükdirilen düýpli goýumlar.

▪ öndürilýän önümiň howpsuzlygyny we daşary gurşawyň goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilýän düýpli goýumlar.

Ýokardakylardan görnüşi ýaly, maýalaşdyrmagyň maksady dürli bolup biler. Ýöne olaryň ählisini dört topara bölmek bolýar:

1. Bazarda önümi ýerleşdirmek üçin ýeri saklamak.
2. Önümiň göwrümini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak.
3. Täze önümi öndürmek.
4. Ykdysady we durmuş meselelerini çözmek.

Düýpli maýa goýum bazary ykdysady düşünje hökmünde düýpli maýa goýumlara bolan islegi we teklibi sazlaşdyrýan ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy.

Şu kesgitlemä esaslanyp düýpli maýa goýum bazarynyň hereket etmegi üçin zerur çäreleri ýüze çykarmak bolýar:

Ilkinji nobatda kärhanalarda, guramalarda öndürilýän önüme edilýän pul harajatlarynyň peselmegi üçin ykdysady çäreleriň işlenilip düzülmegi zerurdyr. Beýleki çäreler boýunça aşakdakylary görkezmek bolar:

1) Puluň hümmetsizlenmek derejesini göz öňünde tutmak zerurlygy.

2) Tamamlanmadyk işleriň esaslandyrylan (normatiw) derejä çenli gysgaldylmagy.

3) Gurluşyk işlerinde ýekemenligi (monopoliýany) aradan aýyrmak maksady bilen kiçi we orta kärhanalaryň döredilmegi zerurdyr.

I.2. Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda maýa goýumlarynyň häsiýetnamasy.

Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda maýa goýum taslamalary seçilip alnan we durmuşa geçirilýän mahaly şular esasy ölçegler hasaplanýar:

- tehnikanyň we tehnoljgiýalaryň ýokary derejesine laýyk gelýän täýýar gurluşyk önümleriň ýokary hilini gazanmagy;
-

- gurluşyklaryň toplumlaýynlygy we maýa goýumlarynyň özleşdirilmegi, bu gurluşyk guramasynyň we önümçilik işiniň has netijeliligini, serişdeleriň tygşytlanmagyny üpjün edilmegi;
- işe girizilen desgalary ulanmak üçin ýokary hilli hünärmenleri taýýarlamagy;
- binagärlik toplumlarynyň we daşky gurşawyň sazlaşygyny gazanmagy;
- durmuş meselelerini çözmäge täsir etmegi (önümçiligi ösdürmek, bazaryň bölelinligi, obalarda we çäherlerde üpjünçilik ulgamlarynyň we kommunikasiýa desgalarynyň döredilmegi, täze iş orunlaryny döretmegi we iş bilen üpjünçiligi artdyrylmagy, ilatyň ýaşaýş –durmuş şertlerini we dynç alyşyny gowulandyrmagy);
- tebigy serişdeleriň netijeli peýdalanylmagy, daşky gurşawyň goraglylygyny goşmak bilen, howpsyz ekologiýanyň, seýsmologiýanyň we arassaçylygyň kadalaryna laýyk gelmegi.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ykdysadyýetiň dürli ugurlary doly derejede özgerdi, täze-täze önümçilikler işe girizildi, zawod-fabrikler, medeni we durmuşy binalar guruldy. Şu döwürde ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda özleşdirilýän maýa goýumlaryň möçberi birnäçe esse artyp, 1000-den gowrak binalar guruldy. Maýa goýumlarynyň ösüş derejeleri her ýylda 15-20% möçberinde artdyryp ylmyň iň soňky gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna, täze-täze önümçilikleri işe girizmäge, dünýä ülňülerine laýyk gelýän önümleri öndürmäge, halkara bazarlarynda şol önümleriň bäsleşikli orunlary eýelemegine doly mümkinçilik berdi. Gaýtadan işleýän kärhanalara goýulýan maýa goýumlaryň möçberleriň artmagy ýurdumyzyň çig-mal öndüriji ýurtdan gaýtadan işleýän, taýýar önümleri öndürýän ýurda öwrülmegine getirdi.

Iri maýa goýumlarynyň we maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi bilen baglylykda, ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy we ony döwrebaplaşdyrmak üçin amatly şertler döredilýär. Şunda, ykdysadyýetiň ulgamlary, pudaklar, eýeçiligiň görnüşleri, çäkler we ş.m. boýunça maýa goýumynyň ösüşiniň amatly meýli ýüze çykýar. Umuman, ykdysadyýeti ösdürmek üçin maýa goýumlary 2005-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2009-njy ýylda 6,5 esse artdy. Esasy ösüş 2008-nji we 2009-njy ýyllara degişlidir. Maýa goýumlaryň goýluşy 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2008-nji ýylda 3,4 esse artdy we 15,5 milliard manada deň boldy, 2009-njy ýylda bolsa 24,9 milliarda manada ýetdi we ýyllyk hasaplamalarda 1,6 esse ösdi. Şu döwürde maýa goýumynyň möçberi, önümçilik ulgamynda bolşy ýaly, durmuş-medeni ulgamlarda hem ýokarlandy.

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň hoşniýetli Bitaraplyk, parahatçylyk söýüji, özara bähbitli gatnaşyklara esaslanýan daşary syýasatynyň netijesinde ýurdumyz daşary ykdysady gatnaşyklary dünýäniň beýleki döwletleri bilen deň hukukly esasda amala aşyrýar. Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň aglaba döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary doly ýola goýup, daşary söwda gatnaşyklarynda dünýäniň 100-e golaý döwleti bilen hyzmatdaşlyk edýär. Daşary söwda dolanyşygynyň oňyn netijeli bolmagy bolsa, ýurduň ykdysady garaşsyzlygynyň doly derejede gazanylandygyny aňladýar.

Halkara tejribesinde döwletiň, pudaklaryň galyberse kärhanalaryň maýa goýumlaryna häsiýetnama berlende hökmany suratda olaryň pudaklaýyn, sebitleýin, üznüksiz önümçilik, tilsimat (tehnologiki), goýum çeşmeleriň düzümleri seljerilip, goýumlaryň netijeliligine görä baha berilýär.

Şol düzümleriň seljermesini we goýumlaryň netijeliligini kitabyň geljekki sahypalarynda seredilip geçilýär.

I.3. Düýpli goýumlaryň: pudaklaýyn, sebitleýin, üznüksiz önümçilik, tilsimat (tehnologiki) düzümleri.

Döwlete, pudaga (kärhana) goýlan maýa goýumlaryny aşakdakylar esasynda häsiýetlendirip bolar:

- pudaklaýyn, sebitleýin düzümi boýunça;
- çeşmesine görä;
- üznüksiz önümçilik düzümi boýunça;
- tilsimat (tehnologik) düzümi boýunça;
- netijesine we netijeliligine görä.

Maýa goýumyň pudaklaýyn düzümi meýilleşdirlende her pudagyň ýurduň ykdysady ösüşindäki orny kesgitlenilýär.

Mysal üçin, Türkmen döwleti üçin senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň ýokary depginli ösdürilmegi maksada laýyk hasaplanylýar. Esasy üns çig mallary gaýtadan işleýän pudaklara berilýär. Sebäbi bu ugurlara goýulýän goýumlar täze iş ýerleri açmaga, döwletiň girdejilerini artyrmagyna we başga amatlyklara getirýär.

Türkmenistanyň pudaklar boýunça maýa goýumlaryň ösüş depginlerini birinji tablisadan görüp bolar: 1-nji tablisa

Türkmenistanyň esasy pudaklary boýunça maýa goýumlaryň ösüş depginleri (2000-nji ýyl bilen deňeşdirlende göterimi)1

Pudaklar	2000	2001	2002	2003	2005	2006	2009
Senagat	100	122,3	120,3	167,9	171,8	181,5	
Oba hojalyk	100	115,0	143,3	167,6	197,2	199,3	
Ulag we aragatnaşyk	100	168,1	137,1	139,6	377,6	316,8	

1) Türkmenmillihasabatyň degişli ýyllar üçin maglumatlaryna esaslanyp düzüldi.

Birinji tablisadan görnüşi ýaly ulag we aragatnaşyk pudagyna goýulýan goýumlaryň iň çalt depginler bilen ösýäni. Pudakda Garaşsyzlyk ýyllarynda düýpli öňe gidişlikler gazanyldy. Hususan-da, Aşgabat – Garagum – Daşoguz gara we demir ýollarynyň, Aşgabat – Türkmenbaşy, Aşgabat – Mary – Türkmenabat gara ýollarynyň gurluşyklary güýçli depginde dowam etdirilýär. Howa, deňiz we awtomobil ulaglarynyň üsti dünýä ülňelerine laýyk gelýän ulaglar bilen doldurylyp durulýar. Ýagny bu pudaga gurluşyk işleri bilen birlikde dürli tehniki serişdeleri satyn alyndy. Şol sanda uçarlar, dik uçarlar, teplowozlar we başga ulaglar, telefon stansiýalar we ş.m.

Ulag we aragatnaşyk pudagy dünýä boýunça hem iň çalt ösýän pudaklaryň biridir. Sebäbi ähli döwletleriň tehniki ösüşi şu pudaga baglydyr. Goýumlaryň hasabyna internet, öýjekli telefonlary we başga tilsimat serişdeleri ulanyp bolýar. Geljekdede bu pudak mundan hem çalt öser diýilip garaşylýar.

Ýokary depginli ösüşler başga pudaklarda hem gazanaldy. Senagat, oba hojalyk pudaklara goýulýän goýumlaryň möçberleri durnukly ösüşe eýedir.

Türkmenistanyň nebit-gaz pudagynda nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň durkunyň täzelenmegi, täze nebit we gaz geçirijileriniň gurulmagy, nebit-gaz ýataklarynyň özleşdirilmegi bu pudaga goýulýan maýa goýumlaryň netijeli ulanylmagyny we özleşdirmegini üpjün etdi. Diňe 2010-njy ýylda ösüş 42 göterime

barabar bolar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý, Türkmenistan – Eýran gaz geçirijileriniň gurulyp ulanylmaga berilmegi, “Gündogar – Günbatar” gaz geçirijisi, Türkmenbaşynyň Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna uly möçberde maýa goýumlarynyň goýulmagy netijesinde taýýar önüm görnüşinde öndürilýän nebit önümleriniň görnüşlerini we möçberlerini köpeltmäge, zawodyň ekologiýa taýdan arassa işlemegine mümkinçilik berýär. Polipropileniň, suwuklandyrylan gazyň öndürilişiniň möçberleri barha artýar.

Energetika toplumy boýunça şu döwürde goýulýan maýa goýumlaryň möçberi 1998-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 3 essä golaý artdy. Türkmenistan – Eýran, Türkmenistan – Owganystan elektrik geçirijileri işe girizilip, elektrik energiýasynyň daşary ýurtlara çykarylyşynyň möçberi artdyryldy. Abadan, Seýdi, Balkanabat şäherlerinde işe girizilen täze energobloklar Türkmenistanda elektrik energiýasynyň daşary bazara çykarylýan möçberini artdyrmagyň anyk kepili bolup durýar.

Oba hojalyk ekinlerini özümizde öndürilen mineral dökünler bilen üpjün etmek üçin Tejen şäherinde 1 ýylda 350 müň tonna karbamid öndürmäge niýetlenen zawod işe girizildi. 2005-nji ýylda kuwwatlylygy 1 mln. tonna bolan sement zawodynyň işe girizilmegi bolsa ýurduň gurluşyklarynyň semente bolan islegini kanagatlandyrmaga we maýa goýumlaryň özleşdirilişini çaltlandyrmaga ýardam eder.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Dokma toplumy uly möçberde maýa goýumlary gönükdirilýän pudaga öwrüldi. Bu pudakda täze önümçilikleriň işe girizilmegi özümizde öndürilýän pagta, ýüpek çig malyny gaýtadan işläp, ahyrky taýýar önüm görnüşinde daşary ýurtlara çykarmaga, ýurdumyza gyzyl pullaryň gelmegini artdyrmaga we Türkmenistanyň halkyny iş bilen üpjün etmäge şert döredýär. Iri fabrikler hökmünde 2004-nji ýylda Gypjak şäherçesinde işe girizilen kuwwatlygy 5,1 müň tonna bolan ýüňi gaýtadan işleýän fabrigi, Baharly etrabynda bir ýylda 50 mln. inedördül metr biz matasyny öndürýän fabrigi görkezmek bolar. 2005-nji ýylda Aşgabat şäherinde 6 fabrikden ybarat täze dokma toplumyny, Abadan şäherinde ýüplük fabrigini, Magtymguly etrabynda tikinçilik we aýakgap fabrigi işe girizildi.

Ak bugdaý etrabynda 65 müň tonna kuwwatlykly kagyz kombinatynyň işe girizilmegi bilen milli ykdysadyýetimizde täze pudagyň emele gelendigini belläp geçmeli.

Maýa goýumlarynyň ep-esli bölegi önümçilik pudagyna goýulýar (maýa goýumynyň umumy möçberinden 2005-nji ýylda 76,3 göterim, 2009-njy ýylda 68,8 göterim). Durmuş-medeni ulgamyň ösüşine maýa goýumlarynyň artmagynyň ozýan depginleri bu ulgamyň paýynyň 2005-nji ýylda 23,7 bolandygyndan 2009-njy ýylda 31,2 göterime çenli artmagyna ýardam berdi. Durmuş we inžener üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmäge maýa goýumlaryny gönükdirmek çäk diwersifikasiýasy boýunça alnyp barylýar.

Pudaklar babatynda maýa goýumlarynyň uly bölegi senagatda (50 göterimden gowrak), ulaglarda (20 göterimden gowrak) özleşdirildi. Senagatda maýa goýumlarynyň özleşdirilişinde kem-kemden diwersifikasiýa duýulýar. Himiýa we nebithimiýa, gara metalurgiýa we beýleki pudaklar täze döredi. Şonuň bilen birlikde , döwletiň hem, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hem esasy bölegi nebitgaz toplumy, ulaglar pudagyny ösdürmäge –nebitgaz geçirijileriniň gurluşygyna gönükdirildi. Durmuş-medeni hajatlar üçin niýetlenen maýa goýumlarynyň ep-esli bölegi ýaşaýş jaý we jemagat gurluşyklaryna, bilim we saglygy goraýşa gönükdirilen serişdelerdir.

Sebitler boýunça Türkmenistanyň düýpli maýa goýumlaryny ikinji tablisadan görüp bolar.

2-nji tablisa

Türkmenistanyň sebitleri boýunça düýpli maýa goýumlaryň möçberleri (deňeşdirip bolar ýaly täze denomirlenen müň manatda)1

Ýyllar	2000	2005	2006	2009
1	2	3	4	5
Türkmenistan-hemmesi:müň manatda	1814400	3838000	4068000	24947000
Türkmenistan-hemmesi: göterimi boýunça	100	100	100	100
Aşgabat: müň manatda	544800	1147260	1215780	
Aşgabat: göterimi boýunça	30	29,9	30	Öňdäki takmynan maglumatlary boýunça -30 %
Welaýatlar:				
Ahal: müň manatda	190200	607940	622700	
Ahal: göterimi boýunça	10,5	15,8	15,3	Öňdäki takminam maglumatlary boýunça -15%
1	2	3	4	5
Balkan : müň manatda	706000	933960	1131280	
Balkan: göterimi boýunça	38,9	24,3	27,8	Öňdäki takmynan maglumatlary boýunça -30%
Daşoguz: müň manatda	126600	395340	291460	
Daşoguz: göterimi boýunça	6,9	10,3	7,1	Öňdäki takmin maglumatlary boýunça -8%
Lebap: müň manatda	134600	439640	406620	
Lebap: göterimi boýunça	7,4	11,4	9,9	Öňdäki takmin maglumatlary boýunça - 9%
Mary:müňmanatda	112200	313260	400160	
Mary: göterimi boýunça	6,3	8,3	9,9	Öňdäki takmin maglumatlary boýunça- 8%

Bu ähli oňaýly ösüşler jemi içerki önüminiň umumy möçberinde maýa goýumlarynyň paýynyň artmagyny şertlendirdi. 2009-njy ýylda bu görkeziji 47,4 göterime ýetdi.

Maýa goýumyň sebitleýin düzümi – döwletiň düzüm bölümlerine goýulýän maýa goýumlaryň gatnaşygyny görkezýär. Biziň döwletimizde maýa goýumlaryň sebitleýin düzümi – welaýatlar, şäherler, etraplar, obalar boýunça maýa goýumlaryň goýulşyny görkezýär.

Ikinji tablisanyň maglumatlary boýunça Türkmenistanyň ähli sebitlerine goýulýän maýa goýumlaryň möçberleri ýýyl ýyldan artýar. Umumy döwlet boýunça goýulýän maýa goýumlaryň 30 göterimi Aşgabat şäherine we Balkan welaýtyna goýulýar. Sebäbi- Aşgabat –döwletiň paýtagty we ahli daşary ýurtlaryň myhmanlary döwletimize baha berenlerinde Aşgabada seredip baha berýar. Şol sebäpli Aşgabat düýpli maýa goýumlaryň hasabyna sebitde we dünýäde iň owadan şäherleriň birine öwrüldi. Geljekdede Aşgabat şäherine goýulýan maýa goýumlaryň möçberiniň artmagyna hem garaşylýar.

Balkan welaýatynda köp maýa goýumlar nebidi gaýtadan işleýän karhananyň, deňiz we howa portlaryň durkunlaryny täzelemek üçin, "Awaza syýahatçylyk" zolagyny döretmek üçin goýulýar we şol goýumlar öz netijesini berip başlady.

Düýpli goýum işleriniň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy Türkmen döwletiniň şu meselä degişli guramalary tarapyndan öz hukuklaryna degişli çäkleriň derejesinde aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

1) döwletiň düýpli maýa goýum maksatnamasyna laýyklykda;

2) döwletiň düýpli goýumyny göni dolandyrmaklyk;

3) salgytlaryň ulgamynyň girizilmegi, olaryň tapawutlandyrylmagy, salgyt haklarynyň we ýeňilliklerniň kesgitlenilmegi;

4) dotasiýa görnüşinde maliýe kömeginiň berilmegi, subsidiýalaryň, subwensiýalaryň, býujet karzynyň aýratyn sebitleriň we pudaklaryň, önümçiligiň ösmegi üçin berilmegi;

5) maliýe, karz, nyrh emele getirmek syýasatlarynyň geçirilmegi bilen;

1) Türkmenmillihasabatyň maglumatlary.

6) hereket edýän kanuna laýyklykda ýeri we beýleki tebigy resurslary ulanmaklygyň şertini kesgitlemek;

7) döwlet kadalarynyň we ülňüleriniň (standartlarynyň) goýulşyna gözegçilik etmeklik bilen;

8) ýekemenlige garşy çäreleriň görülmegi obýektleriň hususylaşdyrylmagy we düýpli goýum taslamalaryna ekspertizalaryň geçirilmegi.

Düýpli we maýa goýumlar işleri şu serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar:

- maýa goýujyň (inwestoryň) hut özüniň maliýe serişdeleriniň (peýda, esasy serişdeleriň könelmeginiň öwezini dolmak üçin gor, toplanan pul maýasy, döredijileriň döredişi gaznasyna goýlan maýalar, şahsy we edara görnüşli taraplaryň süýşürintgileri we beýlekileriň) hasabyna;
- maýa goýujyň karz maliýe serişdeleriniň (obligasiýa görnüşindäki karzlar, bank we býujet karzlarynyň) hasabyna;

-

3-nji tablisa.

Eýeçigiň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň maýa goýumlarynyň düzümi.
(deňeşdirmek üçin täze denomirlenen müň manatda we göterimde)1

Ýyllar	2000	2005	2006	2009
1	2	3	4	5
Düýpli maýa goýumlaryň hemmesi: müň manatda	1814400	3838000	4068000	24947000
Düýpli maýa goýumlaryň hemmesi:göterimde	100	100	100	100
Döwlet eýeçiliginde bolan kärhanalardaky we guramalardaky: müň manatda	1286200	2940940	2612220	17351546
Düýpli maýa goýumlaryň hemmesi bilen deňeşdirlende (göterimde)	70,9	76,6	64,2	69,7
Döwlet eýeçiliginde bolmadyk kärhanalardaky we guramalardaky müň manatda	412200	748260	1179020	6210558

1) Türkmenmillihasabatyň maglumatlaryna esaslanylyp düzüldi

3-nji tablisanyň dowamy

1	2	3	4	5
Düýpli maýa goýumlaryň hemmesi bilen deňeşdirlende (göterimde)	22,7%	19,5%	29,0 %	24,9 %
Özbaşdak jaý gurýanlaryňky müň manatda	116000	148800	276360	1384896
Düýpli maýa goýumlaryň hemmesi bilen deňeşdirlende (göterimde)	6,4	3,9	6,8	5,4

- maýa goýujyň çeken maliýe serişdeleriniň (paýnamalary satmakdan alnan serişdeler, şahsy we edara görnüşli taraplaryň paýlary);
- býujet serişdeleriniň hasabyna**.**

Eýeçilikleriň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň maýa goýumlarynyň düzümini üçünji tablisa esasynda häsiýetlendirip bolar.

Türkmenistan boýunça eýeçiligiň görnüşleriniň çäginde maýa goýumlarynyň ösüş depgini 2005-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2009-njy ýylda : döwlet ulgamy boýunça 5,9 esse, döwlete degişli bolmadyk pudaklarda 8,3 esse boldy. Döwlete degişli bolmadyk ulgamyň maýa goýumlarynyň ozýan ösüş depginleri daşary ýurt maýadarlaryň ýokary maýa goýum işjenligi bilen baglydyr. Öňküsi ýaly maýa goýumlarynyň ep-esli bölegi döwlet pudaklarynyň paýyna düşýär (2005-nji ýylda 76,6 göterim, 2009-njy ýylda 69,7 göterim).

2009-njy ýylda kärhanalaryň we guramalaryň öz serişdeleriniň paýy 42,7 göterimden 27,8 göterime çenli aşaklady, çekilen daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýy 9,8 göterimden 26,9 göterime çenli artdy.

Esasy gaznalary (fondlary) täzeden gurmak, durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak işlerini geçirmek üçin göbükdirilýän maýa goýumlaryň gatnaşygy **üznüksiz önümçilik düzümi diýlip atlandyrylýar.**

Ykdysady edebiýatlarda köplenç esasy gaznalaryň durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak işlerini geçirmek üçin goýulýan maýa goýumlar täze gurluşykdan netijeli diýlip hasaplanylýar. Emma käbir ýagdaýlarda esasy serişdeler örän köne bolanda, olary täzeden gurdurmak amatly bolup çykýar.

Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň ileri tutýan ugurlary häzirki zaman önümçiligini çalt depginde ösdürmek we hereket edýän kuwwatlyklary döwrebaplaşdyrmak bolup durýar. Üznüksiz önümçilik ulgamynda döwlet maýa goýumlarynyň paýy täze gurluşyklarda we hereket edýän kärhanalary tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmakdan ýokary bolmagynda galýar. Bu meýil, nebitgaz toplumynyň pudaklary üçin bolşy ýaly, durmuş –medeni ulgam üçin hem häsiýetlidir.

Maýa goýum işine çykdajylaryň görnüşleriniň gatnaşygy **maýa goýumlaryň tehnologik düzümi** diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, gurluşyk-kebşirleme işleri, enjamlary almak üçin çykdajylar, gözleg burawlaýyş we beýlekiler.

Türkmenistanyň maýa goýumynyň tehnologik düzüminde gurluşyk-gurnama işleriniň, tehnikanyň we enjamlaryň ýokary derejeliligi bilen şertlenendir. Maýa goýumlarynyň umumy möçberinde ulanyş we gözleg burawlaýşyna ulanylan işleriň paýy ýokarydyr.

1)Türkmenmillihasabatyň maglumatlaryna esaslanyp düzüldi

Esasy girdejileri köplenç enjamlar getirýär, şol sebäpli maýa goýum işiniň çykdajylarynda enjamlary satyn almak üçin çykdajylaryň gatnaşygy ösýan bolsa goýumlar netijeli (amatly) diýlip hasaplanylýar.

Maýa goýumlara häsiýetnama berlende hökmany suratda olaryň netijesine-de baha berilýar. Ykdysady edebiýatlarda maýa goýumlaryň netijesine baha berlende iki sany bir-birine meňzeş düşünje tapawutlanýar. Olar **netije we netijelilikdir**.

Netijä köplenç peýda, girdejä ýa-da durmuş netijlere düşünilýär. Emma belli bir netijeleri dürli çykdajylaryň hasabyna gazanyp bolar. Mysal üçin, 500 müň. manatlyk peýdany 1 million manatlyk maýa goýumlaryň hasabyna we 2 million manatlyk goýumlaryň hasabyna gazanyp bolýar. Bu mysalda netije bir, emma netijelilik iki.

Diýmek, **netijelilik** netijäniň harajatlaryny (çykdajylaryny, goýumlaryny) hasaba alýan düşünjedir.

Maýa goýumlaryň netijeleri we netijeliligi hasaplananda tejribede dürli usullar ulanylýar. Mysal üçin, inwestisiýalaryň özüni ödemegini hasaplamak, netijeliligiň koefisentini çykarmak we ş.m. usullar.

Maýa goýumlaryň **öz - özüni ödemegini** hasaplamak üçin goýlan goýumlar şol goýumlaryň netijesinde belli wagtda alnan peýda bilen deňeşdirilýär we näçe wagtda inwestisiýalaryň yzyna geleni hasaplanýar. Mysal üçin, inwestor 1 million manat goýum edip, şol goýumlaryň hasabyna 1 ýylyň dowamynda 500 müň manat peýda gazanan bolsa, onda inwestor öz goýumlaryny 2 ýylyň içinde ödär. Şu usuly formula görnüşinde hem görkezip bolar: Ö=M: P= 1 000000:500000=2 ýyl,

Bu ýerde:

Ö – maýa goýumlaryň ödeýiş möhleti;

M - maýa goýumlaryň möçberi;

P - maýa goýumlaryň netijesinde 1 ýylyň peýdasy.

Maýa goýumlaryň netijeliliginiň koefisentini tapmak üçin aşakdaky formula ulanylýar: K=P:M, bu ýerde K - maýa goýumlaryň netijeliliginiň koefisenti; M - maýa goýumlaryň möçberi; P - maýa goýumlaryň netijesinde 1 ýylyň peýdasy.

Ýokardaky mysalyň maglumatlaryny alamyzda şeýle netije çykaryp bolýar:

K=500000:1000000=0,5.

Diýmek, goýlan maýa goýumlaryň netijeliliginiň koefisenti 0,5 göterime barabar. Her bir goýlan manada -0,5 manat goşmaça peýda düşjegini aňladýar.

I.4. Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karz bermekliginiň ulgamynyň düşünjesi.

Düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy serişdeleri toplamaklygyň görnüşleriniň we usullarynyň jemini hem-de olaryň rejeli ulanylmagyny öz içine alýar.

Düýpli goýum döwri ykdysady edebiýatlarda serişdeleriň aýlawy boýunça hereketi hökmünde, ýagny, goýulan wagtyndan kesgitli netije bilen tä öz-özüni doly ödeýän wagty degişlidir. **Düýpli goýum işi** goýum döwürleriniň hemişelik gaýtalanyp durulmagydyr. Düýpli goýum işini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy köplenç ol ýa-da beýleki döwletiň kanunçylygy esasynda kesgitlenilýär. Türkmenistanda bu ulgam "Düýpli maýa goýum işleri" hakyndaky we 2008-nji ýylyň 3-nji martyndaky "Türkmenistanda daşary ýurt düýpli goýumlary" hakyndaky we beýleki kanunlara esaslanyp hereket edýär.

Düýpli goýum işini maliýeleşdirmegiň we karzlaşdyrmagyň esasy ýörelgeleri:

1) Düýpli goýumlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmegi;
2) Düýpli goýum maksatnamalaryň maliýe, maddy we zähmet serişdeleri bilen üpjün edilmegi;
3) Düýpli goýumlaryň obýektiw ykdysady kanunlara laýyk gelmegi;
4) Netijelilik ýörelgesi.

Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek, karzlaşdyrmak ulgamynda karz bermeklikde karzyň ýörelgelerinden ugur alynýar, şol sanda:

1) Karzyň meýil-maksatlaýyn häsiýeti;
2) Möhletlilik;
3) Yzyna gaýtarylmak;
4) Töleglilik;
5) Maddy üpjünçilik;
6) Töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek;
7) Netijelilik.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamynda esasy orun **dolandyrylyşyň usullaryna degişlidir.**

Ýurtda kabul edilen kanuna laýyklykda düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmeklik aşakdaky çeşmeleriň hasabyna üpjün edilýär:

1. Maýadaryň öz hususy maliýe serişdeleriniň we hojalykiçre ätiýaçlyklaryň hasabyna (peýda, amortizasiýa geçirimler, ýuridiki we raýatlaryň pul toplumlarynyň we goýumlarynyň tebigy betbagtçylyklara, heläkçiliklere ätiýaçlandyryş guramalarynyň töleýän öwezini dolmalardan we beýlekilerden);

2. Karz serişdeleriň (banklaryň we býujetleriň karzlary, obligasiýa zaýomlary we ş.m.).

3. Edara görnüşli taraplara, raýatlara, zähmet köpçüliginiň agzalaryna satylýan paýnamalardan, paý we gaýry töleglerden gelýän maliýe serişdeleri çekmekligiň hasabyna;

4. Kärhanalaryň, birleşikleriň kesgitlenen tertipde merkezleşdirilýän pul serişdeleriniň;

5. Döwlet ýerli býujetlerden we degişlilikde býujetden daşgaryn gaznalaryň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli goýumlar;

6. Daşary ýurt düýpli goýumlary.

Maýa goýum işini maliýeleşdirmekligiň düzüm bölegini emele getirmeklik indiki faktorlaryň täsirine baglydyr:

1. Düýpli goýum töwekgelçiliginiň görnüşine we ygtyýar berilýän derejesine;
2. Karz serişdeleriniň ulanyş derejesine we karzy ulanmaklygyň meýline.
3. Syýasy we ykdysady şertleriň ýagdaýyna.
4. Salgyt salmaklygyň derejesine.
5. Düşewüntliligiň derejesine.

Mälim bolşy ýaly, düýpli goýumyň iň amatly maliýeleşdirilmegi diýilip:

a) Mümkin bolan köp dürli tekliplerden iň gowusyny seçip saýlamak.
b) Ulgamy iň häzirki zaman, öňde baryjy ýagdaýa getirmeklik.

Düýpli goýum maliýeleşdirilende puluň hümmetsizlenmeginiň we diskontyň (puluň gymmatynyň üýtgemeginiň) hasaba alynmagy zerurdyr. Mälim bolşy ýaly, puluň hümmetsizlenmegi diýilip, ykdysadyýetde umumy (ortaça) nyrhlaryň derejesiniň ýokarlanmagyna ýa-da aýratyn resurslara (önüme, hyzmata, zähmete we ş.m.), onuň netijesinde bolsa pul aýlanşygynyň akymlarynyň artykmaç pullar bilen dolmagyna we pul belgileriniň hümmetsizlenmegine düşünilýär.

Hümmetsizlenmäniň köp düzümleýin sebäpleri we görnüşleri bolup biler. Şol sanda, teklip bilen islegiň dürli düzgünbozmalary, dolanyşykdaky pul toplumynyň köpelmeginiň hasabyna islegiň höweslendirilmegi. Bu düzgünbozmalary öz gezeginde önümçiligiň giňelmegine getirmän, nyrhlaryň ösmegine we hümmetsizlenmäniň güýçlenmegine getirýär.

Düýpli goýum düzüm böleklerinin deňeçerdälligi we tölege ukyply islegiň teklipden ýokary bolmagyna getirýär, onuň netijesinde pul aýlanşygy bozulýar, bahalar bolsa ösýär.

Bulardan başgada, hümmetsizlenmek zerarly bahalaryň ýokarlanmagy önümçilik kuwwatynyň doly ulanmazlygyna, düýpli goýum resurslarynyň ýetmezçiligine, maýa goýumy özleşdirmeginiň möhletiniň uzalmagyna getirýär.

Biziň döwletimizde önümçilige, ýaşaýş jaýlary gurmaga, syýahatçylyk zolaklary döretmäge we başga ugurlara gönükdirilen maýa goýumlar milli manadyň hümmetini ýokarlandyryp döwlete "gyzyl" pullary hem getirýärler.

I.5. Maýadarlaryň hukuklary, borçlary we gatnaşyklary.

Türkmenistanda maýadarlaryň hukuklary kanunçylyk namalaryň esasynda kesgitlenilýär. Şol kanunçylyk namalaryna laýyklykda maýadarlaryň hemmesiniň maýa goýum goýmak işinde hukuklary deňdir.

Maýadarlaryň hukuklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmedik obýektlere maýa goýumlary goýmak;
- maýa goýumlaryň möçberini we netijeliligini özbaşdak kesgitlemek;
- maýa goýumlary durmuşa geçirmek üçin zerur raýatlary we edara görnüşli taraplary şertnama esasynda çekmek;
- gazanylýan netijilere eýelik etmek, olary ulanmak, erk etmek, kanunda bellenen tertipde beýleki raýatlara we edara görnüşli taraplara satmak ýa-da bermek;
- karz bermek, kanunda bellenen tertipde gymmat bahaly kagyzlary we zaýomlary çykarmak;
- öz emlägini ulanmak (girew goýlan emläk bolmasa);
- şahsy we edara görnüşli taraplardan özüne gerek emlägi satyn almagy (eger munuň özi kanunlara ters gelmeýän bolsa);
- öz emlägini Türkmenistanyň çäginden daşary äkitmek (onuň şertleri Türkmenistanyň kanunlarynda kesgitlenilen);
- işdeşleri saýlamak, şertnama baglaşmak;
- bäsdeşlik guramak.

Maýa goýum işiň subýektleriň arasyndaky özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy hukuk resminamasy şertnamadyr (ylalaşykdyr).

Maýa goýujy Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen halatlarda we tertipde şu aşakdakylara **borçludy**r:

- maliýe guramalaryna özüniň amala aşyrýan maýa goýumlarynyň möçberi we çeşmeleri hakyndaky jarnamany tabşyrmaga;
- düýpli gurluşyk üçin degişli häkimiýet guramalaryndan we ýörite gulluklardan zerur ygtyýary hem razylygy almaga;
- ýer titremesine (seýsmiki taýdan) çydamlylygy, ýangyn, partlama howpsuzlygy baradaky kadalaryň, arassaçylyk, gigiýena, ekologiýa we şäher gurluşygy baradaky talaplaryň berjaý edilişi jähtinden inwestision taslamalar babatda döwlet barlagynyň (ekspertizasynyň) gelen netijelerini almaga;
- salgytlary öz wagtynda we doly tölemek;
-öz borçlary boýunça jogap bermek.

Maýa goýum işiň **subýektleri** şu aşakdakylara **borçludyrlar:**

- döwletiň kadalaryny (normalaryny) we ülňülerini (standartlaryny) berjaý etmäge;

- betpäl bäsdeşlik häsiýetlerine ýüz urmazlyga we monopoliýa garşy gönükdirilen talaplary ýerine ýetirmäge;

- döwlet guramalarynyň we wezipeli işgärleriň öz ygtyýarlarynyň çäklerinde bildirýän talaplaryny ýerine ýetirmäge;

- bellenilen tertipde maliýe, buhgalterlik , statistiki we kanuna laýyklykda başga hasabatlary tabşyrmaga.

Häzirki döwürde maýa goýum işiň subýektleri eýeçilik we guramaçylyk düzümininň görnüşine garamazdan maliýe hasabatlary düzmelidirler. Olar maliýe hasabatlaryny şu aşakdakylara berýärler:

- Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna;

- döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna;

- döredijilere, gatnaşyjylara ýa-da döredişresminamalaryna laýyklykda emläk eýelerine;

- hyzmat ediji banklara;

- etraplaryň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheri boýunça) maliýe bölümlerine.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalary maliýe hasabatlaryny, ýokarda agzalan edaralardan başga-da daşary ykdysady işleri düzgünleşdirýän döwlet edaralaryna-da berýärler.

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryna, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, beýleki peýdalanyjylara maliýe hasabaty **Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenilýän tertipde berilýär.**

Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 2009-nji ýylyň fewral aýynyň 23-ne DT/04 belgili buýrugy bilen düzgünnamalaşdyrylyp tassyklanyldy. Şol düzgünnamada maliýe hasabatlary tabşyrmagyň möhletleri kesgitlenildi. Olar bilen şu aşakdaky birinji görkezijiň kömegi bilen tanşyp bilersiňiz:

1-nji görkeziji

Türkmenistanda maliýe hasabatlarynyň berilmeli möhletleri:

Kärhanalaryň, guramalaryň We edaralaryň görnüşleri	**Çärýeklik,** hasabat döwründen soňky aýyň	**Ýyllyk,**hasabat ýylyndan soňky ýylyň
Kärhanalar (daşary ýurt maýa goýumly kärhanalardan başgasy)	20-sinden Gijä galman	Fewral aýynyň 1-nden gijä galman
Önümçilik birleşikleri, birleşikler	25-nden gijä galman	Mart aýynyň 1-nden gijä galman
Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar	25-nden gijä galman	Mart aýynyň 15-nden gijä galman
Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, olara garaşly kärhanalar we edaralar boýunça jemleýji hasabatlary	Hasabat döwri geçenden soň 35 günden gijä galman	Mart aýynyň 25-nden gijä galman

Maýa goýum işiň **subýektleri** maliýe hasabaty salgyt gullugyna öz möhletinde tabşyrylmasa, salgyt gulluklary häzirki döwürde kärhananyň ýolbaşçysyndan we onuň baş hasapçysyndan salgytlyry hasaplamak üçin döwlet tarapyndan kesgitlenilen iň pes zähmet hakynyň binýadynyň 2 essesini administratiw jerime hökmünde olaryň şahsy pul serişdelerinden almaga haklydyrlar. Kärhana garşy başga ýokarda görkezilen çäreler hem geçirilip bilner.

Maýa goýum işiň **subýektleriň** (kärhananyň) ýyllyk we çäryýeklik maliýe hasabatynyň düzümine şular giryär, ýagny:

- № 1- maliýe görnüş "Kärhananyň balansy";
- № 2- maliýe görnüş "Maliýe netijeler we olaryň ulanylşy baradaky hasabat",
-№ 4-maliýe görnüş "Pul serişdeleriň hereketi barada hasabat";
- № 5- maliýe görnüş "Kärhananyň balansyna goşundy";
- Maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy;
-Auditorlyk netije- hökmany auditorlyk barlagyna degişli bolan kärhanalar (guramalar) üçin ýyllyk maliýe hasabatynyň düzüminde berilýär;
- Bergidarlar we algydarlar barada maglumat;
- Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň tassyklan N5-H “Kärhananyň önüm (iş, hyzmat) öndürmeklige eden harajatlary barada hasabaty” görnüşi;
- emläge, peýdadan, goşulan baha üçin alynýan salgytlaryň beýannamalary;
- Aşgabat şäherini ösdürmek üçin döwlet goruna bolan töleglerin, abadanlaşdyryş işleriniň toplumyna geçirilýän tutumlaryň, oba hojalygyny ösdürmek üçin tutulýan ýygymlaryň hasaplary;
- ulanan ýeňilliklerinin hasaby.

Bulardan başga-da, döwlet eýeçiligindäki kärhanalar we guramalar: pudagiçire algy-bergiler we özara algy-bergileriň hasaplaşygynyň geçirilişi barada maglumatlary goşýarlar;

Tabşyrylýan resminamalaryň nusgalaryny şu kitabyň goşulmalaryndan görüp bolar.

I.6. Maýa goýum işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi we dolandyrylmagy. Maýa goýum işini düzgünleşdirmek barada banklaryň usullary.

Türkmenistanda maýa goýum işleri ýokarda agzalan kanunlara laýyklykda düzgünleşdirilýär. Maýa goýum işlerini düzgünleşdirýän we dolandyrýan guramalary (edaralary)hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

- Türkmenistanyň Ministrler kabineti;
- Türkmenistanyň gurluşyk ministrligi;
- Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi;
- Türkmenistanyň Maliýe ministriligi;
- Türkmenistanyň Baş Döwlet salgyt gullugy;
- banklar;
- başga guramalar.

Düýpli goýumlaryň esasy obýektlerine döwlet ekspertizasy geçirilýär, geçmedik ýagdaýynda düýpli goýum taslamalary maliýeleşdirilmeýär.

Türkmenistanda maýa goýum işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmekde ýokarda görkezilen guramalaryň her haýsynyň öz wezipeleri we borçlary bar. Türkmenistanyň Ministrler kabineti Döwletiň ykdysady strategiýasyna, Milli maksatnamasyna laýýyklykda maýa goýumlar barada teklipleri döwlet ekspertizasyndan geçirýär. Hödürlenýän taslamalara degişli düzedişleri girizmäge Türkmenistanyň Prezidenti ýa-da Ministrler kabineti görkezme berýär. Ekspertizanyň oňaýly netijesine görä Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany çykýar. Şol Permanyna laýyklykda kontraktlary (şertnmalary) baglaşmaga degişli ministriliklere ygtyýar berilýär.

Türkmenistanyň gurluşyk ministriligi baglaşylan kontraktlara laýyklykda ýörite Düzgünama laýyklykda degişli potrat edaralara gurluşyk işleri amala aşyrmaga ygtyýarnamalary berýär we gurluşyklaryň meýilnamalara laýyklykda amala aşyrylmagyna gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministriligi öňki Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministriligiň esasynda döredildi. Ol döwletiň ykdysadyýet we ösüş meýilnamasyny düzýär we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Döwletiň maýa goýumlar meýilnamasy bolsa ykdysadyýet we ösüş meýilnamasynyň esasy bölegi bolup durýar.

Türkmenistanyň maliýe ministriligi hem öňki Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministriligiň esasynda döredildi. Şol sebäpli ol öňki ministriligiň belli wezipelerini özüne aldy. Ministrligiň wezipeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda çykaran 10798-nji karary bilen tassyklandy. Karara laýýklykda ministrlige aşakdaky wezipeler ýüklenen. Şolaryň içinde:

- döwletiň maliýe işini guramak we dolandyrmak;
- maliýe, býujet, salgyt syýasaty, maliýe bazarlary ösdürmek, ätiýäçlandyryş we auditorlyk işleri, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirmegine garşy hereket etmek boýunça iş babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny işläp taýarlamak we durmuşa geçirmek;
- Türkmenistanyň býujet ulgamyny kämilişdirmek;
- döwletiň, ministrilikleriň we pudak edaralarynyň maliýe ýagdaýyny seljermek;
- buhgalterlik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlarynyň usulyýetini üpjün etmek;
- Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasyny işläp taýýarlamak we onuň netijeli hem-de wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmek;
- döwletiň içerki bergisini dolandyrmak, oňa wagtynda hyzmat we gözegçilik etmek;
- Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdelerini netijeli dolandyrmak;
- býujet serişdeleriniň peýdalanylyşyna, döwlet kärhanalarynda, edaralarynda we guramalarynda maliýe serişdeleriniň hem-de haryt-maddy gymmatlyklaryň abat saklanylyşyna, buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlaryny ýöretmek baradaky kadalaryň berjaý edilişine, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda döwletiň maliýe-ykdysady bähbitleriniň üpjün edilişine döwlet maliýe gözegçiligini amala aşyrmak.

Ýokarda görkezilen wezipeleri amala aşyrmakda maýa goýumlary maliýeleşdirmek hem uly orun tutýar. Şol işleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň maliýe ministriliginiň düzüminde „Gurluşygy we ýaşaýyş jaý–jemagat hojalygyny maliýeleşdiriş „müdirliligi döredildi. Müdirliligiň esasy wezipeleriniň biri döwletiň hasabyna gurulýan we abadanlaşdyrylýan (abatlaýyş işleri geçirilýän) obýektleri maliýeleşdirmek we olara gözegçilik etmek.

Türkmenistanyň döwlet salgyt gulluklarynyň maýa goýumlar işinde orny şu kitabyň geljekki sahypalarynda giňeşleýin berilýär.

Kanunçylykda başgaça göz öňüne tutulmadyk bolsa, maýadary ýa-da edara görnüşli tarapy döwlet belligine goýdurmak üçin Bellige alyş gullugyna şu aşakdaky resminamalar tabşyrylmalydyr:

- arza;
- esaslandyryjynyň resminamalary (esasnama, esaslandyryjylaryň şertnamasy, kärhananyň hukuk belgisi hakynda güwänama we gaýry resminamalar);
- Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberde kärhananyň döwlet belligi üçin alnan ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama.

Maýadary ýa-da edara görnüşli tarapy döwlet belligine almak hakyndaky arzada şular bellenilýär:

- ady we hukuk salgysy;
- esaslyk maýasynyň möçberi;
- esaslandyryjylaryň sanawy;
- edara görnüşli tarap bolan esaslandyryjylar öz adyny, hukuk salgysyny, oňa hyzmat edýän bankyň maglumatlaryny görkezmelidir;
- şahsy tarap bolan esaslandyryjylar öz adyny, ýaşaýan ýerini we şahsy resminamalaryny görkezmelilir.

Maýadaryň ýa-da edara görnüşli tarapyň hukuk salgysy barada meselesi ýerleşjek bolýan etrabyň häkimliginde çözülýär.

Arzanyň ýanyna şular goşulmalydyr:

- pul görnüşli däl goýumy bolan kärhana döredilende goýumyň bahasy hakyndaky resminama;
- kärhana döwlet belligine alynmazdan öň esaslyk maýasynyň 50 göterimini töländigini tassyklaýan resminama.

Türkmenistanyň ähli **maýadarlar ýa-da edara görnüşli tarap**lary olary bellige alyş gullugy tarapyndan tassyklanylan **esasnama (ustaw) ýa-da düzgünnama** laýyklykda hereket etmelidir. **Esasnama ýa-da düzgünnama maýadaryň ýa-da edara görnüşli tarapy**ň pasporty hökmünde çykyş edýär. Gurluşyk potrat guramanyň esasnamasynyň şertli nusgasy şu kitabyň 1-nji goşulmasynda görkezilen. Esasnamada aşakdaky maglumatlar we düzgünler görkezilýar:

- **edara görnüşli tarapy** (kärhanany) döredijileriň sanawy hem olar barada, esaslyk maýasynyň (ustaw hazynasynyň) möçberi, esaslandyryjylaryň paýlary hakynda maglumatlar;
- kärhananyň hukuk salgysy, işiniň maksatlary we görnüşleri , hukuklary we borçlary barada maglumatlar;
- gaznalaryň döremeginiň tertibi we girdejileriň paýlanyşy;
- kärhananyň dolandyrylyşy we zähmet gatnaşyklarynyň esaslary;
- işi üýtgedip guramagyň we bes etmegiň şertleri;
- hasap we hasabatlylygyň ,Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki düzgünleri.

Esaslandyryjyň şertnamçasynyň şertli mysalyny şu kitabyň 2-nji goşulmasyndan görüp bolar. Resminamada kärhananyň esaslyk maýasyna goýuljak goýumlar barada maglumatlar berilýär. Esaslandyryjy bir tarap bolanda, ýagny hususy kärhana döredilende, esaslandyryş şertnamasy Bellige alyş gullugy tarapyndan talap edilmelidäldir.

Esaslandyryjylaryň **emläk goýumy hökmünde** diňe esaslandyryjynyň eýeçiligi bolan pul serişdeleri (manatlar ýa-da daşary ýurt walýutasy), gymmatly kagyzlar, beýleki zatlar, emläk hukuklary ýa-da pul gymmatlygy bolan beýleki hukuklar **bolup bilerler**. **Şahsy emläk däl hukuklar we maddy däl eşretler** görnüşinde **goýum goýulmagyna ýol berilmeýär**.

Edara görnüşli tarapyň **(kärhananyň) esaslyk maýasyna goýuljak emläk goýumynyň bahasy esaslandyryjylaryň şertnamasy baglaşylmanka ylalaşylmalydyr**. Eger emläk zaýalansa (hatardan çyksa) we şertnamada başga şert goýulmadyk bolsa onuň öwezini gaýtarmak goýum goýuja ýüklenilýär.

Umumy ýygnagyň razylygy bolmazdan, emlägiň möhletinden öň alynmagyna **ýol berilmeýär**, ony peýdalanmak hukugy kärhananyň esaslyk maýasyna goýum bolup hyzmat edýär.

Edara görnüşli tarapyň **(kärhananyň) esaslyk maýasynyň döredilmegi barada giňeşleýin maglumatlar şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda berilen.**

"Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda **edara görnüşli tarapy (kärhanany) döwlet bellegine almakdan ýüz öwürmäge şu halatlarda ýol berilýär:**

- esaslandyryş resminamalary görkezilen kanuna laýyk gelmese , ýagny kärhanany döretmegiň tertibi bozulsa;
- ýokarda görkezilen resminamalaryň haýsydyr biriniň esaslandyryjylar tarapyndan berilmese;
- kärhananyň işleriniň ähli görnüşleri döwletde hereket edýän kanunlarda gadagan edilende .

Kärhanany bellige almakdan ýüz öwürmäge başga esas bolmasa ýol berilmeýär. Kärhanany bellige almakdan ýüz öwrülen halatynda bellige alyjy **ýüz öwrülmeginiň sebäplerini ýazmaça görnüşde düşündirip, edaranyň bellige almaga hödürlän resminamalaryny arzaça gaýtaryp berilmelidir**.

Kärhananyň esaslandyryjylary tarapyndan ähli zerur resminamalary Bellige alyş gullugyna tabşyrylandan soň kärhanany döwlet **belligine almak ýa-da almakdan ýüz öwürmek** hakynda karar kanuna laýyklykda **iki hepdäniň** içinde çykarylmalydyr.

Kärhanany bellige almakdan ýüz öwrülendigi, ony bellige almak üçin bellenilen möhletiň berjaý edilmändigi bilen bagly meseleler **kazyýet arkaly çözülýär.**

Döwlet belligine alnan maýadara, edara görnüşli tarapyň **esaslandyryjylaryna şu kitabyň 3-nji we 4-nji goşulmalarynda görkezilen resminamalar berilýär. Ýagny olara döwlet tarapyndan hasaba almak hem-de döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnama we Türkmenistanyň Edaralaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme gowşurylýär.**

Görkezilen şahadatnama ýitirilen halatynda edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ýazmaça arzasy esasynda Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy **bäş senenama (kalendar) günüň dowamynda** döwlet belligine alnyşy hakyndaky **şahadatnamanyň ikinji nusgalygyny bermegi amala aşyrýar.**

Guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan edara görnüşli taraplar hereket eder ýaly, öz esaslyk maýasyny döretmelidirler.

„Kärhanalar hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda döwlet kärhanasynyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýokarda agzalan kanuna laýyklykda **ýekebara kärhanany döreden maýadar** bir ýylyň dowamynda **iň azyndan** döwlet tarapyndan salgytlary hasaplamak üçin kesgitlenen binýadynyň **25** essesini döreýiş gaznasyna goýum etmelidirler. Häzirki döwürde bolsa ol şeýle hasaplanylýar 25x50=1250 manat.

Hyzmatdaşlyk (kooperatiw) kärhanasynyň döreýiş hazynasynyň **iň pes möçberi** Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden **50** esse köp möçberde bolmalydyr.

Jemgyýetçilik guramalaryň olary döreden guramanyň esaslyk maýasyna goýan goýumlary Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden **100** essesinden köp möçberde bolmalydyr.

Hojalyk şereketi hökmünde hereket edýän kärhanalaryň döredijileri bir ýylyň dowamynda jemgyýetçilik guramasynyň döreijileri ýaly, hem esaslyk maýasyna **iň pesinden** Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden **100** esse artyk möçberinde goýum etmelidirler. Häzirki döwürde onuň möçberi 5000 manatdan artyk bolmalydyr.

Kärhananyň esaslyk gaznasyny esaslandyryjylar tarapyndan pul serişdeleri, şeýle hem emläg (jaýlary, desgalary, maşynlary, enjamlary, materiallary we ş.m.), pul bahasy bolan emläk we beýleki hukuklary goýmak ýoly bilen ony esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) goýumlarynyň jeminden emele gelýär.

Eger esaslandyryş şertnamasy tarapyndan başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, her bir gatnaşyjynyň döreýiş hazynasynyň umumy jemine bolan goýum gatnaşygy gatnaşyjynyň döreýiş hazynasyndaky paýy bolup durýar. Şeýle paý bütiniň bir bölegi görnüşinde ýa-da göterimlerde aňladylyp bilner.

Esaslandyryjylaryň kärhananyň esaslyk maýasynyň möçberi, eger „Kärhanalar hakynda“ kanun tarapyndan başgaça bellenilmedik bolsa, esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) arasyndaky ylalaşyk boýunça tasyklanylýar.

Degişli guramaçylyk-hukuk görnüşlerindäki kärhanalaryň esaslyk maýasynyň möçberi ýokarda bellenilen pes möçberlerden az bolup bilmez.

Iş hakyny, baýraklary we beýleki tölegleri tölemegi peýdalanmak ýoly bilen esaslyk **maýasynyň möçberini azaltmaga kärhananyň hukugy ýokdur**. Kärhananyň esaslyk maýasynyň möçberi diňe „Kärhanalar hakynda“ **Türkmenistanyň kanuny tarypyndan bellenilen halatlarda azaldylyp bilner.**

Esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) kärhanany döwlet belligini almankalar esaslyk maýasynyň 50 göterimini bankda wagtlaýyn hasaby açyp goýmalydyrlar. Kärhana hasaplaşyk hasabyny açandan soň şol pul serişdeler kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýar.

Pul ýa-da emläk goýumynyň ikinji bölegi edara görnüşli tarap bellige alnandan soň bir ýylyň dowamynda goýulýar.

Esaslyk maýasy „Kärhanalar hakynda“ kanun tarapyndan kesgitlenilen möhletlerde doly tölenilmedik halatynda edara görnüşli tarap özüniň esaslyk maýasynyň azalýanlygyny yglan etmelidir we bu ahwalaty bellenilen tertipde bellige almalydyr ýa-da öz işinin ýatyrylmagy arkaly besetmelidir.

Eger esaslandyryjy (gatnaşyjy) kärhananyň esaslyk maýasyna bellenilen möhletde we şertlenilen möçberde goýumy (paýy) goşmasa, onda oňa goýumyň ýetmeýän bölegini goşmagyň täze möhletini görkezmek bilen duýduryş iberilýär. Goýumyň galan bölegini goşmak üçin **goşmaça möhlet üç aýdan köp bolmaly däldir.**

Eger goýumyň (paýyň) ýetmeýän böleginin goşmak baradaky borçnama berlen goşmaça möhletde hem ýerine ýetirilmese, onda ol gatnaşyjylaryň düzüminden çykarylýar we oňa bu barada habar berilýär. Şol sebäpli çykarylan gatnaşyjy goýumyny (paýyny) tölemän, **kärhana ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekýär.**

Kärhananyň galan gatnaşyjylary çykarylan gatnaşyjynyň goýumyny (paýyny) esaslyk maýasyna özleriniň goýumlarynyň ululygyna ölçegdeş doly möçberde töläp (goýup) hem bilerler. Şeýlelikde, olaryň goýumlary (paýlary) tölenen (goýlan) pullaryň hasabyna artýar.

Esaslyk maýasyndan çykarylan goýum (paý) ýa-da ol galan gatnaşyjylar tarapyndan tölenilen (goşulan) halatynda çykarylan gatnaşyjynyň esaslyk maýasyndan diňe öz goşan (tölän) goýum (paý) bölegini yzyna gaýtaryp almaga bolan hukugy bardyr.

Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak hakyndaky karar kärhananyň esasnamasyna üýtgemeler girizmek bilen gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy tarapyndan kabul edilýär. Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak onuň doly töleginden soň ýol berilýär.

Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak şu aşakdaky ýollar arkaly amala aşyrylyp bilner:

- kärhananyň ähli gatnaşyjylary tarapyndan geçirilýän goşmaça tölegdeş goýumlar bilen;
- esaslyk maýasynyň möçberini kärhananyň hususy maýasynyň hasabyna, şol sanda ätiýaçlyk maýasynyň hasabyna artdyrmak bilen;
.- kärhananyň esaslyk maýasyna täzeden nyrh kesmek bilen, olaryň hakyky bahasy olaryň balans bahasyndan ýokary geçýär. Täzeden nyrh kesmek işi diňe garaşsyz bilermenler tarapyndan geçirilip bilner;
- bir ýa-da birnäçe gatnaşyjylar tarapyndan däl-de, muňa galan ähli gatnaşyjylaryň razylygy bilen, goşmaça goýumlaryň goýulmagy bilen;
- kärhananyň düzümine täze gatnaşyjylary kabul etmek bilen.

Kärhananyň esaslyk maýasynyň azaldylmagy kärhana gatnaşyjylaryň ählisiniň goýumlarynyň möçberini ölçegdeş azaltmak ýoly bilen ýa-da aýry-aýry gatnaşyjylaryň paýlaryny doly ýa-da **bölekleýin üzlüşmek arkaly amala aşyryp bolar.**

Munuň üçin gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy kärhananyň esasnamasyna üýtgemeler girizmek hakyndaky karary kabul edýär. Kärhana esaslyk maýasyny azaltmak bilen baglanyşykly hasaplaşyklary diňe kärhanany kanuna laýyklykda gaýtadan bellige almagy geçireninden soň haklydyr.

Eger kärhananyň nobatdaky maliýe ýylynda eden jemleri boýunça onuň sap aktiwleriniň bahasy esaslyk maýanyňkydan az bolsa, onuň işiniň birinji ýyly muňa girmeýär, onda kärhana ony gysgaltmaga we esaslyk maýasyny bellenilen tertipde bellige almaga borçludyr. Eger sap aktiwleriň bahasy esaslyk maýasynyň iň pes möçberinden aşak düşse, onda kärhana **ýatyrylmaga degişlidir.**

Esaslyk maýasy gatnaşyjynyň paýyny üzlüşmek ýoly bilen azaldylanda galan gatnaşyjylaryň paýlary ölçegdeş üýtgeýär.

Kärhananyň esaslyk maýasynyň azaldylmagyna onuň **ähli algydarlaryna habar berlenden soň ýol berilýär**. Algydarlar kärhananyň borçnamalaryny möhletinden öň ýerine ýetirmegi ýa-da bes etmegi hem-de özlerine ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmagy talap etmäge haklydyrlar.

Kärhanalaryň dolandyryjy edaralary esaslyk maýasyny azaltmak hakyndaky karary çap etmäge borçludyrlar, kärhananyň gös -göni algydarlaryna bolsa, bu hakda karar çykarylandan soň, .**15 günüň dowamynda ýazmaça mälim edilmelidir.** Bildirişde esaslyk maýasynyň azaldylmagyna närazy algydarlar bilen boýun alnan borçnamalar esasynda üpjün etmäge ýa-da üzlüşmäge taýýardyklary hakynda habar bolmalydyr.

Eger bildiriş çap edilenden ýa-da her birine aýratyn habar edilen gününden soň **30 güne çenli möhletde** olar özleriniň närazylygy barada ýazmaça arz etmeseler, onda esaslyk maýasynyň azaldylmagy boýunça **algydarlaryň razylygy alandygy hasap edilýär.**

Döwlet kärhanasynyň esaslyk maýasy „Türkmenistanyň buhgalterlik hasabaty hakynda“ kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda azaldylyp bilner.

Goýumyň yzyna gaýtarylmagy esaslyk maýasynyň azaldylmagy bellige alnandan soň, **12 (on iki) aýyň geçmegi bilen hem bolup biler.** Gatnaşyja goýumynyň gaýtarylyp berilmeginiň hasabyna kärhananyň esaslyk maýasynyň azalan soňky möçberi „Kärhanalar hakynda“ kanun tarapyndan bellenilen iň pes möçberinden az bolup bilmez.

Daşary ýurtlar bilen iş salyşýan kärhanalar, aýratyn hem daşary ýurtlaryň raýalarynyň hasabyna gurlan kärhanalar Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriliginiň „Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi“tarapyndan hökmany suratda hasaba alynmalydyrlar.

Esaslyk maýa goýumlarynyň goýluşy wagtal-wagtal täzeden barlanylýar. Maýa goýumlarynyň goýluşy kärhananyň esaslyk resminamalarynda görkezilen möçberlerinden pes derejede goýulsa, **onda şol kärhana döwlet belliginden aýrylyp bilner.**

Kärhananyň esaslyk maýasyna goýumlaryň hakykatdan hem goýulmagy we olaryň hasaba alynyşy auditor gulluklary tarapyndan barlanýar. Barlagyň netijeleri auditorçylyk işiniň netijesinde görkezilip, Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministriliginiň edara görnüşli taraplary we inwestision taslamalary döwlet hasabyna alyş müdirýetine tabşyrylýar.

Kärhanalaryň esaslyk maýasyna goýulmaly goýumlaryň möçberi ýokarda agzalan döwlet gullugy -müdiriýeti taraplaryndan kesgitlenilýär.

Maýadaryň (esaslandyryjyň) döreden edara görnüşli tarapy (kärhanasy) döwlet belligini alanda buhgalterlik hasabynda esaslandyryş resminamalarda **meýilnamalaşdyrylan esaslyk maýasynyň möçberinde** ilkinji buhgalterlik ýazgysy edilýär, ýagny giriş balansy düzülýär:

Debet 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“ Kredit 85 „Esaslyk maýasy“

Esaslyk maýasyna goýumlar goýlanda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“

Debet 01 „Esasy serişdeler“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“

Debet 50 „Kassa“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“.

Meýilnamalaşdyrylan **esaslyk maýasynyň möçberinde** maýalar goýulandan soň 75-nji balans hasaby ýapylmaly, ýagny edara görnüşi tarapyň (kärhananyň) esaslandyryjylardan algysy ýapylýar (üzülýär).

Kärhana kanun boýunça ýapylýança ýa-da Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriliginiň „Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi“ tarapyndan onuň esaslyk maýasy üýtgedilmese kärhananyň görkezilen maýasy durnukly bolmalydyr.

Maýadar ýa-da **edara görnüşli tarap** (kärhana) d**öwlet bellegine alnandan soň y**gtyýarnamalar talap edilýän işlere ygtyýarnamalary almalydyr. Ygtyýarnamalary almaly işiň görnüşleriniň sanawy bilen şu kitabyň 6-njy goşulmasyny görüp tanyşyp bolar. Biziň döwletimizde ygtyýarnamalar 2008-nji ýylyň iýul aýynda kabul edilen "Işleriň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakyndaky" kanuny we oňa 2010-njy ýylyň 22-nji maýynda girizilen goşmaçalar esasynda talap edilýär.

"Ygtyýarnamalary berýän ministrilikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 karary bilen tassyklanyldy.

Kanun boýunça ygtyýarnamalary kärhana döwlet belligini alýança talap etmäge ýol berilenok. Döwlet belligine alnan , ygtyýarnamasyz hereket edýän kärhananyň , şeýle işi amala aşyrmakdan **alnan girdejisi (peýdasy) möçberinde** barlag esasynda ýüze çykarylsa, Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine almak görnüşinde **maliýe jerimesi ulanylýar**. Jerimäniň möçberi şeýle girdejiniň (peýdanyň) möçberinden **tölenen salgytlaryň möçberine azalýar**.

Eger geçirilýän barlaglaryň barşynda girdejileriň (peýdanyň) ýa-da oňa degişli çykdajylaryň hasaba alynmandygy ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi ýüze çykarylsa, onda ygtyýarlandyryjy edara (beýleki gözegçilik edarasy) özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda, degişli ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, 25 göterim möçberinde düşewüntliligi (haryt dolanyşygynyň 8 göterimi-söwda işler üçin) ulanyp, girgejiniň (peýdanyň) çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellenmäge haklydyr.

Ygtyýarnamasyz hereket edýanlere garşy, şol sanda döwletiň belligine alynmadyk taraplara garşy, Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda görkezilen başga çäreler hem görülip bilner.

Maýadar, edara görnüşli tarap diňe esasnamada (düzgünnamada) görkezilen işleri amala aşyrmaga haklydyrlar. Egerde olar başga işleri, goşmaça hyzmatlary amala aşyrjak bolsa, onda olar esasnamasyna (düzgünnamasyna) degişli üýtgemeleri girizip olary Bellige alyş gullukda tassyklatmalydyr.

Maýadaryň, edara görnüşli tarapyň esaslandyryş resminamalaryna üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilende kärhana Türkmenistanyň Bellige alyş gullugyna **bir hepdäniň dowamynda bu barada habar bermäge borçludyr.**

Maýadaryň, edara görnüşli tarapyň adynyň üýtgedilip guralmagy, onuň eýesiniň ýa-da hukuk salgysynyň çalyşmagy, esaslandyryjylaryň düzüminiň, esaslyk maýasynyň möçberi ýa-da kärhananyň işiniň görnüşleri, guramaçylyk-hukuk şekiliniň täzeden üýtgedilmegi, onuň şahamça ýa-da wekillik döretmegi göz öňünde tutýan esaslandyryş resminamalaryndaky üýtgeşmeler **maýadaryň, edara görnüşli tarapyň** diňe gaýtadan bellige alynmagy geçirilen pursatyndan güýje giryär.

Maýadary, edara görnüşli tarapy gaýtadan bellige almaklyk Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy tarapyndan **kärhanany bellige almak üçin göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde amala aşyrylýar**.

Edara görnüşli tarapy ýatyrmak önümçilik bilen baglanyşykly batyp galmak hakyndaky işler tamamlananda, şeýle hem ol ýalňyş bellige alnanda ýa-da onuň döredilmegi **kazyýet tarapyndan** hakyky däl diýlip ykrar edilende döwlet belligini geçiren edaranyň **şol edara görnüşli tarapy**ň **bellige alnyşyny ýatyrmaga hukugy bardyr.**

Kärhananyň bellige alnyşyny ýatyrmak edara görnüşli taraplar boýunça **onuň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylmagyna eltýär.**

Kärhananyň şahamçalary, wekillikleri kärhanalary bellige almak üçin bellenilen tertipde döwlet belligine alynmaga degişlidir we edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyna goşulýar.

Şahamçalary we wekilligi bellige almak üçin şu resminamalar hödürlenilýär:

- şahamçany ýa-da wekilligi döretmek we onuň işini alyp barmak üçin tabşyrylan adamy bellemek hakynda kärhananyň ýolbaşçy edarasynyň kararlary;
- şahamçanyň ýa-da wekilligiň işiniň özeni hakynda maglumat;
- şahamçany ýa-da wekilligi döredýän kärhananyň esasnamasynyň göçürmesi we bellige alnandygy hakynda şahadatnamasy.

Şahamçanyň ýa-da wekilligiň döredilendigi hakynda olary **döredýän kärhananyň ýerleşýän ýeri boýunça Bellige alyş gulluga habar berilýär.**

Türkmenistanyň kanunlary boýunça kärhanalaryň we şol kärhanany döwlet bellegine aldyran maýadarlaryň şu **hukuklary** bardyr:

- kanunçylyk tarapyndan gadagan edilmedik işiň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini amala aşyrmaga ;
- ygtyýarynda bar bolan emlägi bilen **öz islegi boýunça peýdalanmaga**, (egerde hereket edýän kanunçylygynda başga şertler göz öňünde tutulmadyk bolsa);
- pul serişdelerini saklamagyň, hasaplaşygyň, karz almagyň we kassa hereketleriniň ähli görnüşlerini amala aşyrmak üçin döwletiň banklaryň birinde **özüniň hasaplaşyk, walýuta we beýleki hasaplary açmaga.** Kärhanalaryň döwleti**ň çäklerinden daşardaky banklarda öz hasabyny** açmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär**;**

-daşary ykdysady işini, başga döwletleriň kärhanalary bilen hasaplaşyklary amala aşyrmaga. Şu işleri amala aşyrmak üçin kärhanalar (Türkmenistana dahylly hususy eýeçilikdäki mikro, kiçi we orta kärhanalardan başgalar) kitabyň 5-nji goşulmasynda görkezilen Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklara gatnaşyjysynyň şahadatnamasyny almalydyr ;

- öz önümlerini, işlerini, hyzmatlaryny, önümçilik galyndylaryny **özbaşdak bellän nyrhlary we tarifleri boýunça ýa-da şertnamalaýyn** esasda, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa **döwlet nyrhlary boýunça ýerleşdirdirmäge;**

- bellenilen salgytlary we beýleki hökmany tölegleri býujete töläp, öz girdejilerine ygtyýarlyk etmäge .

- kanunda **gadagan edilmedik girdejilerden we beýleki çeşmelerden emläkleri edinmek;**

- bellenilen tertipde ätiýäçlyk we beýleki hazynalaryny döretmek;

- kanunlarda göz öňünde tutulan başga hukuklary.

Türkmenistanyň kanunlary boýunça kärhanalar şulara **borçlydyrlar**:

- hasaby, hasaplaşyklary we maliýe we statistiki hasabatlary döwletiň **kanunlarynda bellenilen tertipde we ölçeglerde alyp barmaga we degişli döwlet we başga guramalaryna tabşyrmaga;**

- karz şertnamalary we hasaplaşyklar baradaky düzgünlerini **berjaý etmäge;**

- nagt pul , **nagt pulsuz edilýän** hasaplaşyklary, karz we kassa hereketleri **Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanylan tertibine laýyklykda geçirmäge;**

- diňe ýörite rugsat (ygtyýarnama) esasynda amala aşyrylýan işleriniň aýratyn görnüşlerine ygtyýarnamalary almaga;

.- kanunlara laýyklykda **salgytlary we beýleki hökmany tölegleri tölemäge**.

-özi öndürýän önümleriniň, **ýerine ýetirýän işleriniň, hyzmatlarynyň hiline jogap bermäge, döwletiň ülňilerini (standartlaryny) berjaý etmäge;**

- "Zähmet hakynda" Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen kadalary we **şertleri berjaý etmäge. Ýagny işgärlere zähmete hak tölemegiň Türkmenistanda bellenilen iň pes möçberini, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini we olary durmuş taýdan goramagyň çäklerini üpjün etmäge;**

- işgäriň saglygyna ýetirilen zyýan üçin kanunlarda göz öňüne tutulan **jogapkärçiligi çekmäge;**

- kärhanalaryň işine gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi ýüklenilen **salgyt, tebigaty goraýyş we beýleki edaralara öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň işini barlamak üçin şertleri döretmek.**

- kanunlarda göz öňünde tutulan başga borçlary berjaý etmäge.

Kärhananyň ýolbaşçylary öz borçlaryny we hukuklaryny gowy bilmelidirler. Borçlary gyşarnyksyz berjaý edip, hukuklaryny bolsa öz wagtynda ulanmagy we talap etmäni başarmalydyrlar.

"Kärhanalar hakynda" kanun, başga kanunlar bilen bilelikde ýolbaşçylaryň öz ýanynlarynda mydama bolmalydyr. Kanunlara esaslanyp hereket edýän ýolbaşçylaryň işleri köplenç rowaç bolýar we üstünliklere getirýär.

Dünýä tejribesinde kärhanany açmagyň, ygtyýarnamalary, sertifikatlary, şahadatnamalary almagyň tertibi ýyl ýyldan aňsatlaşýär. Onuň hem sebäbi bar. Kärhanalaryň sany köpelse döwletiň (ýerli býujetleriň) girdejileri , iş ýerleri köpelýär. Käbir döwletlerde (Orsýetde, Ýewropa bileleşigine giryän döwletlerde) kärhanany döwlet bellegine goýdurmak üçin bir edaranyň bir otagyna ýüz tutmak ýeterlik. Başga edaralar (statistiki, salgyt , ygtyýarnamalaşdyrýän gulluklary, bank we ş.m.) bilen ýüze çykýan meseleleri, şol edara internet ýa-da göni aragatnaşyk ulgamyň kömegi bilen özi çözýär. Göni aragatnaşyk ulgamynyň kömegi bilen döwlete , kärhananyň esaslyk maýasyna, ygtyýarnamalar, sertifikatlar, şahadatnamalar we başga tölegler üçin pul serişdeleri şol ýerden göni geçirilýär.

Orsýetde häzirki döwürde telekeçiligi goldamak we raýatlaryň meselelerini çalt çözmek üçin "elektron hökümet" ulgamy hem döredilýär. Şol ulgamyň kömegi bilen döwlet gulluklary bilen aragatnaşygy saklamaklyk göz öňüne tutulýar. Ol bolsa köp meseleleri çözmäni aňsatlaşar diýip garaşylýar.

Kärhanany açmagyň, ygtyýarnamalary almagyň tertibini aňsatlaşdyrmakda döwlete, raýatlara zyýan gelmegiň howplaryny ätiýäçlandyrmagy hem unutmalydäldir.

Ähli maýa goýumlar banklaryň kömegi bilen maliýeleşdirilýär. Ýagny hasaplaşyklar banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Aýratyn hem daşary ýurtlara pul serişdeleri Merkezi bankyň üsti bilen geçirilýär.

Banklar hasaplaşyklary geçirenlerinde bellenilen ýagdaýlarda we tertipde öz gözegçiligini amala aşyrýarlar. Döwletiň hasabyna gurulýän gurluşyga diňe belli tertipde kesgitlenilen möçberde pul serişdeleri goýberýarler. Bankyň beren karzyň hasabyna gurulýan obýektlere gözegçilik has ýokary. Sebäbi banklar karzy bermänkä we karzy berenlerinden soň karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny gözegçilikde saklaýarlar. Müşderiniň karzy gaýtarmaga ukyplylygy bolmasa karz berilenok.

Müşderiniň karzy almagyň ukyplygyny barlamak üçin banklar onuň maliýe hasabatllaryny seljerýärler.

Karzyň yzyna göterim bilen gelmegini kepillendirmek üçin müşderileriň emläkleri girewe alnyp bilner, emläkleriň ätiýäçlandyrylmagy talap edilip bilner, ýa-da döwletiň, ýokarky edaralaryň, birinji klasly banklaryň kepilnamalary talap edilip bilner.

Şertnamalar boýunça banklar taslamalaryň seljermesini, gurluşyga tehniki gözegçiligini amala aşyryp bilerler. Soňky hyzmatlary banklar tölegli şert bilen geçirýärler.

I.7. Maglumatlary ýygnamak, olary işlemek we maýa goýum işi baradaky meseleleri çözmekligiň usullary .

Düýpli goýumlary maliýeleşdirmeklikde we karzlaşdyrmaklykda dürli dolandyryş usullary ulanylýar.

Maliýe-karz guramalaryň maýa goýumlaryny maliýeleşdirmeklikde we karzlaşdyrmaklykda ulanylýan usullaryny üç topara bölmek bolýar:

- ykdysady edebiýatlarda usullaryň birinji toparyna **maliýeleşdirilýän we karz berilýän obýektler hakyndaky maglumatlary ýygnamaklyk;**
- usullaryň ikinji toparyna ýygnal**an maglumatlary işlemek we degişli karary kabul etmeklik;**
- usullaryň üçünji toparyna **täsir etmeklik degişlidir.**

Usullaryň birinji topary ulanynda, maliýeleşdirilýän we karz berilýän obýektleri boýunça hasabatlar we başga maglumatlar ýygnalyp toplanylýar. Maglumatlar telefonyň, telegrafyň, telefaksyň, internetiň we aragatnaşygyň beýleki görnüşleriniň üsti bilen ýygnalýar.

Usullaryň ikinji toparyň kömegi esasynda seljerişiň dürli usullary ulanylyp hasaplaýyş tehnikasynyň kömegi bilen alnan maglumatlar gaýtadan işlenilip netije çykarylýar. Netijäni hem belli topar ýa-da ýeke özi wezipesi belli işgär çykarýar. Uly taslamalar boýunça çözgütler we netijeler köplenç toparlaýyn çykarylýar. Mysal üçin, maýa goýumlary karzyň hasabyna maliýeleşdirmek barada netijäni bankyň bir işgäri çözmän, ýörite karz berýän topar çözýär.

Täsir etmekligiň usuly ykdysady edebiýatlarda iki topara bölünýär:

administratiw (buýruk beriji) we ykdysady. Maliýe-karz guramalary ykdysady täsiri maliýe we karz gurallaryň kömegi bilen amala aşyrýarlar.

Maliýe-karz gurallara – pul, karz, hasaplaşyklar degişlidir.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmeklikde we karzlaşdyrmakda maliýe-karz guramalaryň ýerine ýetirýän ykdysady täsiri örän ulydyr. Sebäbi maliýe-karz guramalaryň alyp barýan işlerine baglylykda döwletiň ykdysadyýetine uly netije we köp möçberde ýitgä sezewar edilmegi mümkin.

Ykdysady işleriň netijeliligi esasanam düýpli goýumlaryň taslamasyna seredilýän başlangyç döwründe aýratyn netijelidir.

Maliýe-karz guramalaryň ykdysady işleriniň netijesinde düýpli goýumlaryň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen birnäçe teklipler işlenilip düzülýär. Mysal üçin, maliýe-karz guramalary düýpli goýumyň taslamasynyň iň amatly çözgüdini teklip edip bilýärler.

Düýpli goýumlary maliýeleşdirmeklikde we karz bermeklikde maliýe-karz guramalary şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýarlar:

1. Gurulmaly obýektiň zerurlygy;
2. Öz wagtynda nädogry taslama çözgüdiniň öňüniň alynmagy.

Eger-de maliýe-karz guramalaryň ykdysady maglumatlary nädogry bolanda, ol döwleti uly ykdysady ýitgä sezewar edýär, şonuň ýaly-da maýadarlara, potratçy guramalara we ykdysady ösüşiň beýleki subýektlerine zyýan ýetirýär.

Öz wagtynda nädogry taslama, düýpli goýum işleriniň çözgüdiniň öňüni almaklyk esasy ýörelgeleriň biri bolup çykyş edýär.

II Bap. Taslama we gözleg-agtaryş işlerini maliýeleşdirmek we karz bermek.

II.1. Taslama işlerini maliýeleşdirmekligiň tertibi.

Gurluşygyň tehnika taýdan mümkinçiligini we ykdysady taýdan maksadalaýyklygyny görkezýän hasaplamalary öz içine alýan tehniki resminamalaryň toplumyna **taslama** diýilýär.

Taslamalar öz gezeginde iki topara bölünýär: **bir nusgaly** we **aýratyn (özbaşdak) nusgaly.**

Bir nusgaly taslamalar birnäçe gezek ulanylýar.

Aýratyn (özbaşdak) nusgalar bolsa diňe bir gezek ulanylýar. Aýratyn nusgalar boýunça döwletiň gurluşyk işlerini ýerine ýetirjek maýadarlar bellenilen tertipde ýörite rugsat almalydyrlar.

Taslamalar esasan Taslama institutlary tarapyndan işlenilip düzülýär. Arzan bahaly taslamalary hünärmenler hem düzüp bilýärler. Taslamalary düzmekligiň tertibini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tassyklaýar.

Taslama institutlary özbaşdak kärhanalar ýaly işleýärler. Olar kärhanalara mahsus bolan kanunlaryň güýjünden doly peýdalanýarlar.

Taslama işlerini maliýeleşdirmek esasan üç çeşmäniň hasabyna amala aşyrylýar:

- býujetiň hasabyna (döwlete degişli taslamalar);
- pudaklaryň serişdeleriniň hasabyna;
- esasy işleriň hasabyna.

Taslama işleri şertnama esasynda ýerine ýetirilýär. Şertnama baglaşylanda işi ýerine ýetirmekligiň tertibi hem düzülýär. Taslama işleriniň möhleti iki ýyldan geçýän bolsa, işi ýerine ýetirmekligiň iki tertibi düzülýär.

Taslama işleri geçirilýän pursatynda göz öňünde tutulmadyk soraglar ýüze çyksa, onda taslama edarasy bilen maýadaryň arasynda goşmaça aýratyn ylalaşyk baglaşylýar. Döwletiň düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna geçirilýän taslama işleri aşakdaky resminamalaryň esasynda maliýeleşdirilýär:

- düýpli gurluşygyň meýilnamasy;
- maliýeleşdirmekligiň meýilnamasy;
- geçiriljek taslama işleriniň hasap (titul) sanawy.

Kärhana öz hususy serişdeleriniň hasabyna tehnikany täzeden enjamlaşdyrjak bolsa, taslama işlerini diňe töleg resminamalaryň esasynda maliýeleşdirip bilýär.

Kärhananyň durkuny täzelemek (rekonstruksiýa) işlerini taslamaklyk we maliýeleşdirmeklik üçin töleg resminamalardan başga-da banka şertnamany, hem-de işleri ýerine ýetirmekligiň tertibini tabşyrýar.

Täze kärhana gurmak üçin we onuň iş resminamalaryny düzmek hem-de maliýeleşdirmek üçin banka aşakdaky resminamalar tabşyrylýar:

- işleriň umumy bahasynyň jemleýji hasabatynyň göçürmesi;

- düýpli gurluşygyň meýilnamasy;
- maliýeleşdirmekligiň meýilnamasy;
- şertnamanyň göçürmesi;
- gurluşygyň içindäki titul sanawy (taslama işleri aýratyn setirler boýunça görkezilýär).

Taslama – hasap resminamalary gurluşyk başlanmanka ýarym ýyl öňünden taýýar edilýär.

II.2. Gözleg-agtaryş işlerini maliýeleşdirmegiň we karz bermegiň tertibi.

Gözleg-agtaryş işleri aşakdaky çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär:
- býujet serişdeleriniň hasabyna;
- düýpli maýa goýumlaryň hasabyna;
- magdan gazyp alyjy kärhanalaryň hasabyna.

Gözleg-agtaryş işleri maliýeleşdirmek üçin banka aşakdaky resminamalar tabşyrylýar:
- desga (guýular) üçin smeta;
- guramalaryň geologiýa barada gaznalarda bellige alnan gözleg-agtaryş işleriniň desgalar boýunça meýilnamasy;
- nebit we gaz guýularynyň gurluşygy üçin içerki sanawlar-aýratynlykda agtaryş we ulanylýan burawlama üçin;
- täze başlanýan guýular üçin sanawlar;
- tassyklanylan görnüşde gözleg-agtaryş we gidrogeologiýa işleri üçin serişdeleriň çäklendirilen mukdarlary;
- her aýyň birinji gününe ýerine ýetirilen topogeodeziýa işleri üçin bellenilen serişdeleriň hasaplamasy;
- topogeodeziýa işleriniň meýilnamasynyň ýerine ýetirlişi hakynda aýlyk hasabat.

Burawlaryň, gözleg-agtaryş, gidrogeologiýa we topogeodeziýa işleri üçin taslama-smeta resmi kagyzlary seljerme geçirlenden soň ýokarda durýan ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanýar.

Geologiýa ýumuşlaryna, desgalar boýunça meýilnamalara, sanawlara üýtgetmeler ýokarda durýan ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy tarapyndan girizilýär.

Garamagyndaky guramalarda işleri maliýeleşdirmeklik hem-de ýerine ýetirlen işler üçin hasaplaşyklar olaryň hasaplaşyk hasaplaryndan amala aşyrylýar.

Ýerine ýetirlen burawlaýyş, gözleg-agtaryş we gidrogeologiýa işleriniň tölegi ýerine ýetirilen gözleg-agtaryş işleriniň jemleýji reýestrini tabşyrmak bilen töleg resmi kagyzlarynyň esasynda geologiýa ýumuşlarynyň ýerine ýetirlişine görä her çäräkde ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hasaplaşyk hasaplaryndan amala aşyrylýar.

Ýerine ýetirilen işleriň tölegi maliýeleşdirmegiň bölünip berlen çäklendirilen mukdarynyň çäginde amala aşyrylýar.

Topogeodeziýa we seýsmologiýa işleriniň tölegi her aýda degişli möhlet üçin baýraklar işleriň meýilleşdirilýän möçberine laýyklykda şu maksatlar üçin smetalarda göz öňüne tutulan ýerine ýetirilen işleriň hasabynyň žurnalyna girizilýär.

Gözleg-agtaryş işlerinde işleýän ähli işgärleriň çöllük we suwsyz ýerlerdäki işleri üçin üste goşmaçalary we kompensasiýalary boýunça ýylyň dowamynda öwezini dolmaklyk dowam edýän ýyl üçin meýilleşdirilýän smeta bahasyna laýyklykda şu maksatlar üçin smetalarda göz öňüne tutulan serişdeleriň belli bir çäklerinde amala aşyrylýar.

Öwezi dolunýan çykdajylaryň möçberi ýyllyk serişdeleriň çäklerinde **çärýekler boýunça** üýtgedilip bilner.

Ýylyň dowamynda tamamlanýan desgalar boýunça ýerine ýetirlen gözleg-agtaryş işleri üçin gutarnykly hasaplama geologiýa ýumşunyň ýerine ýetirlişini hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

Gözleg-agtaryş işlerine çärýegiň içinde hakujy bermeklik:

- her aýda tabşyrylan hasaplama sargydy boýunça amala aşyrylýar.

Hakujy aýlyk meýilnama görä smeta bahasy boýunça gözleg-agtaryş işleri üçin serişdeleriň çäklendirilen mukdarlarynyň 40%-den ýokary bolmadyk möçberinde berilýär.

Hasaplama sargydynda gözleg-agtaryş işleriniň meýilnamasynda göz öňünde tutulmadyk hem-de hakujynyň möçberiniň kesgitlenen aýynda taslama-smeta resmi kagyzlary bilen üpjün edilmedik desgalar boýunça serişdeleriň çäklendirilen mukdarlary hasaba alynmaly däldir.

Hakujyny hasaba almaklyk her çärýekde ýerine ýetirilen gözleg-agtaryş işleri tölenende ýylyň başyndan aýratyn tertipde amala aşyrylýar.

III Bap.Gurluşyk işlerini maliýeleşdirmekligiň düzgünleri.

III.1. Gurluşyk işlerini maliýeleşdirmek üçin maýadaryň banka tabşyrýan resminamalary.

Gurluşygyň maliýeleşdirilişi we karzlaşdyrylyşy aşakdaky ýagdaýlara baglydyr:

- maýadaryň eýeçiliginiň görnüşine;
- düýpli goýum işlerini maliýeleşdirmekligiň çeşmesine;
- potratçylyk işini ýerine ýetirilişiniň görnüşine;
- düýpli goýumyň gönükdirilýän ugruna.

Gurluşyk-gurnama montaž işlerini ýerine ýetirmeklik 2 görnüşe ýa-da usula bölünýär:

- potratçylyk;
- hojalyk.

Potratçylyk usuly – potratçy guramalary bilen şertnama baglaşmaklygy göz öňünde tutýar.

Hojalyk usuly – gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirýän maýadaryň öz güýji bilen amala aşyrmaklygy göz öňünde tutýar. Şeýle-de maýadar wagtlaýynça gurluşyk toparlary (brigadalary) döredip bilýärler. Gurluşyk işini ýerine ýetirmekligiň has netijeli usulyna potratçylyk usuly degişlidir. Ol zerur bolan önümçilik esaslarynyň bolmagy bilen, şonuň ýaly-da ýöriteleşenligi bilen düşündirilýär. Eger-de gurluşyk maýadaryň öz hususy serişdesiniň hasabyna maliýeleşdirilýän bolsa onda düzgün bolşy ýaly maliýe-karz guramalary berk barlag işlerini geçirmeýär. Munuň ýaly ýagdaýda maýa goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzyň barşyny maýadaryň özi barlaýar.

Beýleki döwletleriň, olaryň şahsy we edara görnüşli taraplarynyň , halkara guramalarynyň eýeçiliginde hereket edýän kärhanalaryň, jemgyýetçilik, kooperatiw birleşikleriň maýa goýumlaryny döwletiň ýörite (ýokarda görkezilen) guramalary olaryň döwlet ülňülerine (standartlara, kadalara) laýyklygyny barlaýar we hasaba alýar. Emma agzalan maýadarlaryň özleri pul serişdelerini toplaýarlar we özleri olary harçlaýarlar. Başga söz bilen aýdanyňda **olaryň maliýeleşdirilmegine döwlet guramalary tarapyndan gözegçilik edilenok**.

Jedelli meseleler ýüze çykanda olar kazyýet arkaly çözülýär.

Döwlet serişdeleriniň, bilelikdäki, garyşyk kärhanalaryň (eger-de olara döwletiň goýumlary goýulýan bolsa), karzlaryň, çekilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän maýa goýumlara şol işleriň maliýeleşdirmegine degişli döwlet guramalary we banklar tarapyndan **berk gözegçilik edilýär**.

Maýa goýumlaryň **maliýeleşdirilmegine** biziň döwletimizde kitabyň öňki sahypalarynda görkezilen döwlet guramalary: Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministriligi, Türkmenistanyň maliýe ministriligii, Türkmenistanyň döwlet salgyt gulluklary, banklar hem başga guramalar gözegçilik edýär.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak üçin ýokarda agzalan şertler göz öňünde tutulyp (maýadaryň eýeçiligi, goýumlaryň çeşmeleri, işleriň ýerine ýetirilişi we başga şertleri), dürli resminamalar düzülýär hem maliýe we karz guramalary tarapyndan talap edilýär. Köplenç talap edilýän resminamalaryň içinden şu aşakdakylary görkezip bolar:

- telekeçilik işiniň meýilnamasy;
- maliýeleşdirmegiň meýilnamasy (döwletiň hasabyna maliýeleşdirilýan bolsa ol hökman talap edilýar);
- taslama;
- harajatnama (smeta);
- goýumlary ödemekligiň hasaby;
- düýpli gurluşygyň döwlet meýilnamasy;
- gurluşyk işlerini geçirmek barada potrat şertnamasy;
- gurluşygyň titul sanawy (pasporty);
- gurluşyk içire titul sanawy;
- karzy ödemekligiň hasaby (eger-de düýpli maýa goýumlar karzyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa);
- girew hakynda şertnama (eger-de düýpli maýa goýumlar karzyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa);
- kepilnamalar (eger-de düýpli maýa goýumlar karzyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa);
- beýleki resminamalar.

Talap edilýan resminamalar wezipeli işgärler, derejeli adamlar tarapyndan tassyklanylan bolmaly. Olaryň tassyklanylyşy ýokarda görkezilen şertlere hem goýumlaryň möçberine bagly bolup durýar.

Maýa goýum taslamary, aýratyn hem daşary ýurt maýa goýujylaryň taslamalary bellenilen tertipde hökmany döwlet seljermesine, şol sanda seýsmiki durnuklylyk, ýangyn partlama howpsuzlyk, ekologiki we sanitariýa arasaçylyk talaplarynyň kadalaryny berjaý edilşine seljermäge degişlidirler.

Daşary ýurt maýa goýumlar döwlet belligine alynýar. Olara kanunlara laýyklykda gümrük we salgyt ýeňillikleri berilip bilner.

Türkmenistan daşary ýurt maýa goýumlary çekmekde öz syýasatyny durmuşa geçirýär. Daşary ýurtlaryň maýa goýumlary, maliýe kömegi bilen bilelikde, täze iş ýerleri açmaga, täze tehnoljgiýalary ornaşdyrmaga, goşmaça salgytlary almaga we başga üstünlikleri gazanmaga ýardam berýärler.

Özgertmeler zamanysynda Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen döwletimizde maliýe goýumlarynyň möçberini artdyrmak üçin kanunçylyk binýadyna bir topar üýtgemeler girizildi.

„Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň bitewi kanunyna laýyklyda berilýan salgyt ýeňillikleri barada gollanmanyň ýokarky sahypalarynda maglumatlar berilen. Ýigrimden gowrak döwletler bilen halkara ylalaşyklara laýyklykda Türkmenistana dahylsyz maýa goýujylar esasy salgytlary ýa-da biziň ýurdymyzda ýa-da öz döwletlerinde tölemäge haklydyr. Olar bilen bilelikde, daşary ýurt maýdarlary döwletimize çekmek üçin „Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda“kanuna goşmaça dürli ýeňillikler we kepiller girizilen.

Telekeçiligiň erkin ykdysady zolagyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurt maýa goýujylary, daşary ýurtly bolan kärhanalar aşakdakylardan boşadylýarlar:

- konsullyk we bellige alyş ygtyýarnamalaryny tölemekden;
- şertnamalaryň bellige alnandygy üçin birža hyzmatlaryny tölemekden;
- ygtyýarnamany berilmegi we onuň gaýtadan resmileşdirilmegi üçin döwlet pajyny tölemekden;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde ýer bölekleri üçin kärende töleginden;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen býujetden daşary gaznalara peýdadan serişde geçirmelerden;
- Türkmenistana getirilýän enjamlaryň we materiallaryň güwälendirmesinden güwänama hyzmatlary üçin töleglerden. Bu ýeňillik potratçylara we kömekçi potratçylara hem degişlidir;
- Türkmenistana getirilýän esaslyk maýalaryna goýulýan goýumlar gümrük paçlary tölemekden. Getirilýän emläkler bolsa gümrük paçlardan inwestision taslamalaryň özüni ödeýänça boşadylýarlar.

Türkmenistanda telekeçiligiň erkin ykdysady zolaklardan şolary görkezmek bolar: Awaza, Aşgabat-Abadan , Mary-Baýramaly, Hazar-Ekerem, Daşoguz-Aeroport, Türkmenabat-Seýidi, Baharly-Serdarabat, Aşgabat-Änew. Şol zolaklarda kärhanany döretmek örän amatly.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynyň üýtgemegi daşary ýurt maýa goýujylarynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalaryň işiniň hukuk düzgünini ýaramazlaşdyrýan gadaganlyklara we çäklendirmelere getirse, daşary ýurt maýa goýumlarynyň bellige pursadynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygy olar babatda **on ýylyň içinde**, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary esasynda maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň kärhanalary, daşary ýurt edara görnüşidäki taraplaryň şahamçalary üçin bosa ol bellige alnan mahalynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde mälim edilen maýa goýum maýasynyň **özüni ödeýjilik döwrüniň içinde hereket edýar.**

Daşary ýurt maýa goýujylara Türkmenistana gelip daşary ýurtlara gitmek üçin rugsatnama düzgünlerde ýeňillikler we kepillendirmeler kanun arkaly berilýär.

Görkezilenlere, eger-de olar ýurduň ykdysadyýetine progressiw üýtgemeleri getirseler beýleki ýeňillikleri bermek kanunda hem göz öňünde tutulan.

Eger-de maliýeleşdirmeklik **döwlet býujetiniň** hasabyna amala aşyrylsa, onda maliýe-karz guramalary, hereket edýän kanuna laýyklykda ol serişdeleriň rejeli ulanylyşyna berk gözegçiligi üpjün etmelidir. Häzirki wagtda bank gözegçiligi diňe maýadara karz serişde beren ýagdaýynda, ýa-da maýadar bilen bankyň düýpli goýum taslamasynyň ýerine ýetirilişini barlamak baradaky ylalaşyk esasynda gözegçlik işleri geçirilýär. Şeýle ýagdaýda maýadar bankyň hyzmaty üçin töleg töleýär. Häzirki wagtda maýadarlar banklar bilen tehniki barlaglary geçirmeklik üçin şeýle şertnamalary baglaşýarlar.

Düýpli gurluşyk işleri býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilende düzgün bolşy ýaly maýadarlar banka, (eger-de gurluşyk işlerini biziň ýurdumyzyň gurluşykçylary tarapyndan ýerine ýetirlende), şu aşakdaky **resminamalary tabşyrýarlar:** düýpli gurluşygyň meýilnamasy, maýa goýumy maliýeleşdirmegiň meýilnamasy, gurluşygyň titul sanawy, gurluşyk içire titul sanawy, potrat şertnamasy, umumy maliýe-çykdajylaryň hasabynyň göçürmesi. Gurluşygyň **titul sanawy gurluşygyň pasporty bolmaklyk bilen onda:** gurluşygyň ady, büýrujy, potratçy, gurluşygyň ýerleşýän ýeri, gurluşygyň smeta gymmaty, gurluşygyň başlanýan we tamamlanýan wagty görkezilýär.

Gurluşyk içire titul sanawy düzgün bolşy ýaly, aýratyn obýektleriň has takyk titul sanawudyr.

Gurluşyk içire titul sanawy 1 ýyllyk düzülýär. Eger-de gurluşyk bir ýlyň dowamynda başlanyp şol ýyl hem tamamlansa, onda diňe gurluşygyň titul sanawy talap edilýär.

Maýa goýumy maliýeleşdirmegiň meýilnamasynda maýa goýumy maliýeleşdirmegiň çeşmesi görkezilýär. Eger-de maýa goýumy bank karzynyň hasabyna maliýeleşdirilse, onda bank düzgün bolşy ýaly şu aşakdaky resminamalary talap edýär:

- taslama-smeta resminamalarynyň bolmagyny;
- maýa goýumyň harajatlarynyň özüni ödeýänligini görkezýän hasap resminamalary;
- karzy bermekligiň we üzmekligiň şertleri;

Häzirki wagtda Türkmenistanda gurluşyk-gurnama işleriniň esasy bölegi daşary ýurt gurluşyk firmalary tarapyndan ýerine ýetirilýär. Olar gurluşyk başlamanka taslamalary taýýarlaýar. Ol taslamalar döwlet ekspertizasyny geçirýärler, soňra buýruk çykarylyp, taslamanyň nähili ýagdaýda maliýeleşdirlmegi ýa-da karzlaşdyryljagy görkezilýär. Buýrugyň esasynda şertnama baglaşylyp, onda gurluşygy maliýeleşdirmekligiň we karzlaşdyrmaklygyň ähli şertleri bellenilip geçilýär. Taslama-smeta resminamalaryň ekspertizalary geçmekligi we tassyklanylmagy aşakdaky ýagdaýlara baglydyr:

- düýpli maýa goýumyň taslamasynyň gymmatyna;
- maýadaryň eýeçiliginiň görnüşine;
- düýpli maýa goýumy maliýeşdirmekligiň çeşmesine;

III. 2.Düýpli gurluşygyň meýilnamasy, titul sanawy, maliýe meýilnamasy, potrat şertnamasy gaýry resminamalar we olaryň häsiýetnamasy.

Banka maliýeleşdirmeklik üçin tabşyrylan resminamalary bank 3 iş gününiň dowamynda barlamaga borçlydyr. Şeýlelikde bank aşakdaky çözgütleri kabul etmelidir:

- düýpli maýa goýum taslamalary hiç-hili çäklendirmesizden doly möçberde maliýeleşdirmek ýa-da karz bermeklik.
- düýli maýa goýum taslamalaryny anyk çäklendirmeler we bellikler bilen maliýeleşdirmeklige kabul etmegi.
- düýpli maýa goýum taslamalary maliýeleşdirmeklige we karz bermeklige kabul etmesizligi.

Düýpli maýa goýum taslamalara hiç-hili bellik bolmadyk ýagdaýynda doly möçberde maliýeleşdirmeklige kabul edilýär. Eger-de maýadarlar tarapyndan banka tabşyrylan resminamalarda kemçilik bolan ýagdaýynda bank maýadara we degişli döwlet dolandyryş guramasyna ýazuw görnüşinde habar bermäge borçlydyr.

Ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmeklige 1 aýlyk möhlet berilýär, eger-de kemçilikleri düzetmeklik mümkin bolmasa we maýadaryň taslamasy Türkmenistanyň kanunçylygyna gabat gelmese, onda bank onuň ýaly taslamalary maliýeleşdirmeklikden we karz bermeklikden ýüz öwürmeli.

Maliýe-karz guramalary gurluşygy maliýeleşdirmekde we karzlaşdyrmaklygy açmaklyk resminamalary kabul edilende esasy ünsi aşakdakylara bermeli:

- düýpli maýa goýum taslamasy Türkmenistanyň kanunyna garşy gelmeýänligi;
- resminamalaryň kesgitlenen tertipde tassyklanylmagy (gurluşyk üçin maliýeleşdirmekligi we karzlaşdyrmaklygy açmaklygyň resminamasynyň tassyklanylyşynyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler kabineti kesgitleýär);
- tabşyrylan resminamalaryň tükelligi (dolylygy) barlanylýar;
- resminamalaryň sanlarynyň gabat gelýänligi barlanylýar;
- düýpli maýa goýum taslamalarynyň kesgitlenen möhletinde amala aşyrmaklyk üçin maliýe resurslarynyň ýeterlik möçberde barlygy barlanylýar;
- döwlet tarapyndan kesgitlenilen, ykdysady, sanitar, ýeryranmasyna durnuklylygy beýleki talaplaryň berjaý edilişi barlanylýar;
- gurluşyk matriallarynyň we konstruksiýalaryň rejeli ulanylşyny barlanylýar.
- Maliýeleşdirmekligiň we karzlaşdyrmaklygyň resminamalary barlanylýan wagtynda esasy ünsi düýpli goýum taslamalaryň hilini barlamaklyga bermeli, şunlykda maliýe-karz guramalary düýpli goýum taslamalarynyň has netijelerini saýlap almaklygy talap etmeli. Taslamalar **bäsdeşlik esasynda** saýlanylmaly. Maliýelşdirmekligi açmaklyk üçin **maýa goýumyň maksatnamasynyň bahasyna** aýratyn üns bermeli. Şeýlelikde, maliýe-karz guramalary baha bermekligiň dürli usullaryny ulanyp bilýär.

Ykdysady edebiýatlarda usullaryň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

- ödemeklik usuly;
- goýulan maýa goýumyň hasaplamak usuly (maýanyň düşewüntliligi);
- pul gelimlerini diskontirlemek (puluň hümmetsizlenmegini göz öňünde tutmaklyk) usuly;
- pul gelimleriniň girdejilerini diskontirlemek (peýda, %, diwident) kesgitlemek
- gündelik arassa gymmaty kesgitlemek usuly;
- maýanyň pul gymmatyna baha bermek usuly;
- çaklamanyň ýalňyşyna baha bermek usuly.

Maliýe-karz guramalary düýpli goýum taslamasyna baha berlenden soňra goýulan serişdeleriň özüni ödeýiş möhletini bilmekleri hökmanydyr, ýa-da goýulýan düýpli goýumdan döwletiň nähili **durmuş netijelilik alýandygyny** bilmeli.

Banklar we beýleki maliýe institutlary çaklama döwründe ýalňyşlyk goýbermegi mümkin. Ýitginiň öňüni almak üçin, töwekgelçilikden daşlaşmagyň dürli usullary ulanylýar. Mysal üçin, eger-de düýpli goýum bank karzynyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa, banklar **ätiýaçlyk şertnamasynyň** baglaşylmagyny talap edip bilýär.

Käbir ýagdaýlarda tölegsizlik töwekgelçiliginden daşlaşmak üçin banklar ýokary guramalardan Ministrliklerden we wedomostlaryň **kepil geçmeklerini** talap edip bilýär. Aýratyn ýagdaýlarda haçanda bank gerek möçberde karz bermeklik mümkinçiligi bolmasa, onda ol maýadara başga bankdan **konsorsial karzyny** almaklyk üçin ýüz tutup bilýär. Birnäçe ýagdaýda bank gurluşyga mümkin bolan çeşmeleriň birini saýlap almak (alternatiw) çeşmelerden maliýeleşdirmekligi teklip edip bilýär. **Ol çeşmelerde** paýdarlaryň serişdeleri, maýadarlaryň içki resurslaryny bir ýere jemlemek, goşmaça býujetden serişdeleriň goýberilmegi.

Banklar maliýeleşdirmekligi açmaklyk üçin tabşyrylan resminamalar barlanylanda esasy ünsi **girew resminamalarynyň dogry doldurlyşyna** bermeli.

Şonuň üçin banklarda düzgün bolşy ýaly hukukçylar işleýärler, olar resminamalaryň hukuk seljermesini geçirip resminamalaryň düzülişine baha berýärler.

Maliýe-karz guramalary maýa goýumlaryň **özüni ödeýşini hasaplamalarynda** maýadaryň hereket edýän kanuna laýyklykda töleýän salgytlaryny göz öňüne tutmalydyrlar.

Maýa goýumyň özüni ödeýänligi barlanylanda maýadara kanunçylykda berilýän ýeňillikler hasaba alynmaly. **Banklar resminamalary barlan** wagtynda berýän maslahatlary üçin girdeji alyp bilýärler.

Banklar maliýe-karz resminamalary barlanlarynda täsir etmekligiň **ykdysady we administratiw (edara ediş)** usullaryny ulanyp bilýärler.

Administratiw täsir etmeklik usulyna bankyň resminamalaryň doldurylyşyndaky kemçilikler barasynda **ýokary döwlet dolandyryş** guramalaryna habar berýärler.

Ykdysady usullara öň bellenilişi ýaly maliýe-karz guramalaryň gurallary: pul, karz, hasaplaşyklar degişlidir. Maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin tabşyrylan resminamalarda düzedip bolmaýan kemçilikler ýüze çykarylsa, maliýe-karz guramalary serişde bermeklikden ýüz öwürip, hasaplaşygy bes edýärler.

Banklarda gözegçiligiň netijesi esasynda töleg resminamalary № 2, № 3 kartotekalarda ýerleşdirilip bilner. № 2 kartotekada hasapnamada puluň ýoklygy sebäpli tölenilmedik resminamalar hasaba alynýar. № 3 kartotekada resminamalaýyn maliýe barlagyň netijesi boýunça kemçilikler ýüze çykarlanda resminamalar tölenmän saklanylýar. Ýüze çykarylan kemçilik düzedilse hasaplaşyklar geçirilip başlaýar ýa-da dowam etdirilýär.

III.3. Gurluşyk işlerini maliýeleşdirmek we karz bermek üçin tabşyrylýan resminamalary bankda barlamaklygyň tertibi, wagty we usullary.

Häzirki wagtda gurluşygyň **tehnika-ykdysady esaslandyrmasynyň, taslama resminamalarynyň hilini ýokarlandyrmagy maliýe gözegçiligini amala aşyrýan döwlet guramalarynyň** esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Bu wezipe öz gezeginde taslama guramalarynyň we ekspertiza işlerini geçirýän guramalaryň jogapkärçiliklerinin ýokarlandyrmaklygy talap edýär.

Taslamada öňde baryjy ylmyň tehnikanyň gazanan üstünliklerini ulanmaklyk, resurslary we energiýany tygşytlaýan tehnologiýany, önümçiligi gurnamaklygyň kämilleşen usulyny ornaşdyrmaklykdan ybaratdyr.

Gurluşyk üçin taslama işlerini ýöriteleşdirilen taslama ulgamlary, taslama-gözleg guramalary käbir ýagdaýlarda ylmy-gözleg guramalary bilen birleşikler ýerine ýetirýärler. Taslama-gözleg we ylmy guramalaryň işleriniň hojalyk hasaplaşygynda ýerine ýetirilýänligi sebäpli olaryň işleri “Döwlet kärhanalary (birleşikleri) barasynda” kanuna laýyklykda amala aşyrylýar.

Taslama-gözleg işleriniň hemmesini olaryň häsiýetine we maliýeleşdirmekligiň çeşmesine baglylykda üç topara bölmek bolýar:

1-nji topara umumy döwlet ýa-da pudaklaýyn we sebitara ähmiýeti bolan döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän işler degişlidir. Şuňa ýurduň halk hojalygynyň ösüşiniň we ýerleşişiniň beýanyny düzmeklik, welaýatlar boýunça guruljak

obýektleri meýilleşdirmeklik, daşary ýurtlaryň taslama baradaky tejribesini öwrenmeklik we biziň gurluşygymyza ornaşdyrmaklyk.

2-nji topar anyk gurluşyk obýektleri boýunça taslama-smeta resminamalary düzmekligi öz içine alýar. Bu öz içine (TYE) we (TYH) tehniki-ykdysady hasaplamany, taslamalary we iş taslamalaryny, şonuň ýaly-da gurluşygyň ikinji we soňky ýllar üçin iş resminamalaryny düzmekligi alýar. Bu işler degişli pudaklaryň ýa-da gurluşyklaryň maýa goýumlarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

3-nji taslama-gözleg işleriniň bir bölegi kärhanalaryň we birleşikleriň esasy işleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Şonuň ýaly ýagdaýda enjamlary, jaýlary we desgalary düýpli abatlaýyş işlerini geçirmeklik üçin resminamalary düzmekligi, hereket edýän kärhanalara taslamada göz öňünde tutulan kuwwatlylygy özleşdirmekde tehniki kömek bermekligi, tehniki-ykdysady görkezijilere ýetmeklik üçin taslamalary, önümçilik işleriniň taslamasyny düzmeklik we beýlekiler.

Döwletiň merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň hasabyna taslama-gözleg işleri ýerine ýetirilende düýpli gurluşygy meýilleşdirmekligiň esasynda maliýeleşdirilýär.

TYE, TYH işlerini maliýeleşdirmeklik kärhananyň, birleşigiň, guramalaryň gaznalarynyň hasabyna ýerine ýetirlende:

Tehniki taýdan täzeden guramaklyk – **töleg resminamalarynyň esasynda;**

Kärhanany giňeltmek we durkuny täzelemek işlerini geçirmeklik, şonuň ýaly-da önümçilik däl maksatly obýektleri gurmaklyk – **şertnama esasynda** oňa zerur bolan goşmaçalar çatylýar.

Täze kärhanalary gurmaklyk we desgalaryň ikinji we soňky ýyllarynda maliýeleşdirmeklik gurlan kärhananyň direksiýasynyň ýerleşýän ýerindäki bank tarapyndan göz öňünde tutulan umumy smeta hasabynyň gymmatynyň çägini görkezýän resminamanyň esasynda maliýeleşdirilýär. Bulardan başgada, **düýpli gurluşygyň meýilnamany, maliýeleşdirmäniň meýilnamasy, şertnamanyň göçürmesi,** şonuň ýaly-da taslama işleriniň harajatlary aýratynlykda görkezilýän gurluşyk içire titul sanawy. Ol işleriň **galyndy gymmaty** taslama işlerini taýýarlanylýarka tölenilen jemleri aýyrmak bilen görkezilýär. Şeýlelik bilen taslamany maliýeleşdirmek üçin gurluşygyň ýerleşýän ýerindäki maliýeleşdirilýän banka habar berýär.

Maliýeleşdirmeklik açylýança bank 15 günüň dowamynda gurluşyk boýunça **tassyklanan taslamany** we başga iş resminamalary barlaýar.

Taslama tassyklanýança iş resminamalarynyň harajatlaryny karzlaşdyrmak diňe taslamany işläp taýýarlamanyň möhleti 24 aý we ondan ýokary bolanda, buýrujy ministrligiň, pudak dolandyryş edaranyň şol resminamalary işläp taýýarlamaklyga rugsatnamasy şertnama bilen bile tabşyrylan ýagdaýynda rugsat berilýär.

Bildirilýän talaplary berjaý edilmedik ýagdaýda, ýa-da işleriň başlanmazyndan 2 ýyl öň taslamalar tassyklanan ýagdaýynda we ekspertiza geçirýän guramanyň taslamany ulanylmadygy üçin resminamalar tassyklanylmadyk ýagdaýda şol resminamalar maliýeleşdirilmeklige kabul edilmeýär.

Banklar gurluşygyň taslamalarynda ulanylan ölçegleriň dogrylygyny barlamak bilen gurluşygyň gymmatynyň öňüni alýarlar.

Barlananda tehniki ýalňyşlyklara we hasaplamalarda kemçiligiň ýol berlen ýagdaýynda gurluşygyň gymmaty ýoýulanda we beýleki tehniki-ykdysady görkezijiler ýa-da taslamany amala aşyrmaly hünärmenleriň üpjünçilik meselesiniň çözülmedik ýagdaýynda taslamanyň gymmatynyň tölenilen bölegi tutulyp alnyp galynýar.

Taslamalaryň çözgüdini anyklaşdyrmak ýa-da tassyklanan taslama kesgitlenen tertipde gaýtadan seretmeklik üçin goşmaça ylalaşyk baglaşylýar. **Şonuň ýaly ýagdaýlarada banklar aşakdaky görkezijileri barlaýar:**

- gurluşygyň umumy gymmatyndan gelip çykýan goşmaça wezipeleriniň tassyklanylyşynyň dogrylygy, taslamanyň başlangyç we goşmaça wezipelere gabat gelýänligi;
- esasy tehniki-ykdysady görkezijileriň we taslama çözgütleriniň üýtgedilen ýagdaýynda, ýa-da goşmaça wezipeleri esaslandyrmaklygyň zerurlygynyň bolan ýagdaýynda;
- gurluşyk smeta gymmaty kesgitlenen möçberden ýokary bolup tehniki-ykdysady görkezijileri kesgitlenen tertipde üýtgedilmegi ylalaşylanda.

Ýokarda görkezilen şertler berjaý edilmesi goşmaça ylalaşyk maliýeleşdirmeklige kabul edilmeýär. Şonuň ýaly-da goşmaça ylalaşyk esasynda işi ýerine ýetirmeklik taslama guramalaryň günäsi bilen ýalňyşlyklar goýberlende hasaplamalarda kemçilige ýol berlende taslama maliýeleşdirmäge degişli däldir.

Bank guramalary meýilnama goşulmadyk taslamalaryň töleg resminamalaryny tölege kabul etmän taslama guramalaryna gaýtarýar, şonuň ýaly-da buýrujynyň resminamalary ugradan wagtyna salgylanmadyk bolsa, resminamada güýje girizilmeli toplumlar aýratyn görkezilende. Ýerine ýetirilen işleriň gymmaty ýokarlandyrylyp ýazylyp töleg edilen ýagdaýy ýüze çykarlanda taslama guramalaryndan we buýrujylaryň hasaplaşyk hasaplaryndan artdyrylyp ýazylan jemiň 7%-deň derejede jerime görnüsinde alynýar.

Taslama guramalary bilen buýryjylaryň arasyndaky hasaplaşyk şertnamada göz öňünde tutulan işler tamamlanandan soň geçirilýänligi sebäpli, taslama guramalaryň buýryjylara töleýänçä işi ýerine ýetirmeklik üçin serişdelere islegi ýüze çykýar. Ol islegler **taslama-gözleg işlerini ýerine ýetirýän guramanyň hususy serişdeleriniň we bank karzynyň hasabyna** kanagatlandyrylýar. Bank karzynyň bermekligiň çeşmesi bolup buýryjynyň taslama-gözleg işlerini maliýeleşdirmeklige niýetlenen wagtlaýynça **boş serişdeleri çykyş edýär. Ol serişdeler ýöriteleşdirilen hasaplarda deponirlenýär, ýagny saklanylýar.**

Banklar gurluşyk başlamanka maýa goýumy maliýeleşdirmekligi we karz bermekligi açmaklyk üçin esasy bildirýän talaplary **şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

- meýilnama ilkinji nobatda işe girizilyän we täze möhlete geçýän gurluşyklaryň goşulmagy;
- guruljak kärhanalaryň we desgalaryň smetalarynyň we taslamalarynyň ýokary hilli bolmagy;
- maýa goýumy amala aşyrmaklyk üçin **berilýän serişdeleriň gurluşygyň gurulmaly wagty bilen berk baglaşykly bolmagy;**
- bölünýän maýa goýumynyň çäginiň we gurluşyk-gurnama işleriniň möçberiniň maliýe we karz resurslary bilen we potratçylyk guramalarynyň önümçilik kuwwaty bilen sazlaşykly bolmalydyr.

Maýa goýumy maliýeleşdirmeklik we karzlaşdyrmaklyk ýurtda kabul edilen ykdysady durmuş maksatnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar, onuň her ýylky möçberi gurluşygyň bütin döwrüniň titul sanawyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Şeýle tertipde maliýeleşdirmeklik gurluşyk önümçiliginiň sazlaşygyny we üznüksizligini üpjün edýär, gurluşyk döwründe ýüze çykýan maddy-tehniki üpjünçiligi we harajatlaryň öz wagtynda tölenilmegine şert döredýär.

IY.Bap.Kärhanalaryň düýpli goýum işlerini durmuşa geçirmek üçin uzak möhletleýin karz bermeklik.

IY.1.Maýa goýumlary amala aşyrmakda uzak möhletli karzyň orny.

Gurluşykda hojalyk mehanizimini kämilleşdirmek çäreleriniň ulgamynda düýpli goýumlary maliýeleşdirmekde esasy orunlaryň biri **uzak möhletleýin karza degişlidir.** Düýpli goýuma berilýän uzak möhletleýin karzyň kärhanalaryň serişdelere bolan islegini kanagatlandyrmakda, býujetden we kärhananyň hususy serişdleri bilen deňeşdirilende birnäçe artykmaçlyklary bar. Bank karzy hojalyk hasaplaşygyny berkitmäge, esasy fondlaryň we önümçilik kuwwatlygy kesgitlenilen möhletde güýje girizmäge, zähmet köpçüliginiň durmuş meselelerini çözmeklige gönükdirilendir.

Karz mehanizimi hemişe **karz berilýän çäreleriň girdejiligini we öz-özüni ödemekligini** talap edýär. Karz bermeklik maýa goýumyň meýilleşdirilen-kadaly (normatiw) möhletde özüni ödemekligi, kärhananyň taslama çözgütleriniň has netijeli ugruny saýlap almaklygy, düýpli harajatlaryň rejeli ulanylmagyny, serişdeleriň tygşytlanylmagyna goşmaça höwes döredýär, obýektleriň we önümçilik kuwwatynyň çalt işe girizilmegini, gurluşygyň wagtyny gysgaltmaga, taslamanyň tehniki-ykdysady görkezijilerine öz wagtynda ýetmeklikden gelip çykýar.

Tejribäniň görkezişi ýaly, kärhanalaryň, desgalaryň karzyň gatnaşmagynda gurulmagy, düzgün bolşy ýaly obýektleri we önümçilik kuwwatyny öz wagtynda we möhletinden öň işe girizilýär. Önümçilik kuwwatynyň öz wagtynda we wagtyndan öň işe girizilmegi karz serişdeleriň öz wagtynda üzülmegini we göterim tölenilende serişdeleriň tygşytlanmagyna we önümçilik köpçüliginiň ykdysady höweslendiriş fondlarynyň serişdeleriniň köpelmegine mümkinçilik döredýär.

Bazar ykdysadyýetine geçmeklik bilen kärhanalaryň banklar bilen gatnaşygy täzeçe gurulýar. Olaryň ara gatnaşygy **karz şertnamasy esasynda** amala aşyrylýar. Bank kärhanalara uzak möhletleýin karz berende esasy **karzyň ýörelgeleriniň** berjaý edilmegini talap edýär. Türkmenistanda kärhanalara maýa goýumy maliýeleşdirmeklik üçin uzak möhletleýin karz berlende onuň **töwekgelçilik derejesi we ykdysady netijeliligi kesgitlenilýär.** Uzak möhletli karzyň orny onuň düýpli goýumy **maliýeleşdirmeklikdäki udel agramy bilen kesgitlenilýär.** Häzirki wagtda Türkmenistanda uzak möhletli karzlary esasan daşary ýurtly maýadalaryň hasabyna alynýär. Şol sebäpli, uzak möhletli karzyň möçberi maýa goýumlaryň düzüminde pes görülýär.

Biziň ýurdumyzda uzak möhletli jarzyň maýa goýumy maliýeleşdirmekligiň pesligi aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirilýär:

1. Türkmenistan çig mallar bilen iň baý döwletleriň biri. Şonuň hasabyna maýa goýumlaryň düzüminde pudaklaryň we döwletiň serişdeleri uly orun tutýar.
2. Türkmenistanyň banklarynda köp möçberde karz resurslary entek emele gelmänligi bilen.
3. Uzak möhletli karzlary bermekligiň şertleri çylşyrymly häsiýete eýedir.
4. Pul serişdeleriniň hümmetsizliginiň (infilýasiýanyň) derejesiniň ösüşi ýaramaz çaklanylýar.

IY.2. Düýpli maýa goýumlaryň netijeliliginiň ykdysady görkezijileri.

Uzak möhletli goýumyň netijeliligini kesgitleýän birnäçe görkezijiler ykdysady tejribede işlenilýändir. Maýa goýuma goýulýan uzak möhletli karzyň netijeliligi dürli usullar bilen kesgitlenilýär. Ýöne ol usullaryň hiç birisi hem karz goýumynyň netijeliligini anyk kesgitlemäge mümkinçilik bermeýär.

Karz goýumynyň netijeliligine karz bilen bagly bolmadyk ýagdaýlar hem täsir edip bilýärler: mysal üçin, **karz berilýänçä menejmentiň ýagdaýy, karz alynýança marketing hyzmatynyň derejesi** we beýleki ýagdaýlar.

Adatça tejribede uzak möhletleýin karz goýumynyň netijeliligi onuň **özüni ödeýşi** ýa-da bankyň uzak möhletleýin karzyndan alýan **peýdasy** bilen kesgitlenilýär. Muňa garamazdan bank netijesiz taslama çözgüdi ýagdaýynda hem peýda gazanyp bilýär.

Tejribede **uzak möhletleýin karz goýumynyň netijeliligine** baha berlende dürli şertler hasaba alynmaýar, mysal üçin: **puluň wagtlaýyn gymmaty**. Tejribede harydyň geljekki gymmatyny ýa-da nyrhyny çaklamak örän çylşyrymly, sebäbi ol maýa goýum maksatnamasyny amala aşyrlandan soň öndürilýär. Şol sebäpli karz berenlerinde karz töwekgelçiligini dolandyrmany başarmalydyr.

Tejribede karz töwekgelçiliginiň derejesini iň pes derejä çenli peseldýän birnäçe usullary işlenilip taýýarlanylandyr. **Ol usullara aşakdakylar degişlidir:**

1. Banklar goýum serişdelerini bir taslama däl-de birnäçe taslama goýmaly.
2. Banklar özleriniň gowy bilýän pudagyna, senagat kärhanalaryna serişdelerini goýmaklary.
3. Maýa goýumlaryň taslamasyna beýleki banklaryň gatnaşmagy.
4. Ätiýaçlandyrma, gaýtadan ätiýaçlandyrma amallarynyň geçirmegi. Eger-de bank karzyň ätiýaçlandyrylmagyny talap etse, onda ol ätiýaçlandyrma kompaniýasynyň maliýe ýagdaýyny bilmeli we ol ätiýaçlandyrma kompaniýasynyň döwlet ätiýaçlandyrma guramasynyň hasaba alnanlygy we rugsatnamasy bolmaly.
5. Banklar ministrliklerden, pudak dolandyryş edaralardan kepil geçmeklerini talap edýär.
6. Girew talap edilýär.

Tejribede uzak möhletleýin karz goýumynyň netijeliligine baha bermekden başgada **maýa goýum maksatnamasynyň netijeliligini kesgitleýän birnäçe usullar ulanylýar:** Mysal üçin, döwlet boýunça uzak möhletleýin goýumyň netijeliligi aşakdaky formula esasynda kesgitlenilip bilner:

$$U_{mkgn} = \frac{M_g}{U_{mkg}}$$

U_{mkgn} – uzak möhletleýin karz goýumlaryň netijeliligi.

M_g – halk hojalygynda uzak möhletleýin karz goýumlaryň hasabyna alnan milli girdeji.

U_{mkg} – milli girdejiniň ösüşini üpjün eden uzak möhletleýin karz goýumlaryň möçberi.

Halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, şonuň ýaly-da anyk kärhanalarynda uzak möhletleýin karz goýumynyň netijeliligi ýokardaky formula esasynda kesgitlenilip bilner.

IY.3. Uzak möhletli karzlaryň obýektleri.

Uzak möhletleýin karzyň obýektleri diýlip – karz goýumynyň halk hojalygynyň dürli pudaklaryna goýulmagyna aýdylýar. SSSR döwründe uzak möhletleýin karz goýumynyň obýektleri Döwlet bankynyň görkezmeleri esasynda kesgitlenilýärdi.

Häzirki wagtda banklar karzyň obýektlerini karz alyjylar bilen ylalaşyp kesgitleýärler.

Karzyň obýektleri gurluşyk-gurnama işleri amala aşyrmagy, enjamlaryň satyn alynmagy, enjamlaryň işe girizilmegi, mallaryň satyn alynmagy, köpýyllyk ösümlikleriň ekilmegi **we başgalar bolup biler**.

Uzak möhletleýin karzlar bank tarapyndan karz çeşmeleriniň (resurslarynyň) bolan ýagdaýynda berilýär. Eger-de täjirçilik bankyň öz çeşmeleri ýetmese, ol Türkmenistanyň Merkezi bankyndan ýa-da beýleki täjirçilik banklaryndan töleg esasynda karz alyp biler. Karz bermeklik müşderiniň resminamalarynyň çuňňur seljerilmegini talap edýär.

Ol resminamalara:

Maýadaryň maliýe hasabaty;

Malýe-smeta resminamalary;

Harajatlaryň özüni ödeýänliginiň hasaby;

Maliýeleşdirmekligi açmaklyk üçin birnäçe resminamalar.

Eger-de tabşyrlan resminamalar karz bermekligiň ýörelgelerine ters gelmeýän bolsa, onda bank müşderiden **kepil borçnamasyny, girewine goýulan emläkleriň sanawyny** talap edýär we karz şertnamasyny doldyrýar.

Karz şertnamasynda karzy bermekligiň we üzmekligiň ähli şertleri, karzyň jemi, obýekti, möhleti, wagtynda üzülmedik ýagdaýyndaky jogapkärçilik we beýleki şertleri kesgitlenilýär. Eger-de müşderi alnan karz serişdesini maksada laýyk ulanmasa ýa-da öz wagtynda yzyna gaýtarmasa banka aşakdaky görkezilen maliýe çäreleri **ulanmaklyga hukuk berilýär:**

Göterimiň derejesini ýokarlandyrmaga;

Karzy öz wagtyndan öň üzmekligi talap etmeklige;

Karz bermekligi bes etmeklige;

Karzy kepil esasynda yzyna gaýtarylmagyny talap etmeklige.

IY.4.Uzak möhletli karzlary bermekligiň we üzmekligiň tertibi.

Maýa goýumy maliýeleşdirmekligiň çeşmesi hökmünde uzak möhletleýin karzyň möçberini kesgitlemek üçin, meýilnamalaşdyrylýan ýylda maýa goýumyň kesgitlenen çäginden kärhananyň hususy serişdesini, şonuň ýaly-da ýokary guramalar tarapyndan berilýän merkezleşdirilen serişdelerini aýyrmaly.

Kärhananyň uzak möhletleýin karza bolan islegi aşakdaky formula esasynda hasaplanylýar:

$$D = K = K_z - S$$

D – zerur bolan uzak möhletleýin karzyň möçberi.

K – maýa goýumyň smeta bahasyndaky çägi.

K_z – buýrujynyň smeta gymmatyndan ýokary harajatlaryň öwezini dolmagy.

S – kärhananyň hususy serişdesi we ýokary guramalar tarapyndam berilýän merkezleşdirilen serişdeler.

Täze gurulýan gurluşyklara karzyň ululygy, düzgün bolşy ýaly olaryň smeta gymmatyndan merkezleşdirilen hususy serdeleri aýyrmak esasynda kesgilenilýär.

Berginiň öwezini dolmagyň hasabyna gurulýan gurluşyklar boýunça karza bolan isleg önümçilige niýetlenilen obýektleriň smeta gymmaty esasynda kesgitlenilýär.

Banklar uzak möhletleýin karzy çäryeklere kesgitlenen çägiň möçberinde berýär, çäryeklik meýilnamalary artykmaçy bilen ýerine ýetirilende ýyllyk çägiň möçberinde berilýär.

Banklar, kärhanalar, ministrlikler, pudak dolandyryş edaralar bilen bilelikde karza bolan islegi düýpli **gurluşygyň taslama meýilnamalary we maliýe meýilnamalary** işlenilip düzülýän döwründe kesgitlenilýär.

Kärhanalara (birleşiklere) berilmäge degişli jemi, banklaryň **karz meýilnamasy (çaklamasy)** tassyklanylandan soň, maýa goýumy maliýeleşdirmäge degişli bank edaralaryna ýetirilýär.

Önümçilik obýektlerine niýetlenilen karzy ulanmaklygyň aňryçäk möhleti, taslama boýunça goýumy ödemekligiň möhleti, ortaça pudaklar boýunça kesgitlenen möhletden ýokary bolmazlyk şert esasynda, banklar bilen bilelikde **karz berilýän harajatlaryň ykdysady netijeliligini** hasaplamak esasynda kesgitlenilýär.

Kärhanalaryň maliýeleşdirmekligi açmaklyk üçin tabşyran resminamalary barlanylandan soňra bank bilen kärhananyň arasynda **karz ylalaşygy baglaşylýar,** ol öz gezeginde hukuk gatnaşyklaryny sazlaýan we taraplaryň karzy bermekligiň we üzmekligiň şertleri, borçlary we jogapkärçiligi göz öňünde tutulýar. Ýaşaýyş jaýyny we durmuş obýektlerini gurmaklyga niýetlenen gurluşyklar kärhanalaryň (birleşikleriň) banka tabşyrýan arza-borçnamasy esasynda resmileşdirilýär. Şeýlelikde, **karz bermekligiň aňryçäk möhleti** gurluşygyň esaslandyrylan möhletinden we karzy üzmekligiň döwründen ybaratdyr.

Eger-de gurluşygy kesgitlenilen wagtyň dowamynda berjaý edilmese onda bank buýrujy we potratçy guramalary bilen bilelikde ýüze çykan ýagdaýa seretmeklik bilen gurluşykçylardan çäreleriň işlenilip düzülmegini we önümçilik kuwwatynyň we degişli obýektleriň öz wagtynda işe girizilmegini talap edilýär.

Banklar uzak möhletleýin karzy bilelikde gurulýan we ulanylýan önümçilik we önümçilik däl gurluşyklara beryär. Bank edaralary uzak möhletleýin karzy ulanýanlygy üçin ýurtda ýa-da bankyň Geňeşi tarapyndan kabul edilen kanuna laýyklykda göterim alýarlar.

Göterimiň derejesi **karzyň ulanylýan maksadyna** baglylykda tapawutlandyrylýar (differensirlenilýär). Karzyň şeýle tertibi obýektleriň öz wagtynda tamamlanmagyna, önümçilik kuwwatynyň öz wagtynda güýje girizilmegini üpjün edýär.

Karzy üzmeklik banka tabşyrylýan möhlet borçnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar. Borçnama banka tabşyrlanda bir hepdäniň dowamynda geçirilmeli çäreler tamamlanandan soň.

Tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrylmagy – ýylyň dowamynda kärhananyň maliýe meýilnamasynda göz öňünde tutulan jemininiň çäginde kesgitlenilýär.

V Bap.Müşderlere we gurluşyk potratçy guramalara gysga möhletli karz bermeklik.

V.1.Gysga möhletli karzyň obýektleri: tamamlanmadyk gurluşyk we gurnama işleri; maddy gymmatlyklar we önümçilik çykdajylary, gaýry obýektler.

Wagtlaýyn ulanylmaýan belli maksatlara, möhlete niýetlenen, yzyna gaýtarmak şerti bilen berilýän pul serişdelerine ykdysady edebiýatlarda **karz** diýlip aýdylýar.

Möhleti boýunça karzlar üç topara bölünýär: uzak, orta we gysga möhletleýin karzlara.

Uzak möhletleýin karzlar üç ýyldan (käbir döwletlerde - bäş ýyldan) uzak möhletlere berilýär . Orta möhletleýin karzlar bir ýyldan üç ýyla çenlidir. Gysga möhletleýin karzlar bolsa köplenç bir ýyla çenli berilýär.

Ykdysatçy alymlaryň ençemesi karzlary möhletleri boýunça diňe iki topara bölýärler: gysga we uzak möhletleýin karzlara. Olaryň pikiri boýunça orta möhletleýin karzlary görkezmek hökman däl. Türkmenistanyň hukuknamalaryna, banklaryň, kärhanalaryň hasabatlaryna laýyklykda hem karzlar diňe gysga we uzak möhletleýin karzlara bölünýär.

Ykdysady edebiýatlarda karzlaryň dürli **görnüşleri**, şol sanda: bank, täjirçilik, sarp ediş, döwlet, döwletara, bankara, lizing, konsorsial, owerdraft, ramburs, tehniki we gaýry karzlar görkezilýär.

Görkezilen karzlaryň her haýsynyň öz aýratynlyklary bardyr.

Bank karzlary banklaryň öz müşderilerine – edara görnüşli we şahsy taraplara, edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçilere niýetlenýär.

Banklardan başga edara görnüşli taraplaryň, telekeçileriň, şahsýetleriň bir-birine berýän nesýeleri (karzlary) täjirçilik karzlary diýlip hasaplanýarlar.

Dürli taraplaryň şahsy taraplara sarp ediş harytlary (telewizorlary, öý enjamlary we ş.m.) satyn almak üçin berilýän serişdelere (karzyna berilýän harytlara) - sarp ediş karzlar diýlip düşünilýar.

Döwletiň karzlary – bu döwletiň ilatdan möhletli we tölegli şertlerde gymmat bahaly kagyzlaryň (obligasiýalaryň) deregine alynýan pul serişdeleri.

Döwletara karz gatnaşyklary - döwletler biri-birine pul serişdeleri görkezilen şertlerde beren wagtynda ýüze çykýar.

Bankara karzlary - banklar biri-birine karz çeşmeleri ýetmedik ýagdaýylarda berýärler.

Lizing karzlary, ýokarda bellenilişi ýaly- bank ýa-da lizing kompaniaýalary gymmat bahaly enjamlary we gaýry esasy serişdeleri satyn alyp olary başga tarapa kärende hökmünde berýärler. Lizing karzynyň möçberi göterim bilen alyjy tatrapdan doly tölense lizinge alnan enjam ýa-da gaýry esasy serişdesi şertnama laýyklykda alyjynyň eýeçiligine geçip biler. Enjamlar (esasy serişdeler) orta möhlete kärendä berlende amala haýring , gysga möhlete berilse renting amaly diýilýär.

Birnäçe banklar belli bir uly möçberdäki taslama boýunça karzlary bileleşip berýän bolsalar, olara konsorsial karzlar diýilýar.

Owerdraft karzlary –abraýly kärhanalara pul serişdeleriň hasaplaşyk hasabynda wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýda berilýar.

Ramburs karzlary-daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklary giňeltmek, harytlary çalt ýerleşdirmek üçin berilýär.

Tehniki karzlary-bir döwlet başga döwlete uly möçberlerde harytlary, ya-da çig mallary iberýän bolsa we haryt alyjy-döwlet öz wagtynda dürli sebäplere görä haryt-iberiji döwlet bilen hasaplaşyp bilmedik bolsa, onuň bergisi tehniki karz görnüşinde resmileşdirilýär. Mysal üçin, Türkmenistan bir näçe gezek Ukraýina iberen tebigy gaz boýunça algylaryny, tehniki karzy görnüşine resmileşdirdi.

Şu kitapda gurluşyk guramalaryň we maýadarlaryň banklar bilen karz gatnaşyklaryna esasy üns we aýratyn orun beriler.

Pul serişdelerini karz bermek üçin, olary ilki toplamak gerek. Banklar köplenç karzlary diňe hususy serişdeleriň hasabyna bermän, eýsem müşderilerden wagtlaýyn alnan serişdeleriň hasabyna-da berýärler.

Karzlary bermek üçin süýşürilýän serişdelere karz serişdeleri ýa-da karz çeşmeleri diýilýar. Banklar karzyň çeşmeleri hökmünde şu aşakdaky serişdeleri ulanyp bilýärler:

- bankyň hususy karz çeşmeleri -esaslyk maýasy (ustaw), ätiýaçlandyrma, geljekki harajatlar, ýörite maksatly we gaýry toplumlaryň serişdeleri;

- müşderileriniň hasaplaşyk, depozit, gündelik, goýum we gaýry hasaplarda ýerleşdirilip, wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeler;

Bank müşderilerine karzlary diňe çeşmeleri bar bolan wagtynda berip bilýändir. Ýagny , bankyň karz çeşmeleri näçe köp bolsa, şonça-da bank köp müşderilere karz bermäge ukyplydyr. Eger-de bankyň müşderileriniň karzlara islegi karz çeşmelerinden artýan bolsa, bank karz serişdelerini Merkezi bankdan ýa-da başga täjirçilik banklaryndan satyn alyp biler.

Karzlaryň bazaryna biziň döwletimizde Türkmenistanyň Merkezi banky gözegçilik edýär. Berilýän karzlaryň möçberini Merkezi bank artdyryp we azaldyp biler. Şol işleri geçirmek üçin Merkezi bank gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterimini kesgitleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda onuň derejesi ýyl-ýyldan pese düşýär. Netijede täjirçilik banklaryna satylýan karzlaryň bahasy pese düşüp, karzlaryň göterimleri hem pese düşýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterimi ykdysadyýeti ösen döwletleriňki ýaly we başga döwletleriň ykdysadyýetçilerini haýran galdyrýar.

Karz berlende ähli döwletlerde belli ýörelgeler, esaslar göz önünde tutulýar. Mysal üçin, Türkmenistanda we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän döwletlerde karz berlende aşakdaky ýörelgilerden (prinsiplerden) ugur alynýar:

- maksatlylyk;

- möhletlilik;

- yzyna gaýtaryp bermeklik;

- töleglilik;

- maddy üpjünçilik.

Iňlis dilinde çykýan ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň ýörelgileri „CAMPARI“ sözi bilen bellenilýär. Şu sözüň her harpynyň öz manysy bar. Onuň aňlatmalary şu aşakdaky ýalydyr:

C - müşderiniň esaslyk maýasynyň häsiýetnamasy;

A - karzy gaýtaryp bermäge ukyplylygy;

M - marža (peýda);

P - karzyň maksady;

A - karzyň möçberi;

R - karzy yzyna gaýtaryp bermekligiň şertleri;

I - karz yzyna gaýdyp gelmedik ýagdaýynda töwekgelçiligiň ätiýaçlandyrylyşy.

Görkezilen ýörelgilere jikme-jik seredip geçeliň.

Gurluşyk guramanyň, maýadaryň karz almak ukyplygyna häsiýetnama berlende banklar olaryň esaslyk maýasyna, ätiýaçlyk goryna ýörite maksatly we başga gaznalaryna bar bolan emläklerine baha berýärler. Şol sebäpli gurluşyk guramalar, maýadarlar öz maýalaryny, gorlaryny, gaznalaryny artdyrmak üçin mydama işlemelidirler.

Karz alyjynyň karzy gaýtaryp bermäge ukyplylygyny barlanlarynda banklaryň işgärleri karz alýana .ynanyp bolarmy, onuň aljak bolýan karzlary öz wagtynda yzyna gaýtarmak üçin sagdyn maliýe pikiriň bardygyny bilmek isleýärler.

Banklar müşderiler baradaky pikirlerini aşakdaky usullaryň kömegi esasynda çykarýar:

- olaryň öňki işini öwrenmegiň esasynda;

- guramanyň (maýadaryň) ýolbaşçylary bilen duşuşyk geçirmegiň netijesinde.

Gurluşyk guramanyň (maýadaryň) öňki işleri onuň maliýe hasabatlaryň esasyndan öwrenilýär. Maliýe hasabatlary bolsa garaşsyz auditorlar ýa-da banklaryň işgärleri tarapyndan barlanýar. Barlaga köplenç üç ýa-da bäş ýylyň maliýe hasabatlary alynýar.

Ykdysadyýeti ösen döwletlerde gurluşyk gurama (maýadar) ýa-da başga kärhana barada maglumatlary ýygnaýan ýörite firmalar hem bardyr. Olar ýygnalan maglumatlary raýatlara, banklara we gaýry edara görnüşli taraplara satýarlar. Maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden (metbugatdan, radiodan, teleýaýlymlardan) we gaýry çeşmelerden alynýar.

Banklar şu firmalaryň maglumatlaryny birnäçe ýagdaýlarda ulanýarlar. Ýöne müşderiler barada maglumatlary hem olaryň özleri ýygnaýarlar. Banklary gyzyklandyrýan esasy mesele müşderileriň şu günki hem-de geljekki maliýe ýagdaýlarydyr. Geljekki maliýe ýagdaýy bolsa, onuň geljekki girdejilerine we çykdajylaryna baglydyr. Şu meseleler kärhananyň ýolbaşçylaryny hem hökmany syratda gyzyklanmalydyrlar.

Banklary karz alýan kärhananyň we onuň esaslandyryjylaryň durmuşy we ykdysady taýdan durnuklylygy hem gyzyklandyrýandyr. Kärhananyň ýolbaşçylaryň we esaslandyryjylaryň emläkleri, maddy we maşgala ýagdaýlary, saglygy, ýaşlary, telekeçilik dünýäsinde aragatnaşyklary, karzy kepillendirip biljek dogan garandaşlary barada maglumatlar bank tarapyndan ýygnalyp anyklanylýar we seljerilýär.

Karzyň maržasy (peýdasy)- bank karz berende, şol karzdan peýdany görmek, netije gazanmak üçin berýär. Şol sebäpli kärhana karzy alanda öz bähbidini hem ýatdan çykarmaly däldir.

Karzyň maksady bankyň işgärlerine hökmany ýagdaýda belli bolmaly. Şu şert ähli kärhanalara, telekeçilere we şahsy taraplara hem degişlidir. Bankyň işgärleri karzyň maksadyny bilmän, kärhana (başga müşderä) karz berip bilmezler.

Karzyň maksady kärhana (müşderi) bilen bankyň arasyndaky ylalaşyk esasynda kesgitlenilýär. Karz dürli maksatlar üçin berlip bilner. Emma karzyň maksady hökmany ýagdaýda döwletiň kanunlaryna hem-de kärhananyň esasnamasyna (ustawyna) gabat gelmelidir. -

Kanuna laýyk gelmeýän karzlar berlen ýagdaýynda ol şu aşakdaky netijelere getirip biler:

- kärhana we onuň döredijileri bankyň maliýe çäreleri zerarly zyýan çekmegi mümkin;
- kärhananyň ýolbaşçylaryň işleri hukuk-goraýjy guramalara geçirilip bilner;
- kärhana batyp, ýapylyp bilner.

Karzyň möçberi ulanyljak maksada laýyk gelmelidir. Sebäbi karz almagyň we yzyna gaýtarmagyň tejribesi boýunça, kärhana karzy kem möçberde alanda ol özüne goýan maksatlaryna ýetmän we meýilnamalaşdyrylan derejelerde girdejileri alyp bilmän, alan karzyny köplenç wagtynda yzyna gaýtarmany başaranok.

Karz alnanda kärhananyň karzy yzyna gaýtaryp bermäge ukyplylygy öňünden hasaplanmalydyr.

Kärhananyň göz öňünde tutýan maksatlaryny ýerine ýetirmegi üçin hususy serişdeleriniň möçberi karzyň möçberinden köp bolmaly. Emma birnäçe karzlar, müşderiniň hususy serişdeleri az bolan ýagdaýynda hem berilýär. Mysal üçin, daşary döwletlerde ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin karz jaýyň 95% bahasyna çenli berilýär. Ulag (awtoulag) almak üçin bolsa köp döwletlerde müşderiler alýan ulagynyň bahasynyň diňe 20-33,3% öňünden töleýärler. Ulagyň galan bahasy banklaryň berýän karzlarynyň hasabyna tölenilýär.

Karzy yzyna gaýtaryp bermekligiň esasy şerti - ony yzyna öz wagtynda göterim bilen gaýtarmaklygyň anyk ähtimallygy. Kärhana karzyny gaýtaryp bermek üçin çeşmeleriň ýeterlik derejede boljagyny anyklamalydyr. Şeýle çeşmeler ýeterlik boljagyna kärhanayň ýolbaşçylarynda doly ynamy bolmasa kärhana karzy almaly däl Bank müşderiniň gowy maddy üpjünçiligi bar bolanda-da karzyna pul serişdelerini bermeli däl.

Karzyň maddy üpjünçiligi banklaryň özlerini goramak üçin ulanýan usulydyr. Ol usul diňe kärhana (müşderi) bank bilen hasaplaşyp bilmedik ýagdaýynda ulanylýar. Emma bankyň esasy maksady müşderiden maddy üpjünçiligi almak däl-de, eýsem karz berip, ondan peýda gazanmakdyr.

Kärhana aljak karzyny yzyna gaýtaryp bermekliginiň ukyplylygyny barlamalydyr we aşakdaky işleri geçirmelidir:

- göterimler bilen tölegiň mukdaryny sanap çykmalydyr;
- karzy üzmek üçin öz çeşmeleriniň ýeterlikdigini anyklamalydyr. Bu iş karz alynmanka geçirmelidir.

Kärhanalar karzy üzmek üçin ilki şahsy hasaplaşyk hasabyna gelýän pul serişdelerini süýşirip, soň karz hasabyna geçirmelidirler.

Kärhana möwsümleýin işleýän bolsa, esasy karzy girdeji köp gelýän möwsümde gaýtarmany meýilnamalaşdyrmalydyr.

Ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň üç usuly bellenilýar:

- galyndy;

- aýlaw (dolanyşyk);

- galyndy-aýlaw (dolanyşyk*)*.

Galyndy usuly boýunça karzy hojalyk hasaplaşygyndaky gurluşyk edaralary, senagat kärhanalary we başgalar alyp bilerler. Galyndy usuly boýunça karz berlende kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň galyndylary hasaplanylyp, şolaryň möçberine görä karz berilmelidir.

Aýlaw (dolanyşyk) usuly boýunça karzlar söwda we üpjünçilik edaralaryna berlip bilner. Şu usul boýunça kärhananyň aýlanyşygynda bar bolan maddy gymmatlyklary hasaplanylyp we şolaryň dolanyşygyň möçberine görä karzyň möçberi kesgitlenýär.

Galyndy-aýlaw (dolanyşyk) usul boýunça karz önki SSSR-de 1930-njy ýyllarda ulanylýardy. Şeýle usul boýunça karz aktiw-passiw kontokorent hasaplaryndan Orsýetde we gaýry döwletlerde häzirki wagtda-da hem berilýär. Kontokorent hasaby hasaplaşyk hasabynyň we karz hasabynyň wezipelerini ýerine ýetirýär. Şu usul boýunça karzlar berlende kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň hem galyndylarynyň hem dolanyşygynyň möçberleri göz öňünde tutulyp, karzlar berilýä.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda we gaýry GDA ýurtlarynda girew esasynda hem karzlar berilýär. Ykdysady edebiýatlarda girew esasynda berilýän karzlar aýratyn usul boýunça berilýän karzlar diýip bellenmeýär. Girew usuly birinji üç usul boýunça karz berlende-de ulanylyp bilner.

Öňki SSSR-de 30-njy ýyllardan soň banklar karz berende girew almaýardylar. Girew almaklyk bazar ykdysadyýetine geçen döwletlerde giňden ulanylýar. Şoňa garamazdan, girew hökmünde kärhananyň emlägini goýmak bilen baglylykda käwagt kyn çözülýän meseleler hem ýüze çykyp biler.

Banklar kärhanalaryň karzlaryny möhletleri we üpjunçiligi boýunça şeýle häsiýetlendirýärler:
-möhleti geçen gününden 30 güne çenli standart;
- 31 günden 90 güne çenli substandart;
- 91 günden 180 güne çenli şubhelli;
- 180 günden ýokarlara ygtybarsyz.

Karzy almanka gurluşyk guramanyň ýolbaşçylary (maýadarlar), ýa-da başga karz alýan taraplar birinji nobatda „Karzyň deregine başga çeşmeleri ulanyp bolmazmy?**“ diýen soraga jogap bermelidir. Şol** soraga jogap bermek üçin olar aşakdaky işleri amala aşyrmalydyrlar:

- Ýagdaý bolan wagtlarda göterimsiz pul kömeklerini alyp görmeli. Yslam döwletlerinde karzlar göterimsiz berilýänligini we şol döwletlerde göterim almaklygy haram diýip hasaplanýandyklaryny ýatdan çykarmaly däl. Gyrgyzstanda, Gazagstanda we başga käbir döwletlerde banklar müşderilerden göterim alman olaryň (kärhanalaryň) paýdarlary hökmünde çykyş edýärler.

- Guramanyň ýolbaşçylary (esaslandyryjylary) karzyň maksatlaryny amala aşyrmak üçin gurluşyk guramanyň (esaslandyryjylaryň) öz mümkinçiliklerini täzeden barlap görmeli.

- Gurluşyk guramany (kärhanany) giňeltmek üçin banklardan başga paýdarlary çekmeli ýa-da kärhananyň esaslandyryjylarynyň sanyny artdyrmaly.

- Gurluşyk guramanyň (maýadaryň) peýdasyny artdyrmagyň we netijeli ulanmaklagyň ýollaryny täzeden anyklamaly.

- Gurluşyk gurama (maýadar) zerur bolmadyk we peýda getirmeýän emläkleri satmaly.

- Gurluşyk gurama (maýadar) ähli algylaryny almaga synanşmaly.

- Gurluşyk gurama (maýadar) bergilerini zyýansyz uzaldyp bolýan ýagdaýlarda olary uzaltmaly.

Ýokarda görkezilen işler ýerine ýetirilenden soň, karz almagyň zerurlygy aýrylmasa, Gurluşyk guramanyň ýolbaşçylary, maýadar karzlary haýsy bankdan almak amatlydygy meseläni çözmelidirler. Bu meseläni çözmek üçin ýolbaşçylar diňe bir bankyň şertlerini öwrenmän, eýsem dürli banklaryň karz bermekliginiň şertlerini öwrenmelidir. Şertleriň içinde karzyň möhletine, göterimleriň derejesine, girewine, walýutasyna, bankyň hukuklaryna we kärhana garşy görüp biljek çärelerine aýratyn üns berilmelidir. Gurluşyk guramanyň, maýadar ýa-da karzy aljak başga tarapyň ýolbaşçylary (menejerler) şol şertleriň iň amatlysyny saýlap bilmelidirler.

Karzyň göterimi näçe pes bolsa, karz alyja şonça-da ony tölemek aňsat düşýär. Karzy gaýtarmagyň möhleti näçe uzak bolsa, şonça-da karz alyjy üçin amatlydyr. Sebäbi bellenilen möhletden soň karz beriji bilen kärhana hasaplaşanda göterimler ösýär we ol zyýan çekýär.

Banklar karzlary dürli walýutalarda berip bilerler. Dürli walýutalarda alynýan karzlaryň şertleri deň däldir. Sebäbi dürli walyutalaryň inflýasiýanyň ösüşi, kurslaryň üýtgemegi, başga walýutalara öwrülmegiň şertleri dürlidir. Şol sebäpli karzy gaýtarmakda dürli meseleler ýüze çykaýmagy ahmal**.**

Köplenç karz alyjy haýsy walýutada girdejileri gazanýan bolsa, şol walýutalarda karzlary almak amatly bolýar, karzlary we göterimleri gaýtarmagy aňsatlaşýar. Şoňa garamazdan tejribede dürli başga ýagdaýlaram hem bolup biler. Şolaryň hemmesiniň gowy we erbet taraplaryny seljerip ýolbaşçylar özleri üçin haýsy walýutada karzy almak amatly diýen -netijäni çykarmany başarmaly.

Gurluşyk guramalaryň ýolbaşçylary, maýadarlar daşary ýurtlardan karz almanka, ýerli banklar bilen maslahatlaşmalydyrlar. Sebäbi banklaryň karzlar, karzlaryň bazary barada maglumatlary köpdür. Olar internet arkaly dünýä karzlarynyň bazaryny öwrenýärler. Häzirki döwürde käbir Arap, Hytaý ýurtlarynyň banklaryndan karzlary iň gowy şertler bilen alyp bolýar.

Käbir karzlaryň şertleri bolsa agyr bolup, soňunda olar köp kynçylyklara getirýär. Aýratyn hem uzak möhletleýin uly möçberlerde alynýan gurluşyk işleri amala aşyrmak üçin karzlar.

Karzlaryň şertlerini öwrenilýän döwründe karz alyjy tarapynyň dolandyryjylary karzyň ähli şertlerini öwrenip, onuň netijeliligini we şol şertleri doly ýerine ýetirip boljagyny hasaplap görmeli**. Hasaplaýyş işleri geçirilende girdejiler, çykdajylar, tölenjek salgytlar, göterimler täzeden hasaplanylyp barlanylmaly. Şol işleri geçirmek üçin dolandyryjylar** çaklaýyş işlerini geçirmäni başarmalydyr**. Olar geljekki ýyllaryň nyrhlaryny, hümmetsizligiň ösüşini, walýuta kurslarynyň üýtgemegini çaklap bilmelidirler.**

Bankdan karz alýan **kärhanalar banklara köplenç aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:**

- şahsy hasaplaşyk hasabyny açmak üçin tabşyrylýan resminamalary (resminamalaryň sanawy şu gollanmanyň öňki sahypalarynda görkezilendir);
- arzany;
- telekeçilik işiniň meýilnamasyny (biznes plany);
- karzy ödemek hakyndaky hasaby;
- taslama-harajatnama resminamalary (smetalary);
- maliýeleşdirilmegiň meýilnamasyny;
- girew hakynda şertnamany;
- borçnamany;
- gaýry resminamalary.

Alnan karzlary hojalyk hasaplaşykda hereket edýän guramalar 90 we 92-nji balans hasaplarda hasaba alynýar. 90-nji balans hasapda banklaryň gysga möhletleýin karzlary , 92-nji hasapda bolsa banklaryň uzak möhletleýin karzlary hasaba alynýar. Bu hasaplar passiw hasaplar. Olar her haýsy üç sany hasapiçi hasaplara bölünýär. Şol sanda:

1. Üzlüşilmedigi.
2. Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlany
3. Göterimler we hyzmatlar boýunça bergi

Karzlar alnanda buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 50 „Kassa”, 51 „Hasaplaşyk hasaby”, 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby”,55 „Banklardaky ýörite hasaplar „
Kredit 90 „Banklaryň gysga möhletleýin karzlary”
Debet 50 „Kassa”, 51 „Hasaplaşyk hasaby”, 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby”,55 „Banklardaky ýörite hasaplar „
Kredit 92 „Banklaryň uzak möhletleýin karzlary”.

Karzlar yzyna gaýtarlanda **buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:**

Debet 90 „Banklaryň gysga möhletleýin karzlary”
Kredit 50 „Kassa”, 51 „Hasaplaşyk hasaby”, 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby”,55 „Banklardaky ýörite hasaplar „
Debet 92 „Banklaryň uzak möhletleýin karzlary”.

Kreditt 50 „Kassa”, 51 „Hasaplaşyk hasaby”, 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby”, 55 „Banklardaky ýörite hasaplar „

Gurluşyk guramanyň (maýadaryň) alan karzyny göterim bilen gaýtarmakda dürli meseleler we töwekgelçilikler çykyp biler. Şolaryň içinde: walýyuta, inflýasiýa, göterim, pudak, ýurt , syýasy we başga töwekgelçilikler.

Görkezilen töwekgelçikleriň atlary-öz düýp manysyny görkezýärler.

Walýuta töwekgelçiligi –walýuta hümmetiniň (kursynyň), inflýasiýa töwekgelçiligi - puluň hümmetiniň, göterim töwekgelçiligi bolsa göterimleriň üýtgemegi bilen baglydyrlar.

Kärhananyň dolandyryjysy kärhana tarapyndan karz alynmanka, ýokarda görkezilen ähli töwekgelçilikleri göz öňünde tutmalydyr.

Başga söz bilen aýdaňda karzy göterim bilen bökdençsiz gaýtarmak üçin we görkezilen töwekgelçilikden goranmak esasy usullaryň biri-öňünden gowy pikirlenip çaklaýyş işleri geçirmek. Emma karz alnandan soň bazaryň şertlerini , kärhananyň maliýe ýagdaýyny öwrenmegi we degişli çäreleri geçirmegi ýatdan çykarmaly däldir.

Alnan karzlaryň göterimleri käbir ýagdaýlarda kärhana üçin gaty agyr bolup biler.

Dünýä tejribesinde göterimler iki topara bölünýar:

berkidilen we berkidilmedik göterimlere. Şolaryň içinden kärhananyň ýolbaşçylary bazaryň ýagdaýlaryna görä, iň amatlysyny saýlamagy başarmaly. Käbir bazar şertlerinde berkidilen göterimler kärhana üçin amatly bolup biler. Şonuň ýaly ýagdaýlar köplenç puluň hümmeti çalt depginler bilen pese düşjekdigi çak edilse we berkidilýän göterim pes derejede kesgitlenilse gabat gelinýär.

Mysal üçin, 1986-1991-nji ýyllarda uzak möhletleýin we berkidilen göterimli karzlary alan kärhanalar karzlaryň hasabyna çalt maliýe ýagdaýlaryny ýokarlandylar. Olar karzlary alan wagtlarynda puluň hümmeti gaty ýokarydy, karzlar gaýtarlanda puluň hümmeti ýaman pese düşdi. Deňeşdirmek üçin, 25000 rubla (manada) 1986-nji ýylda maşgala üçin ýaşaýyş jaýy gurup ýa-da satyn alyp bolýardy. 1991-nji ýylda bolsa 25000 rubl orta maşgalany bir aý eklemäge ýetenokdy.

Berkidilmedik göterimleri geljekki döwürleriň pulunyň hümmetini çak edip bolmadyk ýagdaýlarda ulanmak, amatly bolýar.

Göterim töwekgelçiligi öz gezeginde walýuta we inflýasiýa töwekgelçilikler bilen berk baglanşyklydyr.

Ähli karz alyjylaryň maliýe ýagdaýlary we karzy göterim bilen gaýtarmagyň ukyplylygy olaryň degişli pudagynyň, ýurdynyň ýagdaýyna we döwletiň syýasatyna hem baglydyrlar. Şol babatda karz alyjynyň karzy göterim bilen gaýtaryp bermekde pudak, ýurt, syýasy töwekgelçilikler hem bardyr.

Dürli pudaklaryň töwekgelçiligi dürlidir. Mysal üçin, oba hojalyk pudagynyň töwekgelçilikleri ýokary bolýar. Sebäbi, oba hojalygynyň önümi howa, tebigy ýagdaýlara berk baglydyr. Gözleg -ahtaryş işler bilen bagly pudaklaryň töwekgelçiligi hem ýokary bolýar. Goýulýan goýumlar köp wagtlap netije bermän hem biler. Emma geljekki düşewüntler täze hereketlere iterýär.

Dürli pudaklarda üstünlik gazanmak şertleri deň däldir. Käbir pudaklarda bäsdeşlik iň ýokary derejelere barýar. Ol bosa öz gezeginde nyrhlara , girdejilere we kärhananyň töleg ukyplylygyna göni täsir edýär.

Eger-de meýilnamalaşdyrylan derejelerden köp girdeji gelýän bolsa, karzy möhletinden öň gaýtarmak **amatly bolýar. Sebäbi geljekki ýagdaýlary çaklamak aňsat däl we olardan hem goranmalydyr.**

Walýuta töwkgelçilikden goranmak üçin käbir daşary ýurtlaryň ykdysadyýetçileri dürli walýutlarda karzlary almagy maslahat beryärler. Eger-de bir walýuta karzyndan zyýan çekilse, başga walýutada alnan karz şol zyýanlary ýapmaga ýardam beräýmegi ahmal**. Emma bu usulyň hem öz kemçilikleri bar. Saýlanan walýutalar ikisem zyýanly çykaýmagy ahmal. Hasaby ýöretmek we hasaplaşmak kynlaşýar.**

Karzy üzmek üçin girewi (maddy üpjünçiligi) satmaly bolar diýip pikir kärhananyň ýolbaşçysynyň kellesine gelýän ýagdaýynda, ýokarda aýdylyşy ýaly, kärhana şol karzy almaly däldir. Şoňa garamazdan karzyň maddy üpjunçiligi kärhanany başga bir topar kynçylyklardan gorap biler, eger-de kärhana girewe goýýan zatlary dogry saýlan bolsa we garaşylmadyk ýagdaýlar dörände ony dogry ulanyp bilse. Sebäbi girewe goýlan zatlaryň bahalary köplenç dürli taraplara üýtgeýär, ýagny ösýär ýa-da pese düşýär.

Tejribede köplenç ýaşaýyş jaýlaryň we başga gozgalmaýan emläkleriň bahalary ösmek bilen bolýar. Emma olaryň hem bahasy birnäçe ýagdaýda aşak düşüp biler. Onuň ýaly mysallar dünýa tejribesinde hem köp.

Ýaramaz ýagdaýa düşen kärhanalar girewe goýlan emlägi çaltrak satmak üçin onuň bahasyny arzanladyp - söwda çykdaýjylaryny, köp wagtlap ony satyp bilmese, aýratyn görünmeýän zyýanlary hem çekýändir.

Karz alyjy alan karzyny wagtynda gaýtaryp bilmedik ýagdaýda girewe goýulan emläkleri çalt ýerleşdirip bolar ýaly kärhananyň ýolbaşçylary girewi satyn alyp biljek taraplary göz öňünde tutmalydyrlar**.** Şol işi diňe bankyň özüne ýüklemeli däldir. **Sebäbi bank kärhananyň goýan girewini arzan bahadan ýerleşdirip we karzyň gaýtarylmadyk möçberini kärhanadan talap edip biler. Oňa bankyň haky bardyr. Netijede kärhana** goşmaça zyýan çeker**.**

Bank girewiň ätiýaçlandyrmasyny talap edip biler. Şol talap kärhana üçin hem alnan karzy göterim bilen gaýtarmany aňsatlaşdyryp biler.

Jemläp aýdamyzda, kärhanalar alnan karzy göterim bilen gaýtarmak ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin we şol işiň töwekgelçiliklerden goranmak üçin aşakdaky usullary ulanmalydyrlar:

- karzy almanka degişli çäreleri geçirip karzyň şertlerini we ähli töwekgelçilikleri gowy öwrenmelidir ;

- karzy alyp, bellenilen maksat üçin ulanyp gowy işlemelidirler;

- gurluşyk guramalaryň ýolbaşçylary marketingiň we menejmentiň ähli usullaryny ulanyp girdejileriň möçberini artdyryp, girdejileriň çykdajylar bilen bagly aragatnaşygyny sazlamalydyrlar;

- girewe goýlan emläkleri ätiýäçlanmalydyrlar;

- girewe goýlan emläkleri satyn alyp biljek taraplary öňünden tapmalydyrlar;

- girewe goýlan zatlary birden satmaly bolan wagtynda , söwda gepleşikleri gurnap özleri olara gatnaşmalydyrlar;

- walýuta töwekgelçiliklerden goranmak üçin dürli walýutalarda karzy alyp bilerler;

- berkidilmedik göterimleriň möçberilerini özüne amatly bolan derejä getirmek üçin karz beriji bilen gepleşikleri gurnamalydyrlar;

- mümkin bolan döwürlerde (ýagdaýlarda) alan karzlary möhletden öň gaýtarmalydyrlar.

Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertde, gurluşykda hojalyk hasaplaşygyny çuňlaşdyrmakda we haryt-pul gatnaşyklaryny ösdürmeklige potratçy gurluşyk guramalarynda esasy orun – **dolanyşyk serişdelerine degişlidir.**

Potratçylyk gurluşyk edaralarynda dolanyşyk serişdeleriniň **çeşmeleri bolup**: kähananyň hususy we deňeşdirilen serişdeleri, bergidarlaryň serişdeleri, bankyň gysga möhletli karzy çykyş edýär.

Türkmenistanda soňky ýyllarda kabul edilen kanunlara laýyklykda potratçy gurluşyk edaralaryna karz serişdeleri ulanmaklykdaky özbaşdaklyklary ep-esli ýokarlandy:

1988-nji ýyla çenli potratçy gurluşyk-gurnama guramalary karzy 10 obýektdenem köpräk obýekte alýardy. Her obýekt boýunça karzy almaklygyň we üzmekligiň öz sertleri bardy – ol öz gezeginde diňe bir karz alýan guramalar üçin kynçylyk döretmän eýsem banklaryň hem işlerini çylşyrymlaşdyrýardy.

Häzirki wagtda potrat gurluşyk-gurnama, gurluşyk-abatlaýyş, geologiýa we beýleki guramalara, trestlere we müdiriýetliklere karzy birnäçe obýektleri birleşdirmek esasynda – **önümçilik harajatlarynyň we material gorlarynyň jemi esasynda berilýär.**

Ykdysady edebiýatlarda gysga möhletli karzyň obýektlerine karz näme üçin, näme esasynda berilýän bolsa şolara düşünilýär. .

Gysga möhletli karzyň obýektlerine: gurluşyk materiallary, önümçilik gorlarynyň jemi, tamamlanmadyk önümçilik, zähmet haky, gymmat bolmadyk gysga möhletli enjamlary satyn almaga niýetlenen harajatlar we ş.m. Şeýlelikde potratçy gurluşyk guramalary karzlaşdyrmak üçin islän obýektlerini saýlamaklyga hukugy bardyr, bank öz gezeginde gurluşyk potrat guramalarynyň karza ukyplylygyny barlamaga borçlydyr, karzlaşdyrmaklygyň ýörelgeleriniň berjaý edilişi, eger-de karz bermeklik karzyň ýörelgelerine ters gelmeýän bolsa, potratçy gurluşyk **guramalary karza ukyply** bolsa, onda onuň ýaly karzy bank berip bilýär.

Tejribede aýratyn ýagdaýlarda karzyň ýörelgelerine gabat gelmeýän karzlar hem berilýärdi. Mysal üçin, potratçy gurluşyk-abatlaýyş guramalar üçin, käbir ýagdaýlarda karzyň obýekti bolup- **aýlyk haky** çykyş edýär. Aýlyk tölemeklik üçin karz bermek bolsa karz bermegiň ýörelgelerine ters gelýär. Bu ýagdaýlaryň ýüze çykmagy býujete barmaly serişdeleriň öz wagtynda barmaýanlygy sebäpli,

potratçy gurluşyk-abatlaýyş edaralarynyň býujet guramalaryndan ýerine ýetirilen işleri üçin öz wagtynda pul serişdelerini alyp bilmeýänligi we öz işgärlerine aýlyk haklaryny wagtynda töläp bilmeýänligi bilen düşündirilýär.

Bazar ykdysadyýeti ösen şertlerinde potratçy gurluşyk edaralarynyň adatça dolanyşyk serişdeleri köp möçberde bolýar, şonuň üçin banka karz üçin ýüz tutmaýarlar. Zerur bolan ýagdaýynda **buýrujy** tarapyndan karz kömegi (awans) berilýär.

Gurluşyk potratçy guramalarynda gysga möhletli karzyň obýektleri: onuň buýrujylar bilen gatnaşyklaryna, baglaşylan şertnamalaryň şertine potratçy gurluşyk guramalaryň eýeçiliginiň görnüşine, önümçilik esaslarynyň ýagdaýyna we beýleki şertlere , ýagdaýlara bagly bolup durýar.

Soňky ýyllarda dürli eýeçilikdäki ýerli gurluşyk-abatlaýyş potrat guramalaryň sany köpelip başlady. Şol sebäpli karzlara bolan isleglerin artmagy ýüze çykmagyň ähtimallygy örän uly. Şol bir wagtyň içinde banklarda karz çeşmeleriň (resurslarynyň) köpelmegi, banklarda bäsdeşligiň barlygy, ýurduň gurluşyk-abatlaýyş potrat guramalaryna berilýän karzlaryň möçberiniň ösmegine getirer.

Karzyň obýektleri karz şertnamasynda göz öňünde tutulýar. Soňky ýyllarda köplenç potratçy gurluşyk-abatlaýyş edaralaryň karzyň obýekti hökmünde –täze tilsimat (tehniki) serişdeleri satyn almaklyk çykyş edýär. Sebäbi Türkmebistan gurluşyk meýdançasyna öwreldi we täze tilsimat (tehniki) serişdelere isleg gün-günden artýär.

V.2.Karzyň ýörelgeleri, usullary we karz bermekligiň tertibi. Karz çeşmeleriň (resurslaryň) düşünjesi. Karz şertnamasy. Karz bermekligiň köpdürli çemeleşmek usuly.

Ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň 3 usuly kesgitlenilýär:

1) Galyndy.

2) Aýlanyşyk esasynda karz bermeklik.

3) Galyndy-aýlanyşyk usuly.

Galyndy usuly esasynda düzgün bolşy, ýaly, potratçy gurluşyk guramalary, senagat kärhanalary we beýlekiler karzlaşdyrylýar. Bu usulyň **galyndy** diýilip atlandyrylmagy, karz haryt material gymmatlyklaryň ýa-da gurluşyk-montaž işleriň galyndysyna esaslanyp berilýär.

Aýlanyşyk usuly esasynda söwda, üpjün ediji – ýerleşdiriji we beýleki guramalara karz berilýär. Karzy haryt aýlanyşygy esasynda berilýär, haryt aýlanyşygy köpeldigiçe köp karz berip bolýar.

Galyndy-aýlanyşyk usuly öňki 2 usuly birleşdirýär.

Galyndy usuly esasynda karz **ýönekeý karz hasapdan** berilýär.

Aýlanyşyk usulynda karz ýöritelşdirilen karz hasapdan berilýär. 3-nji usulda karz bermeklik **kontokorent** hasapnamalaryň üstünden amala aşyrylýar.

Kontokorent hasapnamasyndan **hem** karz hem hasaplaşyklar amala aşyrylyp bilner.

Karzy bermekligiň we üzmekligiň şertleri karz şertnamasynda bellenilýär.

Önümçilik harajatlarynyň we material ätiýaçlyklarynyň esasynda karz almaklyk üçin potrat gurluşyk guramalary banka soňky ýyllaryň hasabatyny tabşyrýar, haryt-material gymmatlyklaryň galyndysy we önümçilik harajatlary barasynda güwänama, şonuň ýaly-da bank tarapyndan talap edilýän girew we beýleki resminamalar. **Karzy bermeklik karz alyjydan möhletleýin borçnamanyň alynmagy bilen utgaşdyrylýar.** Zerur bolan ýagdaýynda karz berilmänkä bank işgäri ýerinde karz alyjynyň hasabatynyň dogrylygyny barlaýar.

Potratçy gurluşyk guramalary barlanylan wagtynda esasy ünsi gurluşyk materiallarynyň saklanylyşyna bermeli, eger-de gurluşyk materiallary ýaramaz saklanylýan bolsa, olary üpjünçilikden aýyrmaly. Eger-de potratçy gurluşyk guramalary şol üpjünçilik esasynda karz alan bolsalar, onda onuň möçberi şol jemde kemeldilmelidir.

Eger-de müşderiniň köne bergisinden bergisi galan bolsa düzgün bolşy ýaly bank täze karz berenok, bulardan başgada ýitgide (düşewüntsiz) gurluşyk guramalaryna we balansy **likwidsiz** guramalara karz berilmeýär. Eger-de potratçy gurluşyk guramalary karzy **ýerine ýetirilen gurluşyk-gurnama** işleri boýunça alýan bolsa, onda ol banka tamamlanmadyk önümiň möçberi boýunça güwänama tabşyrmaly. Ol güwänama üpjünçilikden aýrylan, gurluşyk-montaž işleri, ýagny kanun esasynda maliýeleşdirmeklige kabul edilmedik işleriň möçberini aýyrmaly. Karzyň üpjünçiliginden maliýeleşdirilmedik obýektleri, Türkmenistanyň kanunyna laýyk gelmeýän we resminamalary doly jemlenmedik obýektler aýrylýar.

Karzy bermeklik üçin bank **ýönekeý (karz) hasabyny açýar.** Ol hasapdan gurluşyk-gurnama işleriniň gymmaty bilen ýa-da girew bilen üpjün edilen karzy hasaplaşyk hasabyna geçirýär. Käbir ýagdaýlarda banklar tamamlanmadyk gurluşygyň möçberini barlaýarlar. Şol maksat üçin banklarda ýöriteleşdirilen bölümleri bar (tehniki bölümi, departamenti).

Bankdan işlgärlerine aýlyk tölemeklik üçin karz alýan potratçy gurluşyk guramalary banka barýan hatlarynda näme sebäpden öz serişdeleriniň hasabyna aýlyk berip bilmeýän diklerini görkezýärler. Düzgün bolşy ýaly bank bulardan başga-da ýokary guramalardan trestden, Ministrlikden **kepil hatyny** talap edýär. Şonuň ýaly-da amallar salgyt resminamalar, möhletli borçnamalar, karz şertnamalary doldyrylyp resmileşdirilýär. Karzy bermekligiň we üzmekligiň şerti potratçy guramalardan we dürli banklarda dürli bolup bilýar.

Her bir bankyň müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermekligiň öz çemeleşmesi bolup bilýär. Banklar dürli resminamalary talap edip bilýär, ýöne olaryň umumy maksady bankdan alnan karzy öz wagtynda yzyna gaýdyp almak we göterim tölemeklik.

Dünýäniň tejribesi müşderiniň **karza ukyplylygyna** baha bermekligiň birnäçe ulgamyny işläp düzdi, ýöne häzirlikçe olaryň hiç birisi hem karzyň öz wagtynda yzyna gaýtarylmaýanlygynyň sebäbini doly derejede kepillendirmeýär. Banklarda mümkin bolan ýitginiň öwezini dolmak üçin ätiýaçlandyryş gaznalary döredilýär. Eger-de täjirçilik banklarynyň köp möçberde gaýtarylmadyk karzy bar bolsa olaryň maliýe taýdan batmagy mümkin.

Banklar gysga möhletleýin karzy potratçy guramalardan başga-da wagtlaýynça maliýe kynçylygy bolan maýadarlara hem berip bilýär. Şonuň ýaly karzlar berlende bank maliýeleşdirmekligi açmaklyk üçin zerur bolan resminamalary talap edýär. Maýadaryň karzyň zerurlygynyň sebäplerini düşündirýän karz (haýyşnamasy), girew resminamasy, kepil haty, möhletleýin borçnamasy, eger-de berilýän karz, karz bermegiň ýörelgelerine garşy bolmasa, töwekgelçiligiň derejesi pes bolsa, onda maýadar bilen karz şertnamasy baglaşylyp oňa ýönekeý karz hasaby açylýar.

V.III.Karzlary üzmekligiň tertibi.

Häzirki wagtda potratçy gurluşyk guramalary we maýadarlar döwlet salgyt gullugyna, çaklaýyş statistiki instituta we karz alanda banka hasabat tabşyrýarlar. Bank hasabaty alyp ony seljerýän müşderiniň karza ukyplylygyny kesgitleýär. Eger-de potratçy gurluşyk guramasynyň maliýe netijesi ýaramaz bolsa, onuň (üpjün edijä), býujete, banka uly möçberde bergisi bolsa, onda ol kärhana ýaramaz işleýänlere degişli edilýär

. Maliýe taýdan sagdyn, bankyň öňünde abraýly kärhanalaryna bank ýeňillikli pes göterimli karz berýär. Karzy ynam esasynda bermeklik bilen müşderiden talap edilýän resminamalaryň sanyny iň pes derejä çenli azaldylýar.

Ýaramaz işleýän kärhanalara (edaralara) garşy bank dürli maliýe çäreleri görüp biler. Sol sanda:

Karz bermeklik bes edilýär;

Karzyň obýektleri çäklendirilýär;

Karza tölenilýän göterim ýokarlandyrylýar;

Müşderiniň girewine goýan emlägi satylýar;

Müşderi tölege ukypsyz hasaplanýar;

Kepil geçijiden karzy möhletinden öň üzmekligi talap edilýär.

Bank kärhanalara maliýe çärelerini ulanjakdygyny öňünden duýdurýar. Häzirki wagtda käbir banklar karzyň yzyna gaýtarylmasy bolmasyzlygy üçin girewine goýlan emläkleri satmaklyk bilen meşgullanýarlar. Emma bankyň maksady girewleri satyp söwda etmek däl.**Bankyň maksady –** karzdan göterim almaklyk.

Bankyň kärhanalary ulanýan maliýe çäreleri girdeji almaga gönükdirilmän, karzyň kada-kanuny we esasy ýörelgelerini berjaý etmeklige gönükdirilmelidir**.** Sebäbi maliýe çäreleriň netijesi esasynda müşderiň maliýe ýagdaýy erbetleşse, kärhana maliýe taýdan batsa, bank geljekde müşdersiz we girdejisiz galyp biler.

VI Bap.Gurluşykda hasaplaşyk işleriniň guralyşy.

VI.I.Gurluşykda hasaplaşyk işlerini geçirmegiň esasy ýörelgeleri we görnüşleri.

Gurluşykda nagt däl pul hasaplaşygyny guramaklyk halk hojalygyň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 2004-nji ýylda işläp düzen düzgünnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Halk hojalygynda nagt däl hasaplaşygy guramaklygyň esasy ýörelgeleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:

1. Ähli kärhanalar, edaralar we guramalar öz pul serişdelerini bankda saklamaklyga borçlydyrlar.

2. Hasaplaşyk diňe nagt däl görnüşde amala aşyrylmaly, ýagny pul serişdeleri hasaplaşyk hasaba geçirilmeklik üçin başga bir hasapdan aýrylan bolmaly we bank gözegçiligi esasynda ýerine ýetirilmeli.

3. Hojalyk amallary, maddy gymmatlyklara tölege adatça iş ýerine ýetirilenden soň, hyzmatlar bitirlen soň amala aşyrylmaly eger-de şertnamada başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa.

Dünýä tejribesiniň taryhynda gurluşykda hasaplaşygyň dürli usullary ulanylýar. Şol sanda:

1. On günlik, aýlyk, çärýekleýin tölegler;
2. Tutuş obýekte tölenilýän tölegler;
3.”Gatlar”boýunça tölegler;
4. “Tapgyrlar”(“etaplar”) boýunça tölegler;
5. “Gurluşygyň önümini ulanyp bolýança” tölenilýän tölegler;
6. “Gurluşygy açar bilen açyp ulanylyp bolýança”, ýa-da doly tamamlanan gurluşyga tölenilýän tölegler.

Görkezilen usullaryň düýp manysyna olaryň atlaryndan düşünip bolýar. Şoňa garamazdan, şol usullaryň her haýsysyny aýratynlykda seredeliň.

On günlik, aýlyk, çärýekleýin hasaplaşyklar görkezilen möhletlerde ýerine ýetirilen işlere tölenýär. Ýerine ýetirilen işleriň bahasy ýeke-täk bahalaryň kömegi bilen kesgitlenýär. Mysal üçin, 1 m^3 betonyň guýulmagyna, ýa-da 1 m^3 kerpiçiň goýulmagyna, ýa-da 1 m2 suwaga we beýleki şonuň ýaly işlere döwlet tarapyndan kesgitlenilen ýeke-täk bahalaryň kömegi ýerine ýetirilen işleriň bahasy hasaplanýar. Hasaplaşygyň bu görnüşi gurluşyk işlerinden tamamlanylmazyndan has öň gurluşyk edaralaryna serişdeleri almaklyga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, hasaplaşyklar gurluşygyň esasy wezipesi bolan – önümçilik kuwwatynyň we esasy fondlaryň öz wagtynda güýje girizilmegi bilen baglanyşykly däldi. Onuň netijesinde köp obýektler, taýýar bolman, birnäçe ýerine ýetirilmedik işleri üçin doly işe girizilmän, tamamlanmadyk gurluşygyň ösmegine, esasy gaznalaryň meýilleşdirilen kuwwatdan pes derejede işlemegine getirýärdi.

Tutuş obýekte tölenilýän tölegler, gurluşygyň belli bir aýry "obýektiň" işleri doly tamamlanyndan soň , buýuryjy tarapyndan tassyklanylyp geçirilýär. Gurluşygyň içinde dürli "obýektler"bolup biler.

"Gatlar" boýunça hasaplaşyklar köplenç köp gatly ýaşayş we başga jaýlary gurlanda ulanylýär. Hasaplaşyklar gatlaryň yzygiderli gurulyşy boýunça geçirilýär.

"Tapgyrlar" ("etaplar") boýunça hasaplaşyklar köplenç uly gurluşyklar boýunça, ýa-da uzyn suw, gaz, elektrik energiýa geçirijileri gurlanda ulanylýär.

Görkezilen usullardan häzirki döwürde Türkmenistanda esasan iň netijeli we amatlylary – ikinji, üçünji, dördünji we altynjy usullary ulanylýär. Emma bir zady unutmaly däl, hasaplaşygyň her bir görnüşine artykmaçlyklar we kemçilikler mahsusdyr. Iş buýuryjylara amatly bolan hasaplaşyklar potrat gurmalar üçin belli derejede kynçylyklara getirýär. Öz gezeginde potrat guramalara amatly hasaplaşyklar buýuryjylar üçin belli derejede kynçylyklara getirip, gurluşygyň dowamlylygyny uzaltmagyna, tamamlanmadyk işleriň köpelmegine getirip biler.

VI.2. Gurluşykda nagt we nagt däl hasaplaşyklaryň geçirilişiň tertibi.

Gurluşyk potrat guramalary, maýadarlar öz hasaplaşyklaryny esasan nagt däl görnüşde amala aşyrmalydyrlar. Şuňa garmazdan ilat üçin ýaşaýş jaýlary gurup, ýa-da olaryň durkuny täzeläp, ýa-da olarda abatlaýyş işleri geçirip bilerler we nagt pul görnüşinde girdejileri gazanyp bilerler. Maýadarlar hem girdejileri nagt görnüşinde we ygtyýary bolan wagtynda dürli pul birliklerde gazanyp bilerler. Käbir halatlarda maýadarlar öz alan karzlaryny nagt pul görnüşinde, şol sanda hem ýörgünli pul serişdelerde gelýän girdejileriň hasabyna üzýärler. Emma karzy üzmek üçin olar girdejileri ilki hasaplaşyk hasaplara geçirmelidirler. Başga söz bilen aýdaňda banka tabşyrmalydyrlar. Bank bolsa şol pul serişdeleri nagt görnüşinden nagt däl görnüşine öwürýär.

Gurluşyk potrat guramalary, maýadarlar banklara nagt pullary, şol sanda hem daşary ýurtlaryň pul birliklerini aşakdaky usullar boýunça tabşyryp bilýär, **ýagny:**

- öz işgärlerini iberip **;**
- **bankyň** pul ýygnaýjysynyň (inkassatorlaryň) kömegi bilen**;**
- **birleşdirilen kassalaryň üsti bilen;**

- aragatnaşyk kärhanalaryň kömegi bilen .

Birinji usul esasynda nagt pullary iberýän taraplar şu kitabyň 2-nji goşulmasynda görkezilen resminamany doldurmalydyrlar. Şol resminamanyň üç bölegi bar. Şol sanda bildiriş, kwitansiýa we order. Bildiriş bankda galýar , kwitansiýa puly tabşyrýana berilýär, order bolsa tabşyrýan tarapyň özüne şahsy hasabynyň göçürmesi bilen bilelikde gowşurylýar.

Pul ýygnaýjylaryň kömegi bilen pul serişdelerini tabşyrmak üçin tabşyrýan tarap Merkezi bankyň inkassasiýa bölümi bilen ýörite şertnama baglaşmalydyr. Şol şertnamada pul tabşyrmagyň tertibi, inkassasiýa hyzmatlarynyň bahasy , taraplaryň hukuklary, borçlary we başga şertler görkezilýär. Pul serişdelerini tabşyrmak we kabul etmek işleri köplenç kärhananyň binasynyň birinji gatynda amala aşyrylýar. Eger-de puly tabşyrýan tarap ikinji ýa-da ýokary gatlarda ýerleşýän bolsa, onda onuň işgärleri bankyň pul ýygnaýjylaryny daşyna çykaryp, tä ulag serişdesine münýänçäler ugratmalydyrlar.

Inkassasiýa işlerini geçirmek üçin her pul tabşyrýan tarapa ýörite jübüt sanly pul haltasy berkidilýär. Şol pul haltalaryň deň paýynyň bir bölegi banka iberilýän bolsa, beýlekisi tabşyrýanyň özünde bolmalydyr.

Pul ýygnaýjylar gelmänkä, pul serişdeleri iberiji tarapyndan taýýarlanmalydyr. Pul haltasy ýörite düzgün boýunça ýapylmalydyr. Ýygnaýjylar (inkassatorlar) gelýänçä pul haltasy demir arjada (seýfde) saklanmalydyr. Demir arjanyň (seýfiň) açary pulhananyň işgäriniň özünde saklanmalydyr. Pul haltasynyň ýörite jübüsine puly iberýän tarapyň maddy jogapkärçiligini çekýän işgäri ugradyjy sanawnamany goýmalydyr. Şol sanawnama üç görnüşde doldurylýar. Birinji nusgasy kärhananyň özünde galmalydyr. Ikinji nusgasy pul haltanyň ýokarda bellenilişi ýaly ýörite jübüsine salynýar. Üçünji nusgasy bolsa gol çekderilip pul ýygnaýjynyň öz eline berilýär.

Pul ýygnaýjylary pul haltanyň özüniň we pul haltanyň daşyndaky gurşun berkitmesiniň (plombanyň) bütewiligine jogap berýärler. Eger-de pul haltasy we pul haltanyň daşyndaky berkitmesi bütew bolmasa hem-de bankda sanalanda pul haltasynda ýetmezçilik ýüze çyksa, onda oňa **pul ýygnaýjylar jogap bermelidir**. Eger-de pul haltasy we pul haltanyň daşyndaky berkitmesi bütew bolsa hem-de pul haltasynda bankda sanalanda ýetmezçilik ýüze çyksa, onda **ýetmezçilige pul ugradýan tarap jogap bermelidir.**

Maýadarlaryň bölümçeleri, dükanlary köp bolanda pullar bir b**irleşdirilen** kassa ýygnalýar we şol kassadan banka ýokarda görkezilen usuly bilen tabşyrylýar.

Hyzmat edýan bank puly tabşyrýan tarapdan daşda ýerleşende pul serişdeler banklara a**ragatnaşyk kärhanalaryň kömegi bilen** tabşyrylyp bilner. Tabşyrylan pul serişdeleri tabşyran tarapyň bankdaky hasaplaşyk hasabyna ýazylýar. Aragatnaşyk kärhanalary pullary banka tabşyrmak üçin ýöretilişdirilen işgärleri , tehniki we başga serişdeleri ulanylýar.

Bankdan nagt pullary gurluşyk potrat guramalary, maýadarlar başga taraplar ýaly çek esasynda alynýar.

Çek üç bölekden ybarat:

- koreşok;
- çek ;
- gözegçilik markasy.

Çekde aşakdaky maglumatlar ýazylýar:

- kärhananyň doly ady;
- hasaplaşyk hasabyň sanaw belgisi;

- pul alyjynyň ady, familiýasy, atasynyň ady;
- çegiň doldurylan senesi;
- pul almaklygyň maksady;
- alynjak pul serişdeleriniň möçberi (san bilen we ýazmaça);
- pul serişdelerini alýan raýatyň resminamasynyň maglumatlary (pasport seriýasy, sanawy, berlen wagty, kim tarapyndan berleni);
- pul berýän bankyň möhür-tagmasy (ştampy) we onuň ýerleşýän ýeri (şäheri, etraby, etrapçasy).

Doldurylan çegi **on günüň** dowamynda ulanyp bolýar. Çekde düzediş işlerini geçirmek gadagandyr. Ýalňyş goýberilen bolsa täze çek doldurylýar. Eger-de çek doldurylanda ýalňyş goýberilen bolsa, onuň ýüzi çyzylýar hem özi çek kitapçasyndan aýrylman, degişli ýagdaýda hasaba alynmalydyr.

Çeklerde ýazmaça alynjak pul serişdeleriniň möçberi uly harpdan başlanmalydyr. Pul serişdeleriniň möçberi üýtgedilmez ýaly, ýazmaça we san bilen ýazgylaryň öň ýanynda we soňunda boş ýer galdyrylmalydäldir. Alynjak puluň möçberi ýazylandan soň çekde boş ýer galýan bolsa, olaryň üsti çyzyklar bilen çyzylýar.

Bankyň işgäri dogry doldurylan çegi alyp, onda görkezilen gollary , möhüri gollaryň nusgalary bolan kartoçkasy bilen deňeşdirip, hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň möçberi ýeterlik derejede bar bolsa, çekde görkezilen möçberini hasapdan aýryp, pulhananyň dergisinden (žurnalyndan) amaly geçirip, çegiň gözegçilik markasyny pul alyja kesip berýär. Şondan soň çek içerki ýol bilen bankyň pulhanasyna iberilýär.

Bankyň pulhanasynyň işgäri çegi alandan soň, ony täzeden barlap, gollary olaryň nusgalary bilen deňeşdirip, pul serişdelerini taýýarlap başlaýar. Pullar taýýar bolandan soň, bankyň pulhanasynyň işgäri yörite tabloda çegiň sanawyny ýazýar. Öz çegiň sanaw belgisini görüp, pul alyjy pulhananyň ýanyna baryp, gözegçilik markasyny berip şahsy resminamany görkezmeli we alynmaly pul serişdeleriniň möçberini agzamaly. Agzalan möçberi we çegiň hem gözegçilik markanyň sanawnamalary deň gelen wagtynda pul serişdeleri çekde görkezilen pasportyň ýa-da başga ş.m. resminamanyň esasynda berilýär. Eger-de bankda tablo bolmasa, onda pul alyjy bankyň pulhanasyna özi barmalydyr.

Puly alandan soň pul alyjy bankyň içinde ýörite görkezilen ýerde olary sanap, hasabyny çykarmaly. Kem çykan pul serişdeleri ýörite resmileşdirilýär we müşderä onuň **ýetmedik möçberi doly gaýtarylyp berilýär**.

Eger-de pullaryň ýetmezçiligi (kemligi) olar bankdan çykarylandan soň ýüze çykarylsa, banklar müşderileriň **şikaýatlaryny hasaba alanoklar**.

Bankdan alnan pul serişdeleri gurluşyk potrat guramalarda (maýadarlarlarda) hem başga taraplarda şol günüň içinde barlanyp hasaba alynmalydyrlar. Hojalyk hasaplaşykda hereket edýän edara görnüşli tarapyň buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgy edilýär:
Debet 50 „Kassa“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Gurluşyk potrat edaranyň, maýadaryň pulhanasyna serişdeleri hasabat bermeli adamlardan gelende hasapda şeýle ýazgy edilýär:
Debet 50 „Kassa“ Kredit 71 „Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar“.

Hasabat bermelere pul serişdeleri pulhanadan berlende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:
Debet 71 „Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar“ Kredit 50 „Kassa“

Zähmet haky pulhanadan tölenende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:
Debet 70 „Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar“ Kredit 50 „Kassa“

Gurluşyk potrat edaranyň, maýadaryň (kärhananyň) pulhanasyna girdejiler nagt görnüşinde gelende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:
Debet 50 „Kassa“ Kredit 46 „Önümleri (işleri,hyzmatlary) ýerlemek“
Debet 50 „Kassa“ Kredit 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“
Debet 50 „Kassa“ Kredit 48 „Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi“
Debet 50 „Kassa“ Kredit 80 „Peýdalar we zyýanlar““.

Gurluşyk potrat edaranyň, maýadaryň (kärhananyň) pul serişdeleri banka tabşyrylanda buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 50 „Kassa“.

Biziň döwletimizde gurluşyklar boýunça nagt däl hasaplaşyklar 2009-njy ýylyň 19-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 6-njy buýrugy bilen tassyklanylan we şol ýylyň fewral aýynyň 24-ne 483-nji bellik bilen Türkmenistanyň Adalat Ministriligi tarapyndan bellige alnan „ Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünnamasy“ esasynda geçirilýär.

Şol düzgünnama Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän ähli kärhanalara we gurluşyk edaralara olaryň eýeçilik we hukuk-guramaçylyk görnüşlerine garamazdan degişlidir. Düzgünnama laýýyklykda hasaplaşýan taraplar hasaplaşygyň görnüşini potrat şertnama düzenlerinde özleri saýlap bilerler. Banklar kärhanalaryň baglaşýan şertnamalaryna goşulmaýarlar.

Nagt däl hasaplaşyklar halk hojalygynda hasaplaşygyň esasy görnüşi. Nagt hasaplaşyklary diňe belli ýagdaýlarda , eger-de nagt däl hasaplaşygy geçirip bolmaýan bolsa , bankdan şol maksat üçin çek arkaly pul serişdeleri alyp geçirip bolýar. Mysal üçin, bazardan çig mallary, gök önümleri satyn almak üçin.

Nagt däl hasaplaşyklar geçirilende banklar pul geçirýän tarapyň hasabyndan serişdeleri aýyryp pul alyjyň hasabyna olary ýazýarlar. Kärhanalar öz borçnamalary boýunça bellenilen möhletlerde hasaplaşmalydyrlar.

Türkmenistanyň çäginde kärhanalaryň arasynda nagt däl hasaplaşyklary şu görnüşlerde we aşakdaky resminamalar esasynda geçirilip bilner:

- töleg tabşyrygy;
- akkreditiwler;
- çekler;
- töleg talaby ;
- inkassa tabşyryknamalar (serişdeleri jedelsiz aýyrmagyň buýrugy);
- töleg talaby-tabşyrygy;
- meýilnamalaşdyrylan tölegler tertibinde hasaplaşyklar;
- bir-biriniň talaplaryny hasaba almagyň esasynda hasaplaşyklar görnüşinde.

Töleg tabşyrygy esasynda geçirilýän hasaplaşyklaryň düýp manysyny onuň ady görkezýär. Hasaplaşyk geçirilende töleýji öz pul serişdelerini başga tarapa geçirmäge öz bankyna **tabşyryk** berýär. Banklar töleg tabşyryknamany beren tarapyň pul serişdesini onuň hasabyndan aýyryp müşderiň görkezen **hasabyna geçirýärler.** Pul alyjy bilen pul iberijiň hasaplaşyk hasaplary bir ýa-da dürli banklarda ýerleşip biler. Töleýji pul serişdeleri dürli maksatlar üçin geçirip biler. Şol sanda:

- harytlar, hyzmatlar, işler üçin;
- salgytlary, ýygymlary tölemek üçin;
- karzlary üzmek üçin;
- başga maksatlar üçin.

Töleg tabşyrygyň nusgasyny şu okuw kitabynyň 4-nji goşulmadan görüp bilersiňiz. Olar 0401001 görnüşdäki blankalarda, çap edýän maşynkalaryň ya-da kompýüteriň kömegi bilen düzülýär (doldurylýar).

Tejribede bank tarapyndan razylygy berilen (akseptlenen) töleg tabşyrygy hem şu hasaplaşyklarda ulanylyp bilner:

- aragatnaşyk ministriligiň kärhanalary bilen , poçta arkaly geçirmeleri we poçta ýükleriň (posylkalaryň) üçin tölegleri boýunça hasaplaşyklary geçirlende;
-ýükleri, işgärleri (passažirlary) we olaryň ýüklerini daşamak üçin ulag aragatnaşyk edaralary bilen bir wagtlaýyn hasaplaşyklarda.

Mysal üçin, gurluşyk edarasy öz işgärini iş sapar bilen başga döwlete iberýär. Işgäre ýol petegi almak üçin kärhana nagt pul serişdeleri bermän akseptlenen töleg tabşyryknamasyny berýär. Şol resminamada işgäriň ady familiýasy we atasynyň ady görkezilip oňa gol çekdirilýär.

Akseptlenen töleg tabşyrygy bankyň iki jogapkär işgäri barlap öz gollaryny çekmelidirler we resminama bankyň gerbli möhüri kesgitlenilen tertipde basdyrylýar.

Bu işleri geçirmezden öň ýanynda ýörite 742-nji „Akseptlenen töleg tabşyryknamalar we hasaplaşyk çekleri“ atly hasaba töleýjiň pul serişdeleri tabşyrykda görkezilen möçberde geçirilýär (deponirlenýär). Şondan soň , bank tarapyndan töleg tabşyrygy akseptlenýär.

Akseptlenen töleg tabşyrygy esasynda gurluşyk edaranyň ýokarda görkezilen işgäri öz adyna ýol petegi ulag-aragatnaşyk edaradan , mysal üçin „Türkmenhowýollary“ edarasyndan satyn alyp biler.

Deponirlenen pullar aýyrlyp, başga maksatlara ýa-da bergileri ýapmaga ulanylyp bilinmez. Banklar eger-de akseptlenen töleg tabşyryknamada galp gol çekilen bolsa oňa jogap berenoklar.

742 –nji hasapda deponirlenen serişdeler ulag - aragatnaşyk ýa-da tabşyryknamada görkezilen başga edara bank tarapyndan geçirilýär.

Akkreditiw hasaplaşygy hasaplaşýan taraplaryň arasynda ynamsyzlyk bar wagtynda ulanylýar. Akkreditiw hasaplaşygy ulanylanda pul serişdeleri belli bir harydy (hyzmaty) satyn almak üçin ýörite akkreditiw hasaplara geçirilýär. Akkreditiw hasaplaşygy haryt iberijiň ýa-da hyzmat (iş) ýerine ýetirijiň töleýjiň hasaplaşmaga ýagdaýy barlygy barada ynamyny artdyrýar. Emma tejribede käbir haryt iberijiler töleýjä akkreditiw hasaby açdyryp özleri harytlary wagtynda iberenoklar. Şol sebäpli haryt alyjyň pul serişdeleri dolanyşykdan aýrylyp, ol käbir ýagdaýlarda maliýe kynçylyklary çekýär.

Akkreditiw hasaby açýan banka – „emitent banky“ diýilýär. Pul alyjy bolsa ykdysady edebiýatlarda we tejribede „benefisiar“ diýlip atlandyrylýar.

Türkmenistanyň çäginde soňky döwürlerde akkreditiw hasaplaşyklary seýrek ulanylýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarda bolsa hasaplaşygyň bu görnüşi giňden ulanylýar.

Dünýä we Türkmenistanyň tejribesinde **çekleriň** dürli görnüşleri ulanylýär. Şolaryň içinde nagt pullary bankdan almak, kassa çekleri we nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin- haryt , daýhan , ýol we başga **çekleri.**

Kassa çekleri, kassa abzalaryň kömegi bilen haryt alnanda alyja satyjy bermelidir.

Haryt çekleri soňky döwürlerde dolanyşykda ulanmaýar. Sebäbi olara kabul edijileriň ynamy peseldi. Emma çekler bilen nagt däl hasaplaşyklary geçirmek şahsy we edara görnüşli taraplar üçin örän amatly we oňaýly. Haryt çekleri kagyz pul serişdeleriň deregine -harytlara, hyzmatlara, işlere hasaplaşyk geçirilende ulanylýardy.

Çekler çäklendirilen we çäklendirmedik çeklere bölünýär. Çäklendirilen çekleriň bahasy bank tarapyndan çegiň ýüzünde çaklendirilýärdi. Çäklendirilmedik çekde bolsa çegiň çägi (iň ýokary bahasy) görkezilmeýär.

Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin **daýhan** çekleri öň giň ulanylýardy. Olary daýhanlar dökünleri almak, ýerleri traktor bilen sürdürmek we başga harytlara (hyzmatlara, işlere) hasaplaşyklary geçirmek üçin ulnylýardy. Daýhan çekleriň kömegi bilen daýhanlara karz berilip , hasyl ýetişenden soň hasaplaşyklar geçirilärdi.

Türkmenistanyň tejribesinde **weksel** hasaplaşyklary hem geçirilýärdi. „Weksel“ sözi türkmen diline terjime etseň „borçnama“ manyny berýär. Wekselleri býujet edaralary harytlara, hyzmatlara, işlere puluň deregine töleýärdiler. Wekselleri gazanan edara we başga görnüşli taraplar olaryň döwlete bergileri ýüze çykanda şolar (wekseller) bilen hasaplaşýardylar, ýagny maliýe gurmalary olary hasaba alýardy. Käbir edara we başga görnüşli taraplarda wekselleriň möçberi döwlete bolan bergilerden çalt ösüp başlady we olar wekselleri doly ulanyp bilmediler. Hasaplaşygyň şol kemçiligini nazara alyp weksel hasaplaşygy ýatyryldy.

Töleg talaby hasaplaşygyň düýp manysyny onuň ady görkezýär. Ýagny hasaplaşygyň bu görnüşi geçirilende -haryt iberiji ýa-da işleri (hyzmatlary) ýerini ýetiriji öz harydyna (işine, hyzmatyna) pul serişdeleri tölemäni **talap** edýär. Şertnama we Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda harytlary iberýan ýa-da işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirýän taraplar üçin bu iň amatly hasaplaşygyň görnüşleriň biridir. Emma häzirki döwürde tejribede bu hasaplaşygyň görnüşi seýrek ulanylýar. Töleg talaby haryt iberiji tarapyndan doldyrylyp, hyzmat edýän bankyň kömegi bilen haryt alyjyň bankyna iberilýär. Töleg talabyň nusgasyny şu kitabyň 2-nji goşulmadan görüp bilersiňiz. Töleg talaby 0401002 görnüşdäki blankada doldurylýar.

Töleg talaby doldyrylyp düzelende resminamada hökmany maglumatlary bilen bilelikde tölegiň şertleri we razylygyň (akseptiň) möhletleri görkezilýär.

Töleg talaby boýunça hasaplaşyklary geçirmek üçin bank töleýjiden **öňünden** puly geçirmäge **razylygy (aksepti)** alyp ýa-da razylaşman geçirip biler.

Töleýjiden razaylygy alman hasaplaşyklary geçirmäge bank şu ýagdaýlarda haklydyr:

- egerde taraplaryň şertnamalarynda töleýjiň razylygyny alman pul geçirilmegi göz öňünde tutulan bosa , hem hyzmat edýän banka , töleýji onuň pul serişdelerini buýruksyz geçirmäge hukuk beren bolsa;
- Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda razylyksyz pul serişdeleri geçirmek göz öňünde tutulan bosa.

Töleg talaplara razylygy almak möhletini şertnama baglaşýan taraplar özara şol şertnamada belleýärler. Bellenilýän möhlet töleýji bank hasaplaşyk resminamalary kabul eden günden soňky 7 (ýedi) iş günden artyk bolman 3 (üç) iş günden az bolmaly däl.

Pul alyjy töleg talabynda razylygyň möhletini şertnama laýyklykda görkezmelidir. Eger-de töleg talabynda möhlet görkezilmese, şol möhlet 3 (üç) iş güni diýlip hasaplanylýar. Şonda töleýjiň bankyna töleg talabyň gelen güni bankda hasaba alynmaýar.

Töleýjiden pul geçirmäge razylygy almak üçin töleýjiň banky töleg talabyny töleýja özara şertnama laýyklykda geçirýär. Töleg talabyň bir nusgasy kabul edilenden soňky iş güni töleýja habar bermek üçin gowşyrylýar.

Razylyk alynýança resminamalar ýörite kartotekada N9842 „ Tölemek üçin razylyga garaşýan hasaplaşyk resminamalary“balans hasapda hasaba alynýar.

Töleýji **doly ýa-da bölekleýin** serişdeleri geçirmekden (razylygyny bermekden) boýun gaçyrmaga haklydyr: Razylygy bermekden boýun gaçyrmak üçin töleýji banka ýörite görnüşde arzasyny ýazmalydyr.

Pul geçirmäge razylygy bermekden boýun gaçyrmaga töleýji şu ýagdaýlarda haklydyr:

- harytlar ýa-da hyzmatlar şertnamada göz oňünde tutulmadyk ýa-da talap (zakaz) edilmedik bolsa;
- harytlar başga ýere ugradylan bolsa;
- razylygy bermek möhleti geçmänkä resminama boýunça ähli harytlar zaýa ýa-da doly (komplekt) däl bolsa;
- eger-de haryt alyjy harydyň (önümiň) hilini tassyklaýan resminama esasynda onuň sortynyň şertnamada göz öňünde tutulandan pesdigini anyklandan soň harydy (önümi) kabul etmäge boýun gaçyran bolsa;
- eger-de haryt alyjy razylygy bermegiň möhleti geçmänkä harydyň (önümiň) markirlenmegi geçirmedik ýa-da ol talaplara laýyk gelmeýan bolsa we şol sebäpli alyjy olary ulanyp bilmese we harydyň markirowkasyny geçirmäge ýa-da üýtgetmäge onuň (alyjyň) mümkinçiligi bolmadyk hem şol ýagdaý resminama bilen tassyklanan bolsa ;
- eger-de haryt iberiji öň tölenen harytlara (hyzmatlara) täzeden pul serişdeleri talap edýän bolsa;
- iberilmedik harytlara ýa-da ýerine ýetirilmedik hyzmatlara talaplar bildirilýän bolsa;
- ýolda haryt iberiji harytlaryň barmaly ýerini üýtgeden bolsa.

Şu ýagdaýlarda töleýji pul serişdeleri geçirmek **razylygy bermäge bölekleýin** boýun gaçyrmaga haklydyr:

- eger-de talap (zakaz) edilen harytlar (hyzmatlar, işler) bilen bilelikde talap edilmedik harytlar iberilen , hyzmatlar (işler) ýerine ýetirilen bolsa .ýa-da harytlar talap edilenden artyk iberilen, hyzmatlar, işler artykmajy bilen ýerine ýetirilen bolsa;
- eger-de razylygy almaga möhleti geçmänkä haryt alyjy harydyň (önümiň) bir bölegini zaýalanan ýa-da doly komplektlinen däl , ýa-da onuň sortynyň ulag ýanhatlarda görkezilenlerden pesdigi resminama arkaly tassyklanylan bolsa;
- eger-de haryt alyjyň razylygy bermegiň möhleti geçmänkä harydyň (önümiň) bir böleginiň markirlenmegi geçirilmedik ýa-da ol talaplara laýyk gelmeýan bolsa we şol sebäpli alyjy olary ulanyp bilmese we harydyň markirowkasyny geçirmäge ýa-da üýtgetmäge onuň (alyjyň) mümkinçiligi bolmasa hem şol ýagdaý resminama bilen tassyklanan bolsa;
- talapda şertnamada görkezilmedik nyrh goşundylary goşulan , ýa-da nyrhlar şertnamadakylardan artdyrylan bolsa,
- töleg talabynda ýa-da haryt ýanhatda arifmetiki ýalňyşy ýüze çykarylan bolsa;
- käbir öň bir bölegi tölenen harytlara (hyzmatlara, işlere) ikinji gezek talap bildirilen bolsa;
- harytlaryň iberilişini, ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) kabul edilişini tassyklaýan resminamalaryň içinde hakykytdan ýok harytlar, ýa-da ýerine ýetirilmedik hyzmatlar (işler) ýüze çykarylsa we şoňa garamazdan olara talap bildirilýän bolsa ;
- haryt alyjyň razylygy bermegiň möhleti geçmänkä haryt iberijiden kabul edilende haryt ýetmezçiligi resminama arkaly tassyklanylan bolsa.

Şertnamada göz öňünde tutulan başga sebäplere görä hem töleýji öz razylygyny doly ýa-da bölekleýin bermän biler. Şu ýagdaýda töleýji razylygyny bermäge boýun gaçyrýandygy hakynda arzasyny ýazanda şertnamanyň belli maddasyny we tölemekden boýun gaçyrmagyň sebäbini görkezmerlidir.

Töleýjiň bankyna talap gelenden soň, bank umumy alaňda **üç iş günüň içinde** şäheriçi we şäherara talaplary tölemekden boýun gaçyrmak barada arzalary töleýjilerden kabul edýär. Şu möhleti töleýji kärhananyň esaslandyrylan arzasy boýunça bankyň ýolbaşçysy **on güne çenli** uzaltmaga haklydyr.

Eger-de töleýji ýokarda görkezilen sebäplerden başga sebäplere görä talaby tölemekden boýun gaçyrýan bolsa onda bank şol boýun gaçyrmalary kabul edenok.

Talaby ýerine ýetirmek we ondan boýun gaçyrmak meselelerde töleýji bilen alyjyň arasynda ýüze çykýan jedelleri banklar çözmäge borçlydäldir. Olar diňe ýokarda görkezilen özara düzgünnama laýyklykda hereket edýändirler. Jedelli meseleleri töleýji we alyjy hojalyk kazyýet arkaly hem çözüp bilereler.

Käbir töleg talaplary banklar **töleýjiň razylygyny alman** ýerine ýetirmäge haklydyr. Şolaryň içinde:

- ölçeýji enjamlaryň görkezmeleri esasynda we tassyklanylan nyrhlar boýunça kommunal , gaz, suw , elektrik we ýylydyjy energiýa, kanalizasiýa, telefon, şol sanda halkara gepleşikleri üçin tölegleri;
- demir ýollardan ýükleri daşamak, gara ýollary gurmaga şärekli gatnaşmak üçin tölegleri.

Razylyksyz tölenýan töleg talaplaryň ähli nusgalarynda „Razylyksyz“ bellikli möhürçe goýulýär. Eger-de şol bellik bolmasa serişdeler umumy tertip boýunça geçirilýär.

Razylyksyz tölenýan töleg talaplaryň esasly bolmagyna pul alyjy kanuna laýyklykda jogap çekýär.

Şäheriçi we şäherara hasaplaşyklarda **öňünden razylygy almagy** şu aşakdaky ýagdaýlarda zerurdyr:

- eger-de öňünden razylygy almaklygy şertnamada görkezilen bolsa;
- döwlet gorlaryna geçirilýän harytlar üçin hasaplaşyklar amala aşyrylanda;
- býujet edaralary, şol sanda Türkmenistanyň goranmak, içeri işler ministrilikler we milli howpsuzlyk Komitetiniň haryt iberijileri we alyjylary bilen hasaplaşyklar geçirilende.

Töleg talaby-tabşyrygy-öz içine töleg haryt iberijiň talabyny we haryt alyjyň tabşyrygyny alýar, ýagny ol hem haryt alyjy hem iberiji tarapyndan tassyklanýar. Töleg talaby-tabşyrygy haryt iberiji tarapyndan 0401004 görnüşdäki blankada doldyrylyp başga resminamalar bilen bilelikde göni töleýjiň özüne iberilip bilner. Emma resminamany (töleg talaby-tabşyrygy) haryt iberiji töleýji banka ýörute kitapda gol çekderilip bermäge hem haklydyr. Şol ýagdaýda bank resminamanyň tölenilşine özi gözegçilik etmelidir.

Töleg talaby-tabşyrygy resminamasynyň nusgasyny şu kitabyň 3-nji goşulmadan tanşyp bilersiňiz.

Inkassa tabşyryknamalar boýunça hasaplaşyklar diňe Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda töleýjileriň razylygyny alman geçirilýär. Serişdeler ýerine ýetiriji resminamalar esasynda töleýjileriň hasaplaryndan aýrylýar. Serişdeleri aýrmak üçin esas hökmünde şu görkezilen resminamalar çykyş edip bilerler:

- kazyýetleriň ýerine ýetiriji kagyzlary;
- hojalyk kazyýetiň buýruklary;
- salgyt gulluklaryň ykrar hatlary;
- notarius tarapyndan ýerine ýetiriji ýazgylar;
- kärhanalaryň kärdeşler arkalaşyklaryň şahadatnamalary.

Banklar şol resminamalar boýunça pul serişdeleri gyşarnaksyz aýyryp degişli hasaplara geçirýärler. Olar şu meseleler boýunça kärhanalaryň we başga taraplaryň nägiliklerine jogap berenoklar. Jogapkärçilik puly aýyrmagy mejbur eden tarapa ýüklenýär.

Meýilnamalaşdyrylan tölegler tertibinde hasaplaşyklar mydama belli möçberlerde harytlar iberilende, hyzmatlar ýerine ýetirilende ulanylýar. Hasaplaşyklar şertnama esasynda geçirilýär. Hasaplaşyklar töleg tabşyryknamasy ýa-da töleg talaby esasynda geçirilip bilner. Resminamalarda
„ Meýilnamalaşdyrylan töleg“ sözli bellik edilýär. Töleg talaby doldyrylanda „Razylyksyz“ bellik edilýär.

Bir-biriniň talaplaryny hasaba almagyň esasynda hasaplaşyklar. Halk hojalygynda dürli taraplaryň bir-birine hem algylary hem bergileri bolup biler. Hasaplaşyklary geçirmek üçin taraplaryň (kärhanalaryň) pul serişdeleri ýetmezçilik edýän wagtlar hem az däl. Şol ýagdaýlarda banklaryň kömegi bilen talaplar hasaba alnyp hasaplaşyklar geçirilip bilner.

Hasaplaşyklar geçirilende algylar we bergiler deň derejede hasaba alnyp, galan algylaryň we bergileriň hasaplaşygy bolsa tassyklanylan tertipde geçirilýär. Talaplary hasaba almaklygy iki ýa-da bir topar kärhanalaryň we dürli pudaklaryň arasynda geçirilip bilner.

Türkmenistanda **faktoring amallary** ilkinji gezek 90-njy ýyllaryň başlarynda geçirilip başlandy. Faktoring amallary dürli görnüşlere bölünýär:

1. Banklar maliýe taýdan durnukly bolan müşderler bilen ýörite şertnama baglaşýar. Onda ol öz üstüne buhgalteriýa hasabyny alyp barmaklygy, hasabaty düzmekligi, bank amallaryny geçirmekligi, müşderlere şertleşilen wagt gutarandan soň ýerine ýetiren hyzmaty üçin bank tölegi talap edýär. Faktoringiň bu görnüşi häzirki wagtda Türkmenistana ulanylmaýar.

Türkmenistanda faktoringiň başga görnüşi ýagny bank maliýe durnuklylygy bolan müşderler bilen şertnama esasynda onuň (hasabyna) gelen serişdäni öz islegine görä ulanýar, zerur bolan ýagdaýynda müşderä karz berýär. Belli bir wagtdan soň şertnama laýyklykda bank müşderiniň pul serişdesini ulananlygy üçin göterim töleýär, şol bir wagtyň özünde karz bereni üçin müşderden göterim alýar.

Faktoring amallaryny indiki görnüşine käbir edebiýatlarda **forfeýting** diýip atlandyrylýar. Şertnama laýyklykda amalyň bu görnüşi ýerine ýetirilende bank üpjün edijiniň talap hukugyny satyn alýar we müşderä pul serişdesini karz berip bilýär.

Faktoring amallarynyň beýleki görnüşleri hem hereket edýär. Ösen döwletlerde faktoring amallary bilen banklardan başgada ýörite faktoring kompaniýalary hem meşgullanýarlar. Banklaryň we faktoring kompaniýalaryň öz faktoring amallaryny ýerine ýetirmekleri üçin müşderleriň maliýe ýagdaýyny seljermeli. Olaryň hukuk gullugy doly ýola goýlan bolmaly. Olar faktoring amallaryny geçirenlerinde töwekgelçiligiň derejesini doly öwrenmeli.

Banklaryň **lizing amallary** täze tehniki enjamlar bilen bagly amallar bolup öz müşderlerine aýdylýar. Lizing amallaryny banklardan başgada lizing kompaniýalary tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanda lizing amallaryny ilkinjileriň hatarynda ýerine ýetiren bank TPT “Senagat” bankydyr. Bu bank Germaniýadan kerpiç zawody üçin enjam satyn alýar. Olary satyn almak üçin bank köp möçberde ýörgünli (walýuta) serişdelerini Döwlet

Daşary Ykdysady bankyň we Moskwanyň üsti bilen Germaniýa geçirýär. Moskwadaky bank hasaplaşygy wagtynda geçirenok. Serişdeler Germaniýadaky üpjün edijä geçirenden soňra enjamlar gelip gowuşýar, emma olary gurnamak we sazlamak mesele ýüze çykýar. Enjamlary gurnamak we sazlamak üçin Germaniýadan hünärmenler çagyrylýär. Şondan soň enjamlar telekeçilere kärendesine berilýär. Bu işleri geçirmek üçin örän köp wagt sarp edilýär. Bu amallary ýerine ýetirmek bank üçin oňaýly netije getirmedi.

Şondan soň hem Türkmenistanda lizing amallary geçirmek üçin banklar degişli işler geçirdiler, emma olar hem oňaýly netije bermedi. 1994-1995-nji ýyllarda Gazagstanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzstanyň banklary hem lizing amallary geçirip oňaýly netije gazanyp bilmediler. Biziň pikirimizçe lizing amallardan diňe hususy banklar, hususy eýeçilikdäki kärhanalar gazanyp bilerler. Onuň mysaly hökmünde kärendä ofisleri berýän hususy kärhanalary (firmalary) görkezip bolar.

Egerde gurluşyk işlerini daşary ýurtlaryň kompaniýalary ýerine ýetirýän bolsalar, ýa-da olar gurluşygy maliýeleşdirýän bolsalar, hasaplaşyklary geçirmek üçin hasaplaşyklar şu görnüşlerde we ulgamlar arkaly geçirilip bilner:

1. Barter görnüşinde;
2. Kliring;
3. Akkredetiwiň dürli görnüşleri;
4. Bank geçirimleri;
5. Çekler;
6. Karz kartoçkalaryny ulanmak arkaly;
7. SWIFT ulgamy arkaly.

VI.3.Gurluşykda hasaplaşyk ýörelgeleriniň aýratynlygy. Ýerine ýetirilen gurluşyk gurnama işleri üçin müşderi bilen potratçynyň arasyndaky hasaplaşyk işleriniň tertibi.

Nagt däl pul hasaplaşygyň gurluşykda guralyşy halk hojalygynyň beýleki pudaklaryna meňzeş bolup, şol bilr wagtyň özünde gurluşyga mahsus bolan aýratynlyklary bar. Şolaryň içinde:

1. gurluşygyň önümleri beýleki pudaklar bilen deňeşdirilende gymmatlygy;

2. gurluşyk işleriniň ýer bilen bagly bolmagy hasaplaşygy guramakda öz yzyny goýýar.

Gurluşykda halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda ulanylýan nagt däl hasaplaşyklar: aksept, apkredetiw, töleg talaby, çekler we beýlekiler ulanylýar.

Hasaplaşygyň usuly iş buýuryjynyň we potratçy guramanyň arasynda esasy resminamasy bolan potrat şertnamasy arkaly kesgitlenilýär.

Gurluşyk doly tamamlanmadyk bolsa we şertnamada bölekleýin hasaplaşyklar göz öňünde tutulan bolsa, potratçy gurama buýrujy bilen bilelikde ýerine ýetirilen gurluşyk gurnama, beýleki işleri we harajatlary üçin ikisiniň gol çeken ýerine ýetirilen we tamamlanan işler boýunça beýýannamany düzüp, şonuň esasynda hasaplaşyklary amala aşyrylýar.

Gurluşyk doly tamamlananda ýerine ýetirilen işler ýörite topar tarapyndan kabul edilýär. Gurluşygy kabul ediş toparyň agzalary ýörite buýruk arkaly kesgitlenilýär. Kabul ediş toparyň netijesi ýörite beýannamada (aktda) beýan edilýär. Beýýannamalary (aktlary) tassyklamak tertibi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýerine ýetirilen işleriň bahasy şertnama arkaly we başga usullar bilen hasaplanyp bilner. Bahasyny hasaplamagyň usuly buýuryjyň we potrat edarasynyň eýeçiligine baglydyr. Döwlet eýeçilikdäki buýuryjylar we ýerli potrat edaralar döwlet tarapyndan tassyklanylan nyrhlar boýunça gurluşygy amala aşyrýarlar. Hususy eýeçilikdäki buýrujylar ylalyşylan nyrhlar boýunça hasaplaşyklary geçirmäge haklydyrlar.

Gurluşyk – gurnama işlerinde hasaplaşyklary kämilleşdirmeklik işleriň çalt tamamlanmagyna we taýyn obýektleriň tiz işe girizilmegine, şertnamanyň berjaý edilmegine, gurluşygyň smeta gymmatynyň çäginde ýerine ýetirilmegine, önümçilik işleriň arzanlamagyny höweslendirmäge gönükdirilýär.

Hasaplaşyk hasabyndan amallar geçirilende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilip bilner:

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 62 „Satyn alyjylar we buýrujylar bilen hasaplaşyklar.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar”.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 80 „Peýdalar we zyýanlar”.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 46 „Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek“

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 48 „Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi“.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit50 „Kassa“.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 55 „Banklardaky ýörite hasaplar“.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 71 „Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar“

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 64 „Alnan hakujy boýunça hasaplaşyklar“.

Debet 01 „Esasy serişdeler“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 10 „Marteriallar “Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 12 „Arzan we tiz könelýän zatlar”. Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 50 „Kassa“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 60 “Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 67 “Döwlet gaznalary bilen hasaplaşyklar” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 68 „Býujet bilen hasaplaşyklar” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Debet 69 “Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“

VI. 4. Potrat şertnamasy gurluşygyň esasy resminamasy.

Gurluşygy amala aşyrmak üçin iş buýurujy we potrat edaranyň arasynda şertnama ýa-da kontrakt baglaşylýar. Kontraktlar köplenç daşary ýurt maýa goýumlary goýulýan wagtynda we gurluşyga daşary ýurt kompaniýalary gatnaşýan wagtynda baglaşylýar. Kontraktlar dürli dillerde baglaşylyp bilner.

Potrat şertnamasynda we kontraktda gurluşygyň esasy şertleri görkezilýär. Şol sanda:

- gurluşygyň, buýuryjysynyň, potrat edarasynyň we şertnamany baglaşýan ýolbaşçylaryň doly atlary;
- gurluşygyň başlamaly we tamamlamaly wagty;
- gurluşygyň bahasy, şol sanda goşulan baha üçin salgydyň möçberi;
- hasaplaşmak üçin ulanyljak ýörelge pul serişdeleriň görnüşi;

- deslapky töleglerіň möçberi (göz öňünde tutulsa);
- hasaplaşygyň resmileşdirilmegi;
- buýuryjylaryň we potrat edaranyň hukuklary we borçlary;
- materiallar we enjamlar bilen üpjün etmegiň tertibi;
- gurluşygy suw, gaz, elektrik energiýa bilen üpjün etmegiň tertibi;
- gurluşyk üçin ýeri taýýarlamagyň tertibi;
- gurluşyga kömekçi edaralary çekmegiň tertibi;
- şertnama bozulanda ulanyljak çäreleri;
- telekeçiligiň syryny saklamak tertibi;
- gurluşygyň ätiýäçlandyrmasy;
- gurluşygy karz serişdeleri bilen üpjün etmegiň tertibi;
- hasaplaşygy kepilleşdirýän taraplar barada maglumat;
- gurluşygyň başga şertleri.

Potrat şertnamany baglaşmak örän wajyp iş. Şol sebäpli şertnamany baglaşýan taraplaryň dürli bilimleri bolmalydyr. Şol sanda tilsimat, guramaçuluk, ykdysady, hukuk, psihologiýa we başgalar.

Tejribede potrat şertnamanyň taslamasyny taýýarlamak üçin köp wagt sarp edilýär. Potrat şertnamasy taýýarlananda onuň dürli şertleri öwrenilýär. Şertnamanyň bir näçe taslamasy taýýarlanýar. Sebäbi her bir tarap özi üçin amatly şertleri gazanmany isleýär. Şertnama iki tarapa bähbitli bolanda ylalaşyk gazanylyp, gurlyşyk işleri bökdençsiz ýerine ýetirilýär. Diňe bir tarapa bähbitli ylalaşyk köplenç dürli bökdençliklere getirýär.

Potrat şertnamalary Türkmenistanyň döwlet çig mal biržasynda, başga döwlet guramalarynda belenilen şertlerde we kesgitlenilen tertipde hasaba alynýar.

VI. 5. Düýpli gurluşykda töleg düzgünlerini berkitmegiň usullary we ýollary, banklaryň wezipeleri.

Banklar müşderileriniň bir-biriniň talaplaryny hasaba almasalar diňe müşderiň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleri bar bolanda hasaplaşyklary geçirýärler, ýagny bir hasaplaşyk hasapdan pul serişdeleri aýyryp başga hasaba geçirýärler. Eger-de töleýjiniň pul serişdeleri hasaplaşyk hasabynda tamamlan bolsa töleg resminamalary **ikinji kartoteka** goýulýar. Töleýjiniň hasaplaşyk hasabyna pul serişdeler gelenden soň hasaplaşyklar dowam etdirilýär.

Bir-biriniň talaplaryny hasaba alnanda iberilen ýa-da goýberilen harytlar, ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin ikinji kartotekada ýerleşýän we hasap geçirilýän güni gelen töleg resminamalar hasaba alynýar. Hasaba alnan töleg resminamalarda başga mydama ýazylýan ýazgylar bilen bilelikde „Hasap“ sözi goşulýar. Eger-de töleg resminamasy doly hasaba alynmaýan bolsa, „Bölekleýin hasaba alnan „ diýlip bellik edilýär.

Eger-de kärhananyň töleg resminamalary bankda hasaba alnan bolsa kärhana olary bankyň bellikleri bilen alyp öz hasabynda degişli ýazgylary geçirmelidir, ýagny algylary we bergileri üýtgedip galan gelen ýa-da geçirilen pul serişdeleri hasaba almalydyrlar.

Kärhanalar ähli maliýe-hojalyk amallary, şol sanda nagt däl hasaplaşyklary buhgalterlik hasabyna almalydyrlar. Nagt däl hasaplaşyklary hasaba almak üçin olar bankdaky şahsy hasaplaşyk hasabyndan göçürmelerini we olara esas bolan resminamalary almalydyrlar. Resminamalary ýörite kärhana berkidilen bankyň jogapkär işgärinden, ýa-da ýörite çekerlerden alyp bolar.

Banklar şahsy hasaplaşyk hasabyndan göçürmeleri häzirki döwürde kompýüterlerde hasaba alýarlar. Olarada kärhananyň ady, hasaplaşyk hasabyň sanawy, başlangyç we

ahyrky galyndylary, debet we kredit tarapyndan geçirilen amallaryň möçberleri, amallaryň geçirilen seneleri, amaly geçirmek üçin esas bolan resminamanyň sanawy, amalyň görnüşine görä belgisi we başga maglumatlar görkezilýär.

Hasaplaşyk hasabyndan geçirilen amallar kärhananyň **ikinji dergi orderinde** hasaba alynmalydyr. Kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilen pul serişdeleri şahsy hasaplaşyk hasabynyň göçürmesinde kredit tarapynda görkezilýär, hasapdan aýrylan pul serişdeler bolsa hasabyň debet tarapynda görkezilýär.

Kärhana amallary ikinji dergi orderde hasaba alanda debetden geçirilen amallary 51-nji hasabyň kredit tarapyna ýazýar. Şahsy hasabyndan göçürmesinde kredit tarapynda görkezilen amallary kärhana debet tarapynda görkezmelidir. Sebäbi bank üçin girdeji bolan amallar kärhana üçin çykdajy amal bolup çykyş edýär. Bank üçin çykdajy bolan amal bolsa , kärhana üçin girdeji amal bolup çykyş edýär.

Nagt däl hasaplaşyk amallary geçirilende düzgünler doly gyşyrnyksyz berjaý edilmese düzgünnamany bozýan taraplara garşy dürli çäreler görülip bilner. Şol sanda şu aşakdaky çäreler:

- Bank edarasy tarapyndan gurluşyk gurama (kärhana) ýa-da başga görnüşli taraplara hasap açylandygy barada salgyt gullugyna habar bermek borçlarynyň ýerine ýetirilmändigi bank edarasyna şol hasaplara düşen ähli pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.
- Edara we başga görnüşli taraplaryň hasaplary boýunça amallary togtatmak baradaky salgyt gullugynyň çözgüdini bozmak bilen, bank edarasy tarapyndan olaryň hasaplary boýunça çykdajy amallarynyň geçirilmegi, bank edarasyna şol hasaplardan hasapdan öçürilen ähli pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.
- Bank edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň önümleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alan pul serişdelerini onuň hasaplaşyk hasabyna geçirmän, karz, depozit ýa-da başga bir hasaplaryna geçirilmegi, bank edarasyna geçirilen serişdeleriň pul möçberiniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.
- „Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda düzgünnama„ laýyklykda hasaplaşyklaryň iň soňky möhleti **bäş gün** diýlip bellenen. Ýagny pul serişdeler töleýjiň hasabyndan aýrylyp döwletiň çäginde ýerleşýän alyjyň hasabyna şol möhletde ýazylmalydyr. Bu tertip hasaplaşyk resminamalaryň başga döwletlerden gelenden alyjyň hasabyna ýazylýänçä hem degişlidir. Şol möhletde hasaplaşyklary geçirmedik banklardan hasaplaryň eýeleri her artyk geçen gününe **0,5 göterim möçberde puşman** talap etmäge haklydyrlar.
- Eger-de gurluşyk edaranyň (kärhananyň) ýa-da başga tarapyň hasabyna ýalňyşyp pul serişdeleri geçirilen bolsa we hasabyň eýesi **üç iş günüň** dowamynda banka şol barada habar bermedik bolsa hasabyň eýesi banka ýalňyş düşen pul serişdäniň möçberinden her gününe **0,5 göterim derejede puşman** tölemelidir.

Banklar kärhanalaryň arasynda hasaplaşyklaryň dürli görnüşleri boýunça ýüze çykýan nägilikleri çözmäge goşulanoklar. Düzgünnama boýunça olar diňe banklaryň geçiren amallaryna bolan nägiliklere jogap beryändirler.

Ýokarda bellenilişi ýaly hasaplaşykda çözülmedik meseleler ýüze çykanda , gurluşyk edarasy (kärhana) şol meseleleri hojalyk kazyýetiň üsti bilen çözüp hem biler.

YII Bap.Ýaşaýyş jaý gurluşygyny maliýeleşdirmek we karz bermek
VII.1.Ýaşaýyş jaý gurluşygynyň ähmiýeti, olara karz bermekligiň tertibi.

Dünýä tejribesinde dürli eýeleriň ýaşaýyş jaýlary duş gelýär. Şol sanda: hususy, döwlet, jemgyýetçilik we kooperatiw birleşikleriniň, bilelikdäki, beýleki döwletleriň (olaryň edara görnüşli taraplarynyň hem raýatlarynyň), halkara guramalaryň, gatyşyk (birleşen) eýeçilikdäki ýaşaýş jaýlary.

Ýaşaýş jaý gurluşygyny amala aşyrmak üçin dürli çeşmeler ulanylýar. Şol sanda býujetiň, pudaklaryň, kooperatiwleriň, edaralaryň we şahsy taraplaryň pul serişdeleri, karzlar, paýdarlaryň we beýleki çeşmeler.

Ýaşaýş jaý gurluşygyny amala aşyrmak üçin, gurluşygyň dürli guramaçylyk-hukuk görnüşleri we usullary ulanylýar. Şol sanda ýaşlaryň kooperatiwleri, hojalyk we potrat usullary.

Köpçülik habar beriş serişdeleriň maglumatlaryna laýyklykda dünýäniň ýurtlary boýunça ýaşaýş jaýlar bilen üpjünçiligi deň däl. Köp ýurtlarda bir adama ýaşamaga zerur bolan ýaşaýş jaýlaryň inedördül metrda möçberdäki kadalar işlenilip düzülen. Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda bir adama 30 m^2 norma hasaplanylýar. Öňki SSR bir – adama ortaça 14 m^2 düşýärdi. Iň ýokary üpjünçilikli respublikalar diýilip Pribaltika döwleteri hasaplanylýardy 1 ýaşaýja 20m^2 ýokarrak düşýärdi. Iň pes ýaşaýyş jaý üpjünçiligi üpjünçiligi 8 m^2 ýakyn Täjigistan, Türkmenistanda 1 ýaşaýja 9 m^2 ýakyn. Şol döwürde ösen döwletlerde, mysal üçin ABŞ-nda orta hasap bilen bir adama 50 inedördül metrdan artýän ýaşaýş jaý düşýärdi.

Türkmenistanda häzirki wagtda ýaşaýyş jaý gurluşygy halkara ülňilere laýyklykda dürli ýokarda görkezilen eýeçilikde, hukuk-guramaçylyk görnüşlerde we dürli çeşmeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

Kooperatiw ýaşaýyş jaý gurluşygyny amala aşyrmaklyk üçin häkimlik karar çykarýär. Kooperatiw ýaşaýyş jaý guluşygyny döretmek üçin koperatiw ýaşaýyş jaý gurluşygyna gatnaşyjylaryň umumy ýgnagyny geçirilýär.

Kooperatiwe gatnaşyjylary ilkinji nobatda esasy meseläni çözmelidirler: ýaşaýyş jaýyň taslamany we bahasyny tassyklamalydyrlar. Kooperatiw ýaşaýyş jaý gurluşygy umumy taslama esasynda gurulýar.

Soňky döwürlerde Türkmenistanda kooperatiw ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygy dürli sebäpli seýrek duşýar. Häzirki döwürde ýaşaýyş jaýlar esasan döwletiň, pudaklaryň, kärhanalaryň, şol sanda banklaryň we şahsy serişdeleriň hasabyna gurulýar. Emma kooperatiw jaýlaryň başga döwletlerdäki ýaly Türkmenistanda gurulmak we döwletimizde mynasyp ýer tutmak üçin doly mümkinçilik bar.

VII.2.Hususy ýaşaýyş jaý gurluşygyny karzlaşdyrmak.

Ýaşaýyş jaý gurluşygyny karzyň hasabyna amala aşyrlymagy birnäçe döwletlerde giňden peýdalanylýar.

Ýaşaýyş jaý gurýan taraplara başynda öz hasaplaryny açmak we olara pul seryşdeleri goýmak hukuk berilýär. Eger-de olaryň hususy serişdeleri ýetmezçiligi etseler, bank karzyny ýa-da başaga taraplaryň serişdelerini ulanmaklyga hukuk berilýär.

Hususy ýaşaýyş jaý gurluşygy ýurtda Kabul edilen kanuna we beýleki kadalara laýyk gelmeli. Şol sanda gurluşyk ýer yranmasyna çydamly bolmaly, arassaçylyk, ýangyn-howpsuzlyk we başga kadalar taslamada hasaba alnyp berjaý edilmelidir.

Häzirki döwürde Türkmenistanda hususy ýaşaýyş jaý gurluşygy iki gatdan ýokary gurmak döwlet tarapyndan rugsat berilmeýär. Hususy ýaşaýyş jaýy gurmak üçin üç taraplaýyn şertnama (ylalaşyk) baglaşylýär. Şol sanda: bir tarap häkimlik; ikinji tarap jaýy gurjak bolýan şahsy tarap, üçünji tarap bolsa gurluşyk-gurnama potrat edarasy.

Ýaşaýyş jaý gurluşygynyň taslamasy arhitektor bilen ylalaşylan bolmaly. Eger-de hususy ýaşaýyş jaý gurluşyny öz serişdesi gurluşygy tamamlamak üçin ýeterlik bolmasa bankdan ýa-da işleýän kärhanalardan karz almaga hukuk berilýär.

Eger-de karz alyjy karzy kärhanaň üsti bilen alan bolsa karzyň öz wagtynda üzülmegine kärhana jogap berýär. Käbir ýagdaýlarda hususy ýaşaýyş jaý gurýanlaryň karzy kärhanadan alan bolsa onda ol kärhananyň serişdesini hasabyna ykdysady höweslendiriş gaznasynyň hasabyna üzülip bilinýär.

Eger-de jaý gurujy karz aljak bolsa onda aşakdaky resminamalary tabşyrmaklyk zerurdyr:

1. Arza;
2. Häkimligiň ýeri bölüp berenligi baradaky karary;
3. Üç taraplaýyn şernama (ylalaşyk);
4. Ýaşaýş jaýlary hasaba alýän gullugynyň güwänamasy;
5. Notarial kontorasynyň güwänamasy;
6. Gurluşgyň ätiýaçlandyrlanlygy barasynda güwänama.
7. Häzirki wagtda hususy ýaşaýyş jaý gurluşygy amala aşyrmak üçin giň ýol açyldy. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen 2010-njy ýylyň awgust aýyndan başlap oba ýerlerinde ýaşaýan raýatlar häkimliklere hususy jaýlary gurmak we ýeri ölçäp bermek üçin ýüz tutup bilerler. Ýer ölçenip berlenden soň olar häkimlik bilen ýokarda agzalan üç taraplaýyn şernama (ylalaşyk) baglaşmaga borçludyr. Ýaşaýyş jaýgurmaga öz pul serişdeleri ýetmedik ýagdaýlarda olar banklardan karzlary alyp bilerler.

Häzirki Türkmenistanyň banklarynda **ipoteka** karzy berilip başlandy.

VII. 3.Karzyň ulanylyşyna we öz wagtynda üzülişine bank gözegçiligi.

Dünýä tejribesinde banklar tarapyndan ýaşaýyş jaý gurluşygyna berilýän karzlaryň maksada laýyk ulanylmaýan ýagdaýlary gabat gelýär.

Jaý gurmaklyga gerek karz serişdeleriniň hasabyna maşyn satyn almaklyk, gezelenje daşary ýurtlara gitmeklik we başga maksatlara ulanylýar. Şol sebäpli karz **şertnamasynda** karzy maksada laýyk ulanylmasa çäre görmekligi göz öňünde tutmalydyr. Şoňa laýyklykda bank tarapyndan ýörite barlagy **geçirmekliginň meýilnamasy** düzülýär. Oňa öňi bilen öz wagtynda yzyna gaýtarylmadyk karzlary barlamak meýilleşdirilýär.

Kanuna laýyklykda resmileşdirilýän karzlaryň yzyna gaýdyp berilmekliliginň töwekgelçilik derejeleri ýokary bolanda, bank karzy yzyna almaklygyň başga usullary ulanylýar:

1. Kepil geçijiden kepilnama talap edilýär;
2. Karz ätiýaçlandyryş şertnama esasynda berilen bolsa onda ätiýaçlandyryş guramasyndan öwezini dolmaklyk talap edilýär;
3. Hususy ýaşaýyş jaý gurluşygyna berlen karz **girew** esasynda berlen bolsa, bank girewne goýlan emläg satýar we öwezini dolýar. Haçanda karzy jaý gurluşygy üçin berlende onuň üpjüçiligi hökmünde gurulýan jaýyň özi ulanylýar. Şol sebäpli karzyň

4. hasabyna gurulan jaýy satmaklyk üçin bankyň razyçylygy gerek. Sebäbi bank notarial gullugy tarapyndan tassyklanylan karz şertnamanyň bir nusgasyny ýaşaýyş jaýlary hasaba alyş gullugyna berýär.

2003-nji ýylyň ýanwar aýynyň 27-sindäki Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistanyň raýatlaryny durmuş taýdan goramak we olaryň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak hakynda" 6101 belgili Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň her bir ýaşaýjysyna oňaýly ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin zerur şertleri döretmek maksatnama işlenip düzüldi.

Bu Düzgünnama bilen Aşgabat şäheriniň häkimliginiň gozgalmaýan emläk biržasynyň (mundan beýläk gozgalmaýan emläk biržasy) üstünden täze gurulan jaýlardan satyn alynýan öýleriň bahasynyň bir bölegini tölemek üçin Türkmenistanyň raýatlaryna uzak möhletli maksatlaýyn karz serişdelerini (mundane beýläk karz) bermegiň şertleri kesgitlenilýär.

Raýatlara jaý satyn almaklygyň we gurmaklygyň bahasynyň bir bölegi tölemek üçin gysga möhletli we orta möhletli karz serişdelerini bermeklik, hususy emläk hukugyna degişli gozgalmaýan emläkleriniň girewe almak şertinde banklar tarapyndan olaryň içerki düzgünnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň banklary karzyň hasabyna alynýan öýleri girewe almak bilen 30 ýyla çenli gaýtaryp bermek şertlerinde karz serişdesini berýärler. Bank karzyndan öň öý satyn alyjy satylýan öýiň bahasynyň 10% möçberini öz hususy serişdeleriniň hasabyna geçirmeklige borçlydyr. Görkezilen pul serişdelerini öý satyn alyjy bankda açyljak ýörite depozit hasabyna geçirmelidir.

Şu Düzgünnama boýunça berilýän karz resmileşdirilende alynýan öý berilýän karzyň girewi hökmünde çykyş etmelidir.

Karz serişdeleriniň bölünip bermeklik bankyň ukyplylygy üçin iň az möçberli töwekgelliligini hasaba almak bilen we banklaryň uzak möhletli karz serişdeleriniň bolmagynda amala aşyrylýar.

Karz boýunça göterim 1 göterim möçberde bellenilen.

Berilýän karzyň möçberi we wagty, şeýle hem ony üzmekligiň tertibi bank tarapyndan karz alyjy bilen ylalaşygy boýunça onuň tölege ukyplylygyna we bellenen tertipdäki möhletde karzy üzmek mümkinçiligine geçirilen seljermä laýyklykda bellenilýär.

Karz bermekligiň möhleti kesgitlenen mahalynda, pul serişdeleriň gelişiniň seljermesine salgylanmak bilen, berilýän karzyň üzüliş möhletinde we karz boýunça göterimine ýeňilleşdirilen döwri göz öňünde tutmaga bankyň hukugy bardyr. Karzy gaýtarmakda göz öňünde tutulan ýeňilleşdirilen döwür karz şertnamasynda kesgitlenen möhletiň 3-den 1 böleginden köp bolmaly däldir.

Karz şertnamasynyň şertlerinde üýtgäp duran göterim derejeli göz öňünde tutulyp bilner. Göterim derejeli karzlaşdyrma döwründe pul bazarynyň ýa-da karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna baglylyk-da bank tarapyndan gaýtadan seredilip bilner. Bu ýagdaýda bank hökmany suratda karz alyjyny şertnamada görkezilen möhletdäki göterim derejesiniň üýtgeýänligi hakynda hat arkaly habar bermek bilen, öňki baglaşylan karz şertnamasyna goşmaça ylalaşygy resmileşdirmäge borçlydyr.

Karzy resmileşdirmek boýunça banka ýüzlenmeden öň, müşderi otagy satyn almak hyýaly barada gozgalmaýan emläk biržasy bilen Mejlis ýazgysyny baglaşýar.

Karz alyjy karz almak üçin banka şu aşakdaky resmi kagyzlaryny tabşyrýar:

- Otag satyn almak hyýaly barada gozgalmaýan emläk biržasy bilen baglaşan Mejlis ýazgysy;
- karzyň möçberi, maksady we üzüliş möhletini görkezmek bilen ýazylan arza;
- otagy satyn alyjy tarapyndan tölemek üçin tölege degişli bolan 30% az bolmadyk möçberindäki karz alyjynyň depozit hasabyndaky pul serişdeleriň galyndysynyň bank ýazgysy;
- iş ýerinden alýan girdejisini (ortaça aýlyk hakyny) we şol guramada işlän döwrini görkezmek bilen güwänama;
- başga çeşmelerden alýan girdejileri bar bolan ýagdaýynda olary tassyklaýjy resmi kagyzlary;
- pasportyň nusgasy;
- karz alyjy bilen bilelikde ýaşaýan maşgala agzalarynyň pasportlarynyň we kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzalarynyň dogulyş hakyndaky şahadatnalarynyň nusgalary;
- karz alyjynyň maşgala agzalarynyň iş ýerlerinden güwä hat;
- maşgala agzalarynyň ählisine ýaşaýan ýerineden güwä hat;
- hususy sowalnamasy.

Sowalnama karz alyjy hakynda şu aşakdaky maglumatlary öz içine almalydyr:

Ady, familiýasy, atasynyň ady;

Doglan ýyly;

Pasportynyň maglumatlary;

Hemişelik ýaşaýan salgysy;

Hakyky ýaşaýan ýeriniň salgysy;

Iş ýeri we salgysy;

Şol iş ýerinde işlän döwri;

Başga banklarda alan karzlary boýunça bar bolan bergileri hakynda maglumat;

karzy üzmegiň çeşmeleri hakynda maglumat;

karzy üzmegiň tertibi;

karzyň üpjünçiligi.

Bank karz alyjydan hususy sowalnamasynda göz öňünde tutulan soraglardan başga-da goşmaça maglumatlary talap etmäge hukugy bardyr.

Sowalnama tabşyrylan resmi kagyzlaryna laýyklykda doldurylýar hem-de karz alyjy we karz bölüminiň işgäri tarapyndan adynyň, familiýasynyň we atasynyň ady doly görkezilmegi bilen gol çekilýär.

Karz alyjy tabşyran maglumatlarynyň dogrulygyna jogapkärçilik çekýändir.

Karz alyjy ýokarda görkezilen maglumatlaryň ähli üýtgemeleri hakynda 10 günüň dowamynda banka habar bermäge borçlydyr.

Karz alyjy tarapyndan tabşyrylan maglumatlarda nätakyklygyň ýüze çykan ýagdaýynda bank, baglanşylan şertnamada göz öňünde tutmak bilen karz şertnamasyny möhletinden öň bozmaklyga haklydyr.

Bank, tabşyrylan resmi kagyzlaryň esasynda karz alyjynyň tölege ukyplylygyny seljerýär we karz bermekligiň mümkinçiligi ýa-da maksadalaýyk dälligi barada hat arkaly habar berýär. Resmi kagyzlary tabşyrmak we olara serjerme işlerini geçirmeklik jaý satyn almagyň hyýaly hakynda Mejlis ýazgysyndaky bellenilen möhletlerden uzaga çekmeli däldir.

Müşderi, karz bermekligiň mümkinligi barada alan hatynyň esasynda, gozgalmaýan emläk biržasyndan alynýan öýüniň bahasynyň tölegine hasap sypatnamasy alýar. Şondan soňra bank karz alyjy bilen karz şertnamasyny baglaşýar we müşderiň öňki goýan we berilýän karz serişdesiniň hasabyna hasap sypatnamasynyň tölegini geçýär.

Öý üçin töleglerіň geçirilendigini tassyklaýjy resmi kagyzlaryň esasynda, müşder gozgalmaýan emläk biržasy bilen öýi alyp-satmak boýunça 3 (üç) sany nusgadan ybarat bolan şertnama baglanyşýar. Alyp-satmak boýunça baglanyşan şertnama, şol öýi satyn almak üçin karz bereniň ady görkezilmelidir. Şertnamanyň bir nusgasy gozgalmaýan emläk biržasy tarapyndan karz beren banka gowşurylmalydyr.

Öý alyp-satmak boýunça geçirilen geleşik resmileşdirilenden soň gozgalmaýan emläk biržasy onuň Tehniki tükelenmesini geçiriji Döwlet Guramasynda bellenilmegini amala aşyrýar.

Bank, gozgalmaýan emläk biržasyndan alyp-satmak boýunça baglanyşylan şertnamany alandan soň, 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda karz alyjy bilen girew şertnamasyny resmileşdirýär, notarial guramasy tarapyndan tassyklaýar we Tehniki tükenlemesini geçiriji Döwlet Guramasynda bellenilmegini amala aşyrýar.

Alynýan öý boýunça bir wagtdan ätiýaçlyk töleglerini geçirmek zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda (karzlaşdyrmagyň döwüründe bütin dowamynda we öýiň doly hasabyna) bank karz alyjy bilen berilen ätiýaçlandyrma töleglerini hasaba alyp karzyň esasy möçberini ýokarlandyrmak barada (ilki başky esasy karz şertnamasynda şu ýagdaýlar göz öňünde tutulan bolsa) karz şertnamasyna goşmaça ylalaşyk baglanyşyp bilerler.

Berilen karz serişdesi doly yzyna gaýtarylandan soň, bank Tehniki tükenlemesini geçiriji Döwlet Guramasynyň karz alyjynyň karz boýunça bergisiniň ýoklugy barada habar berýär we gozgalmaýan emläk biržasy hem-de öýi satyn alyjynyň arasynda baglanyşylan alyp-satma şertnamada degişli bellikleri edýär.

Karzy we şol karz boýunça göterim töleglerini doly üzmezden öň karz alyjy Türkmenistanyň hereket edýän kanunnamasynyň talaplaryny göz öňünde tutmak bilen, diňe karzy beren bankyň razyçylygy bolmagynda öýi satmaklyga, miras goýmaklyga, sowgat bermeklige we öýe bolan emläk hukugyny üçinji tarapa bermeklige haklydyr.

Karz we şol karz göterim tölegleri 6 aýyň dowamynda tölenmän möhletinden gijikdirilen ýagdaýynda, bank karz şertnamasynyň bozulmagy barada karz alyja hat üstünde habar bermelidir. Karz alyjy bank tarapyndan şeýle alandan soň 1 (bir) aýyň dowamynda karzy gaýtarmadyk ýagdaýynda, bank karz şertnamasyny bozup biler.

Ýaşaýyş jaýy gozgalmaýan emläk biržasy tarapyndan satylýar. Satylan jaýdan gelip düşen serişdeleri ilki bilen ätiýaçlandyrma töleglerini hasaba almak bilen, jaýy satyn almak üçin berilen karzyň gaýtarylman galan bölegini üzmeklige we jaýy başky ýagdaýa getirmeklik üçin gönükdirilýär, galan möçberi karz alyja gaýtarylyp berilýär. Öý satylanda onuň bahasy karz alyjy tarapyndan satyn alynan bahadan ýokary bolan ýagdaýynda onuň ara tapawudy satyn alynan bahadan ýokary bolan ýagdaýynda onuň ara tapawudy gozgalmaýan emläk biržasynyň ygtyýaryna geçirilýär.

Tölege ukypsyz karz alyjy ýa-da onuň maşgala agzalary jaýy meýletin boşatmakdan ýüz döndüren ýagdaýlarynda olary jaýdan çykarmaklyk Türkmenistanyň hereket edýän kanunnamasy tarapyndan kesgitlenen tertibe laýyklykda gaýtadan resmileşdirilýär.

Miras düşerligini kabul etmek üçin bellenen möhletiniň geçmegi bilen miras düşerleri tarapyndan banka ýüzlenme gelip gowuşmadyk ýagdaýynda bank karzy gaýtarmak boýunça degişli çäreleri alyp barýar.

Öýleri satmakdan soň galan serişdeleri bank karz alyjynyň adyna açylan ýörite talap edilýänçä goýulan hasaba geçirýär. Hasaby ulanmaklyk Türkmenistanyň hereket edýän kanunnamasy tarapyndan kesgitlenen tertibe laýyklykda amala aşyrylýar.

Bu wagtlaýynça tertibiň güýje girizilmegi bilen, banklar tarapyndan Aşgabatda täze gurulan jaýlardan öýleri satyn almak üçin berilen karzlaryň şertlerine gaýtadan seredilip bilner.

Bu wagtlaýynça tertibiň girizilmegi bilen, 2001-nji ýylyň Fewral aýynyň 15-däki 168 belgili Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanylan "Oňaýly ýaşaýyş jaýyny satyn almak ýa-da gurmak üçin karz bermegiň" wagtlaýyn tertibi öz güýjini ýitirýär.

VIII Bap. Düýpli gurluşyk boýunça maliýe we karz guramalaryň geçirýän ykdysady işleri.

VIII . 1. Maliýe we karz guramalaryň ykdysady işiniň ähmiýeti.

Maliýe-karz ulgamy döwletiň esasy bölegi bolup, döwleti dolandyrmakda örän wajyp orny tutýar. Maliýe-karz ulgamsyz döwleti dolandyrmak mümkin däl. Oňa taryhdan köp mysallary tapyp bolýar. Maliýe-karz ulgamy bu döwletiň hem ýüregi, hem-de gan damarlary. Sebäbi ulgamyň kömegi bilen pul gaznalary ýygnalýar we paýlanýar. Pul gaznalary bolsa raýatlary, edaralary, kärhanalary we bütin döwleti herekete getirýär.

Türkmenistanyň maliýe-karz ulgamynyň düzümini aşakdaky dördünji şekilden görüp bolar:

Türkmenistanyň maliýe-karz ulgamynyň düzümi.4-nji şekil

Maliýe-karz guramalary öz alyp barýan işinde Türkmenistanyň Prezidentine tabyndyr.

Türkmenistanyň maliýe ministriligi Hökümet üçin maliýe syýasatynyň esasy ugurlary boýunça teklipleri işläp taýýarlaýan döwlet çaklaýyş-seljeriş guramasy bolup durýar.

Türkmenistanyň maliýe ministriliginiň döwletiň ähli welaýatlarynda we etraplarynda maliýe bölümleri hereket edýär. Olar bir tarapdan ýerli häkimliklere ikinji tarapdan bolsa Türkmenistanyň maliýe ministriligine degişlidirler.

Türkmenistanyň maliýe ministriligi öňki Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministriligiň esasynda döredildi. Şol sebäpli ol öňki ministriligiň belli wezipeleri özüne aldy. Ministrligiň wezipeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda çykaran 10798-nji karary bilen tassyklandy. Karara laýýklykda ministrlige dürli wezipeler ýüklenen. Şolaryň içinde döwletiň hasabyna gurulýan, abatlaşdyrylýan obýektlere gözegçilik etmek. Olaryň netijeligini seljermek, hasaplaşyklary gurnamak.

Gurluşykda buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlaryny ýöretmek baradaky kadalaryň berjaý edilişine, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda döwletiň maliýe-ykdysady bähbitleriniň üpjün edilişine döwlet maliýe gözegçiligini amala aşyrmak.

Düýpli gurluşykda banklaryň ykdysady işleriniň esasy bolup gurluşyk işleriniň hojalyk-maliýe işlerini seljermek çykyş edýär. Bu iş geçirilende gurluşyk, taslama üpjün ediji guramalaryň işleri seljerilýär.

Banklar taslama, potratçy, gurluşyk we beýleki edaralardan, önümçilik birleşiklerinden, ministrliklerden, pudak dolandyryş edaralaryndan , Türkmen milli – hasabatdan maýa goýum işleri boýunça buhgalterlik we statistiki hasabatlary alýarlar. Gurluşyk guramalaryň hasabatlarynyň barlanylmagy gurluşyk işleriniň gymmatlamagynyň, aýlyk haky gaznasynyň artykmaç sarp edilmeginiň, artykmaç maddy gymmatlyklaryň toplanylmagynyň, hasaplaşyk kemçilikleriň ýüze çykarylmagyna mümkinçilik berýär. Şolar ýaly ýagdaý ýüze çykarlanda olaryň sebäpleri öwrenilýär we goýberilen kemçilikleri aradan aýyrmaklyk üçin çäreler işlenilip düzülýär.

VIII. 2.Gurluşyk edaralarynyň ykdysady görkezijileri peýda meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi, hususy dolanşyk serişdeleriniň saklanylşy, hasaplaşygyň ýagdaýy, maliýe we karz guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşleri we usullary.

Banklaryň her günki ýerine ýetirýän amallarynyň netijesinde: töleg tertip düzgünini (üpjün edijilere, potratçy guramalara we banklara tölenilýän tölegler); gurluşykçylaryň taslama-smeta resminamalary, enjamlar we materiallar bilen üpjünçiligi; potratçylaryň we buýrujylaryň potrat şertnamalaryny berjaý edişleri, tamamlanmadyk gurluşyk-gurnama işleriniň ösüşi; gysga möhletli karzlaryň maddy gymmatlyklar bilen üpjünçiligi, kärhanalaryň (birleşikleriň) gurluşygy maliýeleşdirmeklik üçin serişdeleri bermekligiň dolulygy häsiýetlendirilýär.

Düýpli gurluşyklar boýunça banklaryň geçirýän ykdysady işleriniň esasy ugurlary ýyllyk meýilnamalarda anyklaşdyrylýar, banklar halk hojalyk meýilnamalaryň üstünlikli ýerine ýetirmeklik üçin düýpli gurluşygyň maliýe we karz üpjünçiligini barlaýarlar, býujetiň, maddy gymmatlyklaryň, zähmet we pul serişdeleriniň tygşytly we netijeli ulanylmagyny üpjün edýärler, hil görkezijileriň ýokarlanmagyna şol sanda:

- önümçilik kuwwatlyklarynyň öz wagtynda güýje girizilmegini üpjün etmeklik üçin çäreleriň işlenilip düzülmegini we durmuşa geçirilmegini;

- maýa goýumlaryň ykdysady netijeligini seljermeklik we olaryň ulanylşynyň gowulandyrmak üçin teklipleriň işlenilip düzülmegi;
- gurluşyklarda, kärhanalarda we gurluşyk guramalarynda enjamlaryň saklanylyşyna we öz wagtynda gurnalmadyk enjamlary gorunyň azalşyna gözegçlik etmeklik we çäreleri işläp düzmeklik;
- hojalyklar bilen karz gatnaşyklarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmaklyk;
- geçirilen seljermäniň netijesinde potratçy guramalaryň dolanşyk serişdeleriniň düzüm bölekleri we emele getirmekligiň çeşmeleri barasynda teklipleri taýýarlamaklyk.

Bank tarapyndan geçirilýän ykdysady işiň has netijeli bolmagy üçin onuň maksatnamasynyň örän pikirlenilip düzülmegi hökmanydyr. Esasy ünsi ol maksatnamanyň dolylygyna we daşary ýurtly kompaniýalar tarapyndan gurulýan obýektlere, daşary ýurt enjamlarynyň öz wagtynda gurnalyşyna gurluşyk işleriniň başlanýan wagtyndan tä tamamlanýan wagtyna çenli öz içine almalydyr.

Daşary ýurt kompaniýanyň ygtyýarnamasy (lisenziýasy) we daşary ýurt enjamlary esasynda gurulýan gurluşyk obýektleri barlanylyp kemçilikler ýüze çykarylan ýagdaýynda, banka potratçy guramalardan we buýrujylardan anyk çäreleriň işlenilip düzülmegini we öz wagtynda doly aradan aýrylmagyny talap etmäge hukuk berilýär.

Gurluşyk edaralarynyň ykdysadyýetiniň has çynlakaý öwrenilmegi, olaryň banklar bilen gatnaşygynyň kämilleşmegine, maliýeleşdirmegiň rejeleşmegine, hojalyk gatnaşyklarynyň berkemegine, hasaplaşyk we töleg tertip düzgüniň ýagdaýynyň gowulaşmagyna mümkinçilik berer.

VIII. 3.Maýa goýum işe gatnaşyjylara täsir etmekligiň maliýe we karz usullary.

Maýa goýum işe gatnaşyjylara esasanam maýadarlar, gurluşyk Baş potrat edaralary, we kömekçi potrat edaralary gatnaşýarlar. Olara täsir etmek üçin Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda dürli maliýe we karz usullary ulanylýär.

Maýadara täsir etmek üçin şu usullar ulanylyp bilner:

-Maýadaryň belli gurluşygy amala aşyrmak üçin pul serişdeleri ýeterlik möçberde bardygyny anyklamak üçin, onuň maliýe ýagdaýy maliýe hasabatlaryň esasynda seljerlip bilner.

- Gurluşygy amala aşyrmaga isleg bildirýän maýadar barada maliýe hasabatlardan daşary başga maglumatlary ýygnalyp bilner. Şol sanda köpçülik habar beriş serişdelerden, internetden we başga maýadaryň maliýe abraýyny häsiýetlendirýän maglumatlar.

- Maýadardan birinji klasly bankdan , onuň belli gurluşygy amala aşyrmak üçin pul serişdeleri ýeterlik möçberde bardygyny, ýa-da bank tarapdan kömek beriljek hakynda kepilnama talap edilip bilner.

- Gurluşygy şertleşen wagtynda başlanmadyk maýadara garşy maliýe karz guramalary ýeri ulanmak hukugyndan mahrum etmek barada karary çykarmagyny degişli döwlet guramalara ýüz tutup biler.

- Eger-de maýadar gurluşygy ygtyýarsyz, kanuna laýyklykda resmileşdirmese, ýa-da taslamadan çykyp amala aşyrýanlygy ýüze çyksa hukuk goraýjy guramalara ýüz tutup işler besedilýär.

Döwlet belligine alnan , ygtyýarnamasyz hereket edýän kärhananyň , şeýle işi amala aşyrmakdan **alnan girdejisi (peýdasy) möçberinde** barlag esasynda ýüze çykarylsa, Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine almak görnüşinde **maliýe jerimesi ulanylýar**. Jerimäniň möçberi şeýle girdejiniň (peýdanyň) möçberinden **tölenen salgytlaryň möçberine azalýar**.

Eger geçirilýän barlaglaryň barşynda girdejileriň (peýdanyň) ýa-da oňa degişli çykdajylaryň hasaba alynmandygy ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi ýüze çykarylsa, onda ygtyýarlandyryjy edara (beýleki gözegçilik edarasy) özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda, degişli ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, 25 göterim möçberinde düşewüntliligi (haryt dolanyşygynyň 8 göterimi-söwda işler üçin) ulanyp, girgejiniň (peýdanyň) çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellenmäge haklydyr.

Ygtyýarnamasyz hereket edýänlere garşy, şol sanda döwletiň belligine alynmadyk taraplara garşy, Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda görkezilen başga çäreler hem görülip bilner.

Baş we kömekçi potrat edaralara täsir etmek üçin şu maliýe we karz usullary ulanylýär:

- Hasaplaşyklar gurluşygyň kemçilikleri bolmadyk ýagdaýda ýa-da düzedileninden soň geçirilýär.
- Möhleti geçen karzlara banklar karz şertnamasyna laýyklykda göterimleriň derejesini ösdürip bilerler.
- Maksada laýyklykda ulanylmadyk karzlar banklar tarapyndan möhletden öň yzyna talap edilip bilner.
- Karz berlende girewe alnan emläkler bankyň gatnaşmagynda satylyp bankyň algylary (karzyň öwezine) alnyp bilner.
- Karzyň öwezi kepil beren taraplardan talap edilip bilner.
- Başga çäreler geçirilip bilner.

VIII. 4. Maýa goýum işe gatnaşyjylara salgyt salmagy.

Maýa goýum işe gatnaşyjylaryň esasy maksatalry peýda , ýa-da durmuş (sosial) netije gazanmakdyr. Peýdany gazanmak üçin olar ilkinji nobatda goýan goýumlary ödemelidrler. Goýan goýumlaryny ödemek üçin olar öňünden ähli çyjdajylaryny hasaplamalydyrlar. Şol çykdajylaryň içine salgytlar, ýygymlar, goşmaça we başga tölegler bilen bagly çykdajylar belli orun tutýar.

Salgytlary öňünden hasaplamak üçin, maýa goýum işine gatnaşyjylar salgyt salmagyň nazaryýetini, salgyt salmagyň tertibini we başga salgyt bilen bagly gatnaşyklary gowy bilmelidirler.

Maýa goýum işe gatnaşyjylara salgyt salmagy öwrenmek üçin ilki „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi kanun bilen tanyşmaly. Täze özgertmeler zamanysynda Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň tagallasy bilen şol kanuna girizilen üýtgemeleri we goşmaçalary öwrenmeli. Aýratyn hem maýa goýumlaryň möçberini artdyrmak üçin döwletimizde berilýän ýeňillikleri öwrenmeli.

Şondan soň salgytlar hakynda ýazylan okuw kitaplar, gollanmalar we makalalar bilen tanyşmaly. Şol okuw kitaplaryň, gollanmalaryň we makalalaryň atlary şu kitabyň edebiýatlaryň sanawynda berilen. Olar size salgyt gatnaşyklaryň iň kyn , iň çylşyrymly ýerlerini öwrenmäge ýardam berer.

Maýa goýum işe gatnaşyjy kanuna laýyklykda bir salgydyň töleýjisi bolup, başga salgydyň töleýjisi bolman hem biler.

Maýa goýum işe gatnaşyjy salgyt töleýji hökmünde dürli görnüşde çykyş edip biler. Şol sanda: şahsy (fiziki) we edara görnüşli tarap, Türkmenistana dahylly we dahyllysyz, edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçi görnüşlerde.

Türkmenistanyň raýatlary, daşary döwletleriň raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar **şahsy (fiziki) taraplar** diýlip hasaplanylýar.

Edara görnüşli (ýuridiki) taraplar -bu döwletiň Bellige alyş edarasynda, hasaba alnan kärhanalar, guramalar we edaralar.

Şahsy we edara görnüşli taraplar Türkmenistana dahylly hem dahyllysyz bolup bilerler.

Şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi **183** we ondan hem köp senenama güni bolan halatynda, ol **Türkmenistanyň dahyllysy** hasap edilýär. Şunda, diňe Türkmenistanyň çäginden üstaşyr gitmek üçin bolan ýagdaýyndan beýleki halatlarda, ýurdyň çäginde bolan gününiň dowamlylygyna garamazdan, islendik gün şahsy tarapyň döwletimizde bolan güni diýlip hasap edilýär.

Daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň işgärleri hökmünde Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle hem olaryň maşgala agzalary **Türkmenistanyň dahyllylary diýlip hasap edilmeýär**.

Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar-Türkmenistanyň kanunlaryna laýýyklykda döredilip, olaryň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdirýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) biziň döwletimiziň çäginde ýerleşen bolmalydyr. Galan edara görnüşli taraplar **Türkmenistana dahyllysyz** diýlip hasaplanýar.

Maýa goýum işine gatnaşyjylaryň we daşary ýurt döwletiniň dahyllysy bolan **edara görnüşli** hem şahsy taraplaryň derejesini salgyt gulluklary belleýärler. Bu mesele görkezilen taraplaryň salgyt töleýji hökmünde hasaba goýlan mahaly we salgyt ýumuşçysynyň tabşyrýan resminamalaryň esasynda çözülýär. Salgyt ýumuşçysy-salgydy tölemek borjy peýda bolýan Türkmenistana dahylly bolup duran edara görnüşli tarapa düşünilýär.

Edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçi bu-salgyt gullugynda bellige alnan, bellige alyş şahadatnamasy, ýa-da patent esasynda hereket edýan taraplara düşünilýar.

Maýadar daşary ýurtda ýerleşýan bolsa Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän belli bir tarap onuň **salgyt ýumuşçysy** hökmünde çykyş edip biler. Eger-de daşary ýurtda ýerleşýän maýadar salgydy tölemese, şol salgyt salgyt ýumuşçysyndan talap edilýär. Maýadaryň deregine kanuna laýyklykda salgyt ýumuşçysyndan salgyt bilen bilelikde jerimeler, puşmanlar hem alnyp bilner.

Puşmanlary- şertnamalary (kontraktlary), kanunlary bozýan maýadarlar we başga taraplar töleýärler. Puşmanlaryň möçberleri her gün ösüp biler. Mysal üçin, wagtynda tölenmedik salgytlara we ýygymlara salgyt gulluklary her günine tölenmeli salgydyň (ýygymyň) möçberine 0,03 göterim möçberde puşman goşýarlar.

Jerimeleri döwletiň guramalary kanunlary bozýan maýadarlary we başga taraplary töledýärler**.** Mysal üçin, salgyt gulluklary kem hasaplanylan salgytlary üçin üstüne 40 göterim möçberde jerime töledýärler.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin alynýan puşmanlar we jerimeler salgyt hökmünde seredilmeýär.

Maýa goýum işlere gatnaşyjylar paçlaryň we ýygymlaryň töleýjileri bolup çykyş edip bilerler.

Paçlara we ýygymlara salgytlaryň aýratyn görnüşi hökmünde seredilýär we olarda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgydyň käbir alamatlary bolman biler.

Paçlar alnanda köplenç döwlet guramalary tarapyndan onuň töleýjilerine ýörite hyzmatlar ýa-da gözegçiluk edilýär. Mysal üçin, kazyýetde işleri seretmek üçin döwlet tarapyndan hukuk hyzmatlar, gümrük pajy töleýänlere bolsa gözegçilik edilýär.

salynýan puşmanlar, jerimeler hem-de gaýry çäreler **salgyt diýlip hasaplanmaýarlar**.

Ýygymlar köplenç ýörite gaznalara ýa-da ýerli býujetlere geçirilýär. Mysal üçin, Aşgabat şäherini abadanlaşdyrmak üçin (balans peýdadan - 0,5 göterim) we oba hojalygy ösdürmek üçin ýygymlar (balans peýdadan-3 göterim).

Her salgydy, ýygymy, goşmaça we başga tölegleri maýa goýum işe gatnaşyjylaryň hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri kanun arkaly bellenilýär. Umumy alaňda (deslapky geçirilýän salgytlary hasaba almaňda), olaryň käbiri her aýda, käbiri her çärýekde, hasaplanyp degişli beýannamalary töleýjini hasaba alan salgyt gulluga tabşyrylýar. Her aýda tabşyrylýan beýannamalar hasabat bermeli aýyndan soňky aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylmaly we 5 günüň dowamynda, ýagny aýyň 25-ne çenli salgyt tölenmeli . Mysal üçin, fewral aýy boýunça beýannama 20-nji marta çenli tabşyrylmaly, we salgyt 25-nji marta çenli tölenmeli. Her çärýekde tabşyrylýan beýannamalar hasabat döwründen soňky aýyň 20-sine çenli tabşyrylýar we 5 günüň dowamynda tölenmeli. Mysal üçin, birinji çärýegiň beýannamasy aprel aýynyň 20-sine çenli tabşyrylýär we 25-nji aprele çenli salgyt tölenmeli.

Ýylda bir gezek diňe ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygym hasaplanyp tölenýär. Käbir ýygymlar, diňe esas bar bolan ýagdaýda hasaplanyp , beýannama tabşyrylyp tölenýär.

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuna laýyklykda görkezilen möhletler bellenilen ýagdaýlarda Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilner.

Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda maýadarlar goşmaça tölegleriň (aksizleriň) töleýjisi hökmünde çykyş edip biler.

Goşmaça tölegler (aksizler) döwletiň geçirýän syýasatyna görä belli harytlaryň üstüne goşulýar. Goşmaça tölegler öndürilýan ýa-da daşary ýurtlara iberilýän we olardan gelýän harytlara goşulýar. Köplenç olar ilata zerur däl harytlara goşulýar. Mysal üçin spirt içgilere, temmäki önümlere. Häzirki döwürde piwo içgileriniň bahasyna 10% goşmaça töleg goşulýar, spirtli içgiler taýýarlananda ulanylýan spirtiň - 1 litri üçin ABŞ-yň 4 dollary goşulýar.

Erkin ykdysady zolakda hereket edýän maýa goýum işe gatnaşyjylar goşmaça tölegler den boşadylýar.

Maýadarlaryň, gurluşyk potrat edaralaryň salgytlary, ýygymlary olaryň görnüşine görä **merkezi ýa-da ýerli býujetlere** geçirilmelidir.

Maýadarlara salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynda bellenilýär. Hususy häsiýete eýe bolan **ýeňillikleri bermek** kanun boýunça **gadagan edilen**.

Maýadar hukuk esaslary ýüze çykan pursadyndan we olaryň güýji bolan bütin döwrüniň içinde salgyt boýunça ýeňilliklerden peýdalanmaga hukuklydyr.

Maýadaryň salgyt boýunça ýeňillikleri ulanmazlyga, şeýle hem degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza beren ýagdaýynda, olary ulanmakdan ýüz öwürmäge hukugy bardyr. Şu ýagdaýda salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk **ýokarda**

görkezilen ýeňillikleri geçen salgyt döwürlerinden geljekki salgyt döwürlerine geçirilmäge, geljekki töleglerіň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirmäge ýa-da býujetden öwezi dolunmaga degişli däldir.

Maýadar degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza berende, salgytlar boýunça ýeňilliklerden **täzeden peýdalanmaga haky** bardyr, emma bu onuň ýeňilliklerden peýdalanmakdan boýun gaçyran **soňky kalendar ýylyndan ir bolmaly däldir**.

Eger-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda maýadarlaryň we gurluşyk potrat edaralaryň salgytlary Türkmenistanyň **milli pulunda hasaplanylýar we tölenilýär.**

Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda geçirilýän islendik amallar, amallaryň geçirilýän gününde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän **resmi hümmeti boýunça,** resmi hümmeti bellenmedik daşary ýurt pullary bolsa, eger "Salgytlar hakynda"Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, **ABŞ-nyň dollary babatynda kross – hümmet boýunça Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanylýar.**

Eger-de maýadarlar we gurluşyk potrat edaralary -ýerasty baýlyklardan gelýän girdejilerden, goşmaça tölegleri, goşulan baha üçin, peýdadan (girdejiden) we emläkden alynýan salgytlaryň töleýjileri hökmünde seredilýän bolsalar, onda olar görkezilen salgytlary merkezleşdirilen býujete geçirmelidirler. Ýerli ýygymlary bolsa olar biziň döwletimizde doly möçberlerde ýerli býujetlere geçirmelidirler.

Ýerli ýygymlara şular degişlidir:

- mahabatnamalar üçin ýygym;
- ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygym;
- ulag serişdelerini satmakdan gelýän girdejilerden alynýan ýygym;
- ulag serişdeleriniň duralgalarynyň eýelerinden tutulýan ýygym;
- itleriň eýelerinden tutulýan ýygym.

Salgyt ýyly maýadarlar we gurluşyk potrat edaralar üçin, başga salgyt töleýjileriňki ýaly ýanwar aýynyň 1-inden başlanýar we dekabr aýynyň 31-inde tamamlanýar hem-de maliýe ýyly bilen gabat gelýär.

Maýadarlar öz goýumlaryny etmänkeler salgyt salynmagy bilen bagly ýene bir näçe düşünjileri bilen içgin tanyşmaly. Şol sanda: harydyň, işleri ýerine ýetirmegiň, hyzmat etmegiň, harytlaryň ýerlenmegiň, hemişelik iş ýeri, işiň ýerine ýetirilýän, hyzmatyň edilýän ýeri düşünjileri bilen tanyşmaly..

Salgytlary hasaplamak maksatlary üçin **ýerlenýän ýa-da ýerlenmäge niýetlenen emläkler, gymmatlyklar, önümler-haryt diýlip hasaplanylýar**. **Harytlary (hyzmatlary) ýerlemek diýlip** satyn almagyň-satmagyň (ibermegiň), çalyşmagyň, peşgeş bermegiň (muzdsuz bermek) ýa-da eýeçilik hukugyny bir tarapdan beýleki tarapa berilmegine (geçirilmegine) düşünilýär. Görkezilenler eýeçilik hukugy geçirilen, öň alnan harydy gaýtarmak baradaky amallara hem degişlidir.

Işleri ýerine ýetirmek diýlip, netijeleri maddy görnüşe eýe bolan we şahsy hem-de edara görnüşli taraplaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýerlenip biljek işlere düşünilýär.

Hyzmat etmek diýlip şu işlere (amallara**) düşünilýär:**

- başga taraplaryň isleglerini kanagatlandyrmakda edilýän hereketlere we şol hereketleriň döwamynda ýerlenýän we sarp edilýän işlere, harytlara;

- lizing, maddy däl aktiwleri ýerlemek (bermek) boýunça hyzmatlar, emläk kärendesi ýa-da ony ylalaşyk esasynda ulanmak (konsessiýa) hereketlere. **Konsessiýa** sözi - türkmen diline terjime edeniňde-rugsat , razylaşmak , manyny berýär. Konsessiýa ylalaşyklarda döwletiň dolandyryş guramalary (edaralary) gaýry döwletleriň dürli taraplaryna belli şertler bilen tebigy baýlyklary ulanmaga rugsat berýärler;

- öz işgärleri üçin harytlary bermek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek, harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek;

- emläk hukugyny bermek **.**

Tebigy ýitgileriň ölçeginden artyk haryt ýetmezçiligi, şu harytlaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyklanmadyk ýagdaýynda, **harytlary ýerlemek diýlip hasaplanylýar.**

Harytlaryň ýerlenýän ýeri diýlip şular hasaplanylýar:

- harytlar iberiji, alyjy ýa-da başga biri tarapyndan iberilýän ýa-da ulag bilen ugradylýan bolsa, **olaryň iberilip ýa-da ugradylyp başlanan ýeri**;

- harytlar tehniki, tehnologiki ýa-da başga bir sebäplere görä alyjylara sökülen ýa-da ýygnalmadyk görnüşden başga hili ýetirilip bilinmedik ýagdaýynda gurnamak, oturtmak ýa-da olary ýygnamak haryt iberiji tarapyndan ýa-da onuň adyndan ýerine ýetirilýän bolsa, **harytlaryň gurnalýan, oturdylýan ýa-da ýygnalýan ýerleri.**

Kanuna laýyklykda beýleki işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän ýeri diýlip edara görnüşli tarapyň döredilen, onuň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň (hemişelik wekilhanasynyň) **ýerleşýän ýeri**, hususy telekeçiler üçin bolsa hemişelik **ýaşaýan ýa-da işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän hemişelik iş ýeri diýlip** hasaplanylýar.

Hemişelik iş ýeri diýlip hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin alyp barýan Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik ýerine düşünilýär we ol "Salgytlar hakynda" bitewi kanunyna laýyklykda edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasyny kesgitlemek boýunça düzgünnamalara degişlilikde kesgitlenilýär.

Işiň ýerine ýetirilýän, hyzmatyň edilýän ýeri diýlip:

- gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly işler, hyzmatlar üçin – şu emlägiň ýerleşýän ýeri. Görkezilenler hususan-da gurluşyk, gurnama, gurluşyk gurnama, abatlaýyş, dikeldiş işlerini, kärende boýunça hyzmatlary özünde jemleýär;

- gozgalýan emläk bilen baglanyşykly işler, (ony kärendä bermek muňa girmeýär)- hakykatdan şeýle işleriň geçirilýän, hyzmatlaryň ýeri. Görkezilenler hususan-da olary düşürip almagy, gaýtadan işlemegi, işläp geçirmegi, abatlamagy we tehniki taýdan hyzmat etmegi özünde jemleýär;

- medeniýet, sungat, bilim, bedenterbiýe we sport babatlarynda edilýän hyzmat üçin – şeýle hyzmatlaryň hakyky edilýän ýeri hasaplanylýar.

Maýadarlaryň, gurluşyk potrat edaralaryň we olara hyzmat edýän maliýe-karz guramalarynyň hünärmenlerinde döwletimizde geçirilýän salgyt syýasaty barada giňeşleýin düşünjeleri bolmalydyr.

Türkmenistanda maýa goýum işlere gatnaşyjylaryň we başga kärhanalaryň salgyt ulgamy bilen gatnaşyklary döwletiň Konstitusiýasyna, "Salgytlar hakynda" Bitewi kanuna we beýleki hukuknamalara esaslanýarlar. Kadalaşdyryjy hukuknamalarda **çapraz gelmeler bar bolan halatynda Bitewi kanunyň düzgünleri ulanylýar**.

Salgyt - hukuk gatnaşyklaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek diňe Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylyp bilner.

Täze salgytlary bellemek ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgetmek bilen “Salgytlar hakynda” Bitewi kanuna üýtgetme girizýän Türkmenistanyň Kanunlary, olar resmi taýdan çap edilenden **bir aý geçen soň**, **emma degişli salgyt boýunça nobatdaky salgyt döwrüniň başlanmagy bilen güýje girýär.**

Salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle hem hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary, eger - de bu olarda göni göz öňünde tutulan bolsa, **çap edilen pursatyndan güýje girip bilerler**.

Görkezilen düzgünler maýadarlar üçin amatlydyr. Olar başga täsirler bilen bilelikde ýurduň maýa goýumlarynyň ýyl ýyldan artmagyna getirýar.

Türkmenistanda şular maýa goýum işe gatnaşyjylar bilen **salgyt - hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan edaralar** bolup durýarlar:

- döwlet salgyt gullugynyň edaralary ;
- döwlet gümrük gullugynyň edaralary ;
- maliýe ministrliginiň edaralary .

Maýadarlar, gurluşyk potrat edaralary öz işlerini netijeli amala aşyrmak üçin hökmany suratda salgyt gullugynyň dolandyrylyşyny, olaryň wezipelerini, hukuklaryny we borçlaryny bilmelidirler.

Maýa goýum işine gatnaşyja salgyt töleýji hökmünde häsiýetnama berlende onuň aşakdaky taraplaryna aýratyn üns berilýär:

- döwletiň kanunlaryna laýyklykda açylmagyna hem hereket edilmegine;
- girdejilerine, harajatlaryna we maliýe netijelerine;
- töleg ukyplylygyna, onuň bergilerine , algylaryna we likwidliligine;
- gaýry häsiýetlerine.

Maýa goýum işine gatnaşyjynyň hökmany suratda esasnamasy (düzgünnamasy), gerekli ygtyýarnamalary we sertifikatlary bolmaly. Ol diňe esasnamasynda görkezilen işleri ýerine ýetirmäge haklydyr. Onuň şu kitabyň 6-njy goşulmasynda görkezilen işlerine hökmany suratda ygtyýarnamasy bolmaly.

Maýa goýum işine gatnaşyjyň esasnamasy (düzgünnamasy) tassyklanmadyk bolsa ýa-da onda görkezilen işlerden başga-da işler ýerine ýetirilýän bolsa, ýa-da ol ygtyýarnamasyz, sertifikatsyz hereket edýan bolsa, onda salgyt töleýjä garşy degişli çäreler geçirilýar. Ygtyýarlandyrmaga degişli işiň kärhana tarapyndan ygtyýarnamasyz amala aşyrylmagy şeýle işden **alnan girdeji** (peýda) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwleti**ň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine alynmaga degişlidir**.

Maýa goýum işine gatnaşyjynyň **töleg ukyplylygyny** onuň pul serişdeleri bilen üpjun edilişi, hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilişi, bergileriň üzilişini görkezýär.

Maýa goýum işine gatnaşyjyň töleg ukyplylygyna ýakyn düşünje-onuň balansynyň **likwidliligi**. Şol bir wagtyň içinde bu düşünjileriň öz aýratynlyklary bar. Likwidlilik sözüň özi - gymmatlyklaryň bazarda ýerleşdirilişiniň çaltlygyny we milli pula öwürmekligiň ukyplylygyny görkezýän düşünje. Käbir gymmatlyklary bazarda ýerleşdirmek we milli pula öwürmek aňsat bolýar. Mysal üçin, erkin aýlanýan walýutalar görnüşinde serişdeleri, gymmat bahaly daşlary, metallary we başgalary. Käbir gymmatlyklary bolsa bazarda ýerleşdirmek we milli pula öwürmek kyn düşýär. Mysal üçin, ulanyşda bolan tehniki serişdeleri, gurallary we başga zatlary. Maýa goýum işine gatnaşyjyň balansy likwidli bolsa onuň gymmatlyklary (aktiwleri) bazarda ýerleşdirilende ähli maliýe borçlary (bergileri) ýapylmalydyr. Eger-de maýa goýum işine gatnaşyjy

balansda hasaba alnan ähli emläklerini bazar nyrhy boýunça ýerleşdirip, alyp biljek algylaryny alyp, öz bergilerini ýapyp bilmese onuň balansy likwidli däl diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň maýa goýum işine gatnaşyjylary häzirki döwürde şu aşakdaky salgytlary we ýygymlary töleýärler:

- ýerasty baýlyklardan gelýän girdejilerden , - goşulan baha üçin , edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) , şahsy adamlaryň girdejisinden we emläk üçin alynýan salgytlary;
- goşmaça tölegleri (aksizleri);
- durmuş ätiýaçlandyryş goruna geçirilýan ýygymlary;
- ýerli ýygymlary (olaryň görnüşleri ýokarda gorkezilen).

Mysal üçin, daşary ýurdyň raýaty Türkmenistanyň çäginde hususy kärhanany açyp, gurluşyk –gurnama işlerini ýerine ýetirip girdeji gazandy. Şu amal g**oşulan baha üçin salgyda degişi amal diýlip hasaplanylýar.**

Ýenede bir mysal, Türkmenistanda hemişilik wekilhanasyny açan daşary ýurt kompaniýasy döwletimizde öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirdi. Kanun boýunça başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa şu amal **goşulan baha üçin salgyda degişi amal diýlip hasaplanylýar.**

Kanuna laýyklykda eger-de maýa goýum işe gatnaşyjy **döwlet nyrhlary boýunça amallary geçirmeýän bolsa** goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine **almaýan** baha salgyt özeni bolup durýar. Mysal üçin, döwlet nyrhlary ulanmaýan daşary ýurdyň maýadary goşulan baha üçin salgyt bilen bilelikde 115 müň manat girdeji gazandy, şol girdejileriň içinde goşulan baha üçin salgyt hasaplanan. Salgyt özeni:115-15=100 müň manat. Salgyt özeninden goşulan baha üçin salgydy hasaplamak üçin biz 100x15%=15 müň manat-alnan (gazanylan) goşulan baha üçin salgydy tapýarys.

Eger-de maýa goýum işe gatnaşyjy **döwlet nyrhlary boýunça amallary geçirýän bolsa goşulan baha** üçin salgydyň pul möçberini öz içine **alýan** baha salgyt özeni bolup durýar. Mysal üçin, döwlet nyrhlary boýunça hereket edýan maýadar goşulan baha üçin salgyt bilen bilelikde 115 müň. manat girdeji gazandy, şol girdejileriň içinde goşulan baha üçin salgyt hasaplanan. **Salgyt özeni-115 müň manat**. Salgyt özeninden alnan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak (çykarmak) üçin biz 115x15%:115=15 müň manady tapýarys, ýagny alnan (gazanylan) goşulan baha üçin salgydyň möçberi -15 müň manat.

Döwletiň kesgitlän bahalary boýunça hereket edýän kärhanalaryň goşulan baha üçin salgydyny hasaplamak üçin tejribede käbir ýagdaýlarda 13,34 göterim derejesi ulanylýar. Bu göterim hasaplaşygy aňsatlaşdyrýar, sebäbi 15 göterime köpeltmek we 115 göterime bölemizde biz bir amaly artyk edilýäris. Iki usulyň netijeri bir birine golaý bolup çykýar. Emma salgyt özeni uly bolanda az möçberde aratapawudy emele geläýmegi ahmal. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup salgydy kanuna laýyklykda hasaba almalydyr.

Goşulan baha üçin salgydy hasaplamak üçin Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanuna laýyklykda **bellenilen käbir alnan harytlaryň goşulan baha üçin salgydy** göni tölemäge degişli salgydyň möçberinden aýyrylyp bilner. Kanuna laýyklykda esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň satyn alnan (özüniň öndüren) pursadyndan başlap, şular ýaly hasap edilmelidir:

- olaryň satyn alnan nyrhy (goşulan baha üçin salgytsyz) **10 müň manatdan geçmeýän bolsa, birwagtlaýyn;**

- olaryň satyn alnan nyrhy (goşulan baha üçin salgytsyz) 1**0 müň manatdan geçýän bolsa, soňky iki ýylyň dowamynda deň böleklere bölmek bilen, her aýda**;

- düýpli gurluşyk binalary (jaýlar, desgalar, ýollar, esasy geçiriji enjamlar), deňiz we howa gämileri, demir ýol ulaglary boýunça **7 ýylyň dowamynda deň böleklere bölmek bilen, her aýda.**

Ýokarda agzalan setirlere aňsat düşüner ýaly şeýle mysallary getirip bolar: Maýadar salgyt hasap-faktura boýunça 11,5 müň manatlyk esasy serişdäni satyn alan bolsa hem bahaň içinde 1,5 müň manatlyk goşulan baha üçin salgyt hasaplanyp tölenen bolsa, onda şol maýadaryň kärhanasy goşulan baha üçin salgydy döwlete tölän pursatynda býujete geçirmäge degişli salgydyň möçberini 1,5 müň manada birwagtlaýyn azaldyp tölemäge haklydyr.

Egerde satyn alnan esasy serişdäniň bahasy 11,5 müň manatdan artýan bolsa, mysal üçin goşulan baha üçin salgyt bilen bilelikde 115 müň manada satyn alnan bolsa, onda şol maýadara (kärhana) goşulan baha üçin salgydy döwlete tölän pursatynda döwlete geçirmäge degişli salgydyň möçberini iki ýylyň dowamynda (24 aý) her aýda 4792 manada azaldyp tölemäge haklydyr (115000:24=4792 manat).

Ýenede bir mysal. Iki maýadar (kärhana) her haýsy 100 million manatlyk (goşulan baha üçin salgytsyz) gurluşyk işleri amala aşyrdylar. Biri gurluşyk işleri potrat usul bilen amala aşyryp **potrat edarasyna** goşmaça 15 million manatlyk goşulan baha üçin salgydy **töledi**. Ikinji bolsa gurluşyk işleri hojalyk usuly bilen tamamlap15 million manatlyk goşulan baha üçin salgydy **döwlete geçirdi.** Kanun boýunça şol iki kärhana goşulan baha üçin salgydy döwlete tölejek pursatlarynda 7 ýylyň dowamynda her aýda döwlete geçirmäge degişli salgydyň möçberini 178571,4 manada azaltmaga haklydyr:15000 000:(7X12)=15000000:84=178571,4 manat.

Maýadar (kärhana) salgyt salynýan hem salgytdan boşadylan amallary geçiren halatynda, kanunda başga ýagdaý görkezilmedik bolsa, **hasap edilýän salgydyň pul möçberi diňe salgytdan boşadylmadyk salgyt salynýan amallar boýunça** hasaplanmalydyr. Şeýle amallar aýry-aýrylykda hasaba alynmaly. Olary aýry-aýrylykda hasaba almak mümkin bolmasa, şol amallaryň möçberi **ähli amallaryň umumy möçberine barabarlykda hasaplanylýar.**

Goşulan baha üçin salgytdan kanuna laýyklykda boşadylan we **salgyt salmak binýady bolup durmaýan amallary ýerine ýetirmek üçin** satyn alynan we peýdalanan harytlar, işler we hyzmatlar boýunça **tölenen salgydyň möçberini** salgyt özeninden aýyrmaga hakly däldir.

Kärhana esasy serişdeleri, gurluşyk binalary, maddy däl aktiwleri, dürli hyzmatlary (aragatnaşyk,elektrik energiýa, agyz suw üpjünçiligi we ş.m.) harytlary satyn alanda goşulan baha üçin salgyt tölän bolsa, hökmany suratda töleg resminamalarda salgydyň möçberini öz hyzmatdaş taraplaryndan görkezmäni **talap etmelidir**.

Harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek üçin "Salgytlar hakyndaky" Bitewi kanunda bellenen tertipde ýazylyp berilýän salgyt hasap-faktura we iberiji (potratçy) bilen **tölegiň (hasaplaşyklaryň) geçirilendigini tassyklaýan resminamalar esas bolup durýar**.

Işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek barada **uzak möhletli salgyt salynýan amallar** her bir hasabat döwrüniň soňky gününde hakyky ýerine ýetirilen möçberlere laýyklykda, her bir **hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip** maýadarda ýa-da gurluşyk potrat guramasyn**da hasaplanmalydyr.**

Şu maksatlar üçin **uzak möhletleýin şertnamalar diýlip üç aýyň içinde tamamlanmaýan islendik şertnamalara düşünilýär.**

Mysal üçin, maýadar ýa-da gurluşyk potrat guramasy iki aýa kärende şertnamany baglaşan bolsa we şol şertnamanyň şertlerini doly ýerine ýetirýän bolsa, oňa şol şertnama boýunça pul serişdeleri tölenilmedik bolsada, ol **meýilnamalaşdyrylan pul girdejisinden salgydy hasaplamalydyr.**

Eger-de maýadar ýa-da gurluşyk potrat guramasy başga tarap bilen dört aýlyk kärende şertnamasyny baglaşan bolsa we şertnamada görkezilen hyzmatlary her aýda hakykytdan ýerine ýetiren bolsa, emma müşderi hyzmatlary doly tölemedik bolsa, **goşulan baha üçin salgyt hakykatdan alnan girdejilere görä hasaplanyp bilner**.

Eger-de maýadaryň döwlet ölçeglerinden artyk tebigy ýitgiler emele gelen bolsa, ýa-da haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylan bolsa **salgyt salynýan amal onuň ýüze çykarylan döwründe hasaba alynmalydyr**. Harytlaryň ogurlanmagy we zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezi **günäkär taraplar tarapyndan dolunanda ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar alnanda salgyt salynýan amallar şol öwezini dolmalaryň alnan hasabaty (salgydy) döwründe geçirildi diýlip hasap edilmelidir. Ýagny salgyt ýitgeleriň öwezi dolmanka hasaplanyp tölenýär. Ýitgeleriň öwezi dolanda ikinji gezek salgyt hasaplanylanok.**

Eger-de maýadar öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiren bolsa, olar tamamlananda ýa-da binalar ulanyp başlan bolsa, kärhana şol **döwürde goşulan baha üçin salgydy hasaplanmalydyr**. Şol işleri ýerine ýetirilende we şunuň ýaly işleriň geçirilen binalary soňundan ýerlenende salgyt hem **hasaplamalydyr**.

Maýadar ýa-da gurluşyk potrat guramasy özüniň sarp etmegi üçin harytlary (işleri, hyzmatlary) peýdalanan bolsa salgyt salynýan amallar harytlaryň peýdalanmaga (sarp etmäge) berlen we işleriň ýa-da hyzmatlaryň tamamlanan hasabaty (salgydy) döwründe **geçirildi diýlip hasaplanmalydyr. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişi gurluşyk potrat guramasy gurluşyk üçin niýetlenen materiallary oktýabr aýynda özüne sarp etdi, şol aýyň salgyt özenine materiallaryň möçberini goşup, noýabr aýynda salgyt gulluga tabşyrýan beýannamasynda görkezmeli. Emma,** şu amallara degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilip aýyrmalara goşulýan bolsa, onda **olar goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar diýlip hasaplanmaýar**.

Býujet serişdeleriniň hasabyna satyn alnan esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça **goşulan baha üçin salgydyň möçberi hasaplanmaly däldir.**

Goşulan baha üçin salgyt hasaplanylanda esasanam **15 göterim derejesi** ulanylýar. Emma käbir amallara salgyt salmaklyk kanunda hem **0 göterim derejesinde** bellenilen**.** .

„0 göterim derejedäki salgytlary görkezmegiň zerurlygy näme ?“- diýlip , sorag ýüze çykaýmagy ahmal. Onuň sebäbi bir maýadar (kärhana) bir meňzeş harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirip dürli salgytlary tölemäge borçly bolup biler. Mysal üçin, maýadar öndüren önümini döwletiň çäginde we daşary ýurtlara ýerleşdirip biler. Türkmenistanyň çäginde ýerleşdirilen önümine 15 göterim derejede salgyt hasaplanmalydyr. Daşary ýurtlara iberilen önümine bolsa 0 göterim derejede salgyt ýazylmalydyr. Ýagny, dürli salgyt möçberleri kanunda görkezilen bolsa, **salgyt möçberleri** salynýan amallaryň her bir görnüşine görä aýratynlykda ulanylýar.

Goşulan baha ücin salgydy maýadar, gurluşyk potrat guramasy başga kärhanalardan girdejileri alan badyna we özi ony başga kärhanalaryň harytlaryny , hyzmatlaryny satyn alanda töläp hasaba almalydyr we belliknamada degişli ýazgylary etmelidir. Salgydy hasaplanda maýa goýum işe gatnaşyjy özüne gelip gowuşan goşulan baha üçin salgydyň möçberinden kanunda bellenilen (ýokarda görkezilen) tertipde tölenen salgytlaryň möçberini hasaba alyp döwlete tölenmeli salgydyň möçberini çykarýar. Mysal üçin, maýa goýum işe gatnaşyjy kärhana 115 müň manatlyk girdeji gazandy. Girdejiň içinde 15 müň manat-goşulan baha üçin salgyt. Öz gezeginde kärhana şol girdejileri gazanmak üçin hasabat döwürde başga kärhanalaryň harytlaryna (hyzmatlaryna) 5 müň manat goşulan baha üçin salgydy töledi. Şol ýagdaýda kärhana döwlete 15-5=10 müň manat goşulan baha üçin salgydy tölemelidir. Emma, salgyt hasaplanynda bir zady unutmalydäldir. Kärhana tarapyndan başga taraplara tölenilen goşulan baha üçin salgyt mydama we birwagtlaýyn doly möçberlerde hasaba alnanok. Tölenilen salgytlaryň hasaba alynmagyň tertibi şu gollanmanyň öňdäki sahypalarynda seredilýän bölüminiň üçünji soragyna jogap berilen.

"Salgytlar hakynda" Bitewi kanunda görkezilenlerden maýa goýum işe gatnaşýan salgyt töleýjiler **her bir hasabat döwrüne goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannamalaryny bermäge borçludyrlar.** Şol beýannamanyň nusgasyny şu kitabyň 18-nji goşulmasynda görüp tanşyp bilersiňiz. Beýannamanyň nusgasy salgydy hasaplamagyň tertibini çalt düşünmäge kömek eder.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama geçen salgyt döwri üçin salgyt döwründen soňky aýyň **20-sinden gijä galman berilmelidir.** Salgyt beýannamada hasaplanan salgyň möçberi hasabat döwründen soňky aýyň **25-inden gijä galman, Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmelidir.**

Görkezilen taraplar hasabat döwrüniň dowamynda deslapky (hakujy) tölegler görnüşinde goşulan baha üçin salgydy hem töleýärler.

Salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar goşulan baha üçin salgydyň tutulyp alnan pul möçberini tölemegi "Salgytlar hakynda" Bitewi kanunyna laýyklykda salgydy tutup almak üçin bellenen günden **soňky bäş günüň (tölegler daşary ýurtlarda geçirilende bolsa on bäş günüň) dowamynda geçirmelidirler.**

Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt beýannamasyny bermek üçin we goşulan baha üçin salgydy tölemeklige başga bir möhletler bellenilip bilner, emma ol "Salgytlar hakynda" Bitewi k**anunda bellenen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir.**

Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan ýa-da ýeňillikler göz öňünde tutulýan ýa-da salgydyň nol möçberiniň ulanylanda salgyt töleýji salgydyň pul möçberini hasap-faktura ýa-da başga bir resminama **ýalňyşyp goşan bolsa, görkezilen pul möçberi bellenen tertipde Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge, öz wagtynda tölenmedik bolsa puşman tölegini tölemek bilen geçirilmäge degişlidir**. Şonda satyn alyja (buýruja) **tölenen salgydy hasaplamaga rugsat berilýär.**

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda käbir maýa goýum işe gatnaşyjylar we olaryň belli amallary dürli ýagdaýlara, sebäplere görä goşulan baha üçin salgytdan boşadylyp bilner. Şol sebäplere we ýagdaýlara şular degişlidir:

- kärhana (edara) kanuna laýyklykda salgyt töleýji hökmünde seredilmeýär ýa-da salgydy tölemekden boşadylýar;

- kanun boýunça kärhananyň geçirýän amaly salgyt salynýan amal diýlip hasaplanmaýar. Şu amallar barada maglumatlar gollanmanyň ýokarky sahypasynda berilen;

- amala kanuna laýyklykda 0 göterim derejede salgyt salynýar;

- kanuna laýyklykda amal geçirilende goşulan baha üçin salgyt tölenilmeýär;

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunyň aşakdaky görkezilen salgyt salynýan amallar babatynda **0 (nol) göterim derejesinde salgyt görkezilmelidir:**

- tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti, pagtany we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri **goşmazdan**, özüniň öndüren, şeýle hem satyn alan harytlary **daşary ýurtlara ýerlenende** (Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilendiginiň bellenen tertipdäki tassyklanmasy bolsa);

- halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak hem-de şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar edilende. Şunda ýolagçylaryň we ýükleriň ugradylýan we barmaly ýeri Türkmenistan bolsa, gatnaw halkara diýlip hasaplanmaýar;

- daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçirilýän daşary ýurt ýükleri boýunça hyzmatlar;

- halkara ýüklerini daşamak we ýolagçylary gatnatmak üçin ulanylýan daşary ýurt deňiz hem-de howa gämilerini ýangyçdan doldurmak bilen hem-de olara hyzmat etmek (aýeronawigasiýa we uçuş-gonuş hyzmatlaryny goşmak bilen) baglanyşykly hyzmatlar, şeýle hem şular ýaly ýükleri daşamakda, ýolagçylary gatnatmakda ekipažyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin göz öňünde tutulan harytlary ýerlemek;

- paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlary ýerlemek;

- daşary ýurt diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň resmi taýdan ulanmaklary üçin ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler, edilýän hyzmatlar;

- Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek;

- "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplara olaryň **nebit işlerini ýerine ýetirmek maksatlary üçin harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek**. Eger şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) diňe nebit işlerini ýerine ýetirmekden başga üçin niýetlenen bolsa; soňra olar haýsy iş üçin peýdalandygyny kesgitläp ýa-da bölmek mümkin bolmasa **görkezilenler ulanylmaýar**. Bu barada şeýle taraplar wagtynda, ýagny olara hasap-faktura berilýänçä (ýazylyp berilýänçä)) öz üpjün edilişiniň ýa-da başga kontragentiniň dykgytyna ýetirmäge borçludyr;

- özüniň öndürilen oba hojalyk önümlerini ýerlemek.

Goşulan baha üçin salgydyň **0 (nol) möçberi** ulanylanda, şeýle hem beýleki zerur ýagdaýlarda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasap etmäge hukugy tassyklamak üçin goşmaça talaplar bellenýär.

Şu **amallar geçirilende goşulan baha üçin salgyt tölenilmeýär:**

- umumy ulanylýan şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary (taksiden, şol sanda bir ugur boýunça gatnaýan taksilerden başgasy), şeýle hem şäher etegindäki gatnawlarda derýa, demir ýol ýa-da awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar;

- olar üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň we olara degişli böleklerinin bahalaryny goşmak bilen, harytlaryň ulanylmaly möhleti kepillendirilen döwründe goşmaça hiç hiç hili töleg alynmazdan ýerine ýetirilýän abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça hyzmatlar we işler;

- derman serişdelerini, medikamentleri, zyýansyzlandyryjy serişdeleri, saglygy goraýyş maksatly önümleri, saglygy goraýyş enjamlaryny, protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini ýerlemek;

- weterinar we sanitariýa-epidemiologiýa hyzmatlary;

- saglygy goraýyş hyzmatlary, ýasama diş oturtmak, (bejeriş häsiýeti däl kosmetologiýa hyzmatlary goşulan baha üçin salgytdan boşadylmaýar);

- näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek boýunça hyzmatlar, maýyplary dikeltmek boýunça hyzmatlar;

- bilim ulgamyndaky hyzmatlar;

- jaýlaýyş däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly beýleki hyzmatlar, şeýle hem gübürüsti ýadygärlikleri taýýarlamak boýunça hyzmatlar, jaýlanýan ýerleriň durkuny täzelemek boýunça işler;

- däp - dessurlaryň geçirilmegini goşmak bilen, dini guramalaryň hyzmatlary, şeýle hem dini däplere degişli we dini maksatly zatlary ýerlemek;

- körler we kerler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanalarynyň we maýyplaryň beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň öndüren harytlaryny ýerlemek;

- ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan edilýän ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlary;

- oba hojalyk kärhanalarynyň özleri tarapyndan öndürilýän, ýag önümlerinden başga, oba hojalyk önümleriniň gaýtadan işlenilmegi bilen alnan önümleri ýerlemek;

- pagtany gaýtadan işlemekden alnan önümleri ýerlemek (pagta süýümi, pagta çigidi, gysga süýüm, pagta sütügi, pagta übtügi, galyndylar);

-tohumlary; pile we ýüpek gurçuklarynyň tohumlaryny hem-de olary ösdürip ýetişdirmekdäki hyzmatlary ; mineral dökünleri; gerbisidleri, awuly himikatlary we ösümlikleri goraýyş maksatly beýleki serişdeleri; oba hojalyk önüm öndürijileriniň ekin meýdanlaryna hojalykiçi suwaryş akabalary arkaly suw bermek we hojalykiçi şor suw akabalary arkaly şor suwlary akdyrmak boýunça edilýän hyzmatlary; şeýle hem oba hojalyk önümini öndürmek we ýygnamak üçin mehanizirlenen hyzmatlary ýerlemek;

-azyk harytlaryna (iýmit önümlerine) degişli harytlary (goşmaça töleg tölenmäge degişlilerinden başga) iýmit önümleri öndürilende, taýýarlanylanda we gaýtadan işlenilende ulanylýan harytlary; garyşyk iýmleri ýerlemek;

- saryja goýnuň ýazky gyrkymynyň ýüňini we ondan egrilen ýüpligi ýerlemek, şeýle hem bu ýüňi ýuwmak (arasalamagy we sortlamagy goşmak bilen) boýunça we bu ýüňden ýüplük öndürmek (reňklemegi goşmak bilen) boýunça hyzmatlar;

- el halylaryny we ondan dokalan haly önümlerini ýerlemek;

- ýerleri hususy eýeçilige bermek boýunça ýer gurluşyk işleri;

- däneli ekinleri saklamak; däne üweýän senagat önümlerini, krahmally önümleri öndürmek; çörek; çörek we täze süýji önümlerini öndürmek; kakadylan çörek we köke, köp saklanýan süýji köke önümlerini öndürmek; unaş önümlerini öndürmek; çaga iýmitini we berhizlik azyk önümlerini öndürmek; melhemçilik önümçiligi; adamyň saglygyny goramak boýunça iş; weterinariýa işi üçin niýetlenen desgalary galdyrmak boýunça gurluşyk we gurluşyk - gurnama işlerini ýerine ýetirmek;

-ilata edilýän ýaşaýş-jaý jemagat we ulanyş hyzmatlary (jaý tölegini goşmak bilen), şeýle hem köçeleriň , seýilgähleriň, skwerleriň we ş.m. daşky yşyklandyrylmasy boýunça hyzmatlar;
- Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýän ylmy barlag we tejribe konstruktorçylyk işleri;
- bir birigini satyn almak (döretmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenilen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) mahabatlandyrma maksady bilen berilmegi;
- lotoreýalary, humarly oýunlary we pully oýunlary (humarly oýun işi) geçirmek;
- milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe milli syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglynyşykly işler we hyzmatlar, şeýle hem harytlaryň eltilmegi.

Ýeňillik:

a) görkezilen işleri hojalyk usuly bilen amala aşyrýan;

b) görkezilen işleri potrat usuly bilen ýerine ýetirilen mahalynda potratçy bolan;

ç) işleriň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirýän, hyzmatlary edýän hem-de “a” we “b” bentlerinde görkezilen şahslar tarapyndan şeýle işleriň ýerine ýetirilmegi üçin peýdalanýan harytlaryň (çig malyň, materiallaryň, görkezilen obýektlerde oturdylýan enjamyň) eltilmegini amala aşyrýan,

şahslara berilýär;

- milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçilikden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlar, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlar. Görkezilen ýeňillikler bellenilen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri statusyny alan hem-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda şeýle hyzmatlary edýän şahslara hem berilýär;

- şahsy adamlaryň buýurmasy boýunça ýaşaýyş jaýlaryny gurmak boýunça işleri ýerine ýetirmek we taýýar jaýlary we öýleri şahsy adamlara, şol sanda hususylaşdyrmak tertibinde ýerlemek.

Ýokarda görkezilen ýeňillikler, 0 göterim derejesinde bellenilen harytlar (işler, hyzmatlar) üçin ulanylmaýar.

Goşulan baha üçin salgyt ýerlenmegi (salgyt salynan amallaryň geçirilmegi) şu aşakdaky taraplar tarapyndan amala aşyrylýan harytlar (goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlardan başgasy) işler we hyzmatlar üçin tölenmeýär:

maýa goýum pensiýa gaznalary;

maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;

bilim edaralary**.**

Maýa goýum işe gatnaşýanlar peýdadan alynýan salgydyň özenini hasaplanda **kanuna laýyklykda salgyt ýeňillikleri ulanyp bilerler**.

Maýa goýum işe gatnaşyjylaryň girdejileri we aýyrmalary çärýekden çärýege ýyl boýunça goşulyp hasaplanýar.

Salgyt töleýji salgyt (hasabat) döwründe **zyýan çeken bolsa**, onda şol döwürde **salgyt nola deň diýlip hasaplanylýar.**

Maýa goýum işe gatnaşyjynyň peýdadan alynýan salgydy şeýle hasaplanýar: Mysal üçin , maýa goýum işe gatnaşyjynyň umumy işleri ýerleşdirmekden girdejisi 115 müň manat, şol sanda 15 müň manat goşulan baha üçin salynýan salgyt. Başga hiç hili, şol sanda hem daşky amallardan gelen kärhananyň girdejileri ýok. Kärhana goşmaça tölegleri (aksizleri) tölemäge degişli däl we ýerasty baýlyklary peýdalynmady . Jemi girdejiň içinde 50 müň manatlyk ulanylan materiallaryň bahasy. Kärhana şol harytlary ýerleşdirmek üçin 10 müň manatlyk harajat etdi. Hasabat döwründe emläge salynýan salgyt 1 müň manat möçberde hasaplandy. Geçen döwürleriň ýapylmadyk (üç ýyl geçmedik) zyýany 5 müň manat. Kanunda kärhana degişli salgyt ýeňillikleri göz öňünde tutulmandyr. Şol kärhananyň hasabat döwründe balans peýdasy şeýle hasaplanmaly:115-15-50-10=40 müň manat. Peýdadan alynýan salgydyň özeni bolsa şeýle hasaplanmaly:40-1-5=34 müň manat. Maýa goýum işe gatnaşyjysy Türkmenistana dahylly bolsa býujete 34x8%=2,72 müň manat möçberinde salgydy tölemelidir**.**

Peýdadan alynýan salgydy dogry hasaplamak üçin iň kyn işleriň biri harajatlary hasaba almakdyr. Sebäbi ähli çykdajylary harajatlara goşup bolmaýar.

Kanunda peýdadan alynýan salgytlaryň möçberleri şu derejelerde bellenilen:

8 göterim - Türkmenistana dahyllylar üçin (esaslandyryş maýasy döwlete doly degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga**);**

20 göterim – beýleki edara görnüşli taraplar üçin. Ýagny daşary ýurt kompaniýalaryň şahamçalary**,** esaslandyryş maýasy döwlete doly degişli edara görnüşli taraplara, öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplar we başgalar üçin**;**

Düşewünt görnüşindäki we edara görnüşli beýleki taraplarda paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgyt möçberi salgyt ýumuşçysy tarapyndan kanunyna laýyklykda kesgitlenilýän salgyt özeniniň **15% salgyt möçberine köpeldilen jemi hökmünde hasaplanýar.**

Humarly oýunlardan alynýan girdejilerden şu möçberler bellenilen:

her bir oýun awtomaty üçin-**günde 30 manat**;

her bir oýun stoly üçin-**günde 370 manat**;

her bir oturylýan ýer üçin-**günde 7 manat ýa**-da

bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin-**günde 3 manat ýa-da**

tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin **- günde 38 manat.**

Humarly oýunlaryň bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylyp bilinýän halatynda salgydyň has ýokary pul möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylmaly;

Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydyň derejesi **2 göterim möçberde** kesgitlenilen.

Käbir ýurtlaryň firmalary peýdadan alynýan salgydy Türkmenistanda tölemän, öz ýurtlarynda şol salgydy tölemäge haklydyr. Öz gezeginde biziň kärhanalarymyz käbir daşary ýurtlarda peýda gazanýan bolsalar, şol ýurtlarda salgydy tölemän, biziň döwletimizde salgydy tölemäge haklydyr.

Türkiýe, Eýran, Germaniýa, ABŞ, Özbegistan we başga döwletler bilen Türkmenistanyň ýörite ratifisirlenen (mejlis, bundestag, kongres ýa-da döwletiň başga iň ýokary guramasy tarapyndan tassyklanylan) ylalaşyklary bardyr. Şol ylalaşyklar esasynda

görkezilen döwletleriň kärhanalary ähli ýa-da käbir salgytlary we ýygymlary, şolaryň içinde hem peýdadan alynýan salgydy bir döwletde tölemäge haklydyr.

Salgytlaryň tölenilişi ýörite resmileşdirilýär. Biziň salgyt gulluklarymyz Türkmenistanyň çäginde salgydyň tölenmegi hakynda güwänamalary berip, özleri gaýry döwletlerde tölenen salgytlar hakynda resminamalary hem talap edýärler.

Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmeýän işi amala aşyrylyp döwletiň çeşmelerinden girdeji alynanda, girdeji salgydy salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň jemi girdejisinden aýyrmalary geçirmezden tutulyp alynýar, muňa goşulan baha üçin salgyt girmeýär (salgyt özeni). Şol salgyt özeninden **15 % tutulyp, biziň döwletimiziň haýryna geçirilmelidir**. Görkezilen amal geçirilende 15 % derejede goşulan baha üçin salgyt hem tutulyp döwletiň haýyryna geçirilýär. Muňa deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler girmeýär. Olary **kärende bermekden alnan girdejiler üçin salgydyň möçberi 6 göterime** deňdir.

Eger-de çeşmesinde salgytlar tutulmadyk bolsa, onda kärhana şol barada özi hasaba alnan salgyt gullugyna habar bermelidir. Salgyt gullugy öz gezeginde döwletiň çeşmesinden girdeji alýanyň ýeňňilikleri barada onuň haýsy döwlete dahyllydygyny özi çözmelidir. Eger-de şu düzgün töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan berjaý edilmese salgyt gullugy ýokarda görkezilen salgytlary ýumuşçydan tutmaga we oňa garşy kanunda görkezilen başga çäreleri geçirmäge haklydyr.

Indi salgydyň ýeňillikleri barada we salgydy hasaplamagyň käbir aýratynlyklary barada maglumat bereli.

Şular peýdadan alynýan salgytdan boşadylýar:

- maýa goýum pensiýa gaznalary;
- maýyplary dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;
- bilim edaralary;
- maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;
- dini guramalar;
- oba hojalyk kärhanalary;
- halkara, hökümetara, döwletara guramalar , muňa olaryň telekeçilik (täjirçilik) işinden alýan girdejileri girmeýär.
- hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar peýdadan alynýan salgytdan boşadylýar, sebäbi olar girdeji salgydyny töleýärler.

Salgyt salynýan peýda (girdeji) şu möçberlere çenli kemeldilýär:

- bilim babatyndaky işden alnan peýdanyň möçberine;
- oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli tarapyň şol önümleri ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine, ýöne ol önümler senagat taýdan gaýtadan işlenen bolmaly däldir;
- milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanşykly hyzmatlaryň edilmeginden **alnan peýdadan**. Görkezilen ýeňillikler bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri statusyny alan şahslara milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginden daşarda şeýle hyzmatlar edilen mahalynda hem berilýär;

- milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýaghatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen bagalanşykly işleriň ýerine ýetirilmeginden (hyzmatlaryň edilmeginden) **alnan peýdadan**;

-maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursatyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşdäki taraplaryň öz öndüren öý guş we bedene etini (olaryň iýmitlik we iýimlik däl subönümlerini) we olary gaýtadan işlemekligiň netijesinde alnan önümleri ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine;

- protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan peýdanyň möçberine.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda käbir amallardan gelýan **girdejiler boýunça salgyt özeni hasaba almakda aýratynlyklary bar. Şol aýratynlyklary kanun**y okap tanşyp bilersiňiz.

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin **salgyt döwri salgyt ýylyna deň** bellenilen, emma **hasabat döwri üçin birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly bellenilen.**

Oýunlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt we hasabat döwürleri **senenama (kalendar) aýyna deň bellenilen.**

Salgyt töleýji tarapyndan peýdadan alynýan salgyt, şeýle hem oýun işlerinden alynýan girdeýji boýunça salgyt özbaşdak hasaplanylýar.

Düşewünt we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdeji boýunça salgyt, **salgyt ýumuşçysy tarapyndan her bir tölegde hasaplanylýar we tutulyp alynýar.** Islendik görnüşdäki talaplaryň bes edilmegi **töleg diýlip hasaplanmaly. Mysal üçin, bir m**aýa goýum işe gatnaşýän **kärhana başga kärhana öz paýyny goýum edýär. Şol goýulan paýyna birinji girdeji alýan bolsa, onda şol girdeja degişli salgydy ikinji kärhana tutup döwletiň haýyryna geçirmelidir. Eger-de goýum edýan kärhana girdejileri pul görnüşinde almaýan bolsa we başga talaplary bildirýän bolsa onda goýum eden kärhana şol talaplary bes eden bolsa ol girdeji aldy diýlip hasaplanylýar we ikinji kärhana degişli salgytlary döwletiň haýyryna geçirmelidir.**

Oýun işlerinden alynýan girdeji salgydyň pul möçberi her aýda şu kitabyň ýokarky setirlerinde görkezilen salgyt möçberleriniň we hasabat döwründe **işlenilen günleriň sanynyň jemi** hökmünde hasaplanýar. Şu görnüşdäki girdejilerden **salgyt ýeňillikleri (boşatmalar) berilmeýär.**

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannamasynyň nusgasy bilen şu gollanmanyň 19-nji goşulmasyny görüp tanşyp bilersiňiz. Beýannama size salgydy hasaplamagyň tertibine çalt düşünmäge we ýokarda alnan maglumatlary jemlemäge hem ýardam berer.

Maýa goýum işe gatnaşýän kärhanalar görkezilen beýannamany **maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde** özüniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna tabşymalydyrlar. Şol gulluga **hasabat döwründen** soňky aýyň **20-ne çenli** o**ýun işlerinden** alynýan girdejiler üçin salgyt beýannamasy hem tabşyrylýar.

Salgyt ýumuşçylary bolsa **girdeji tölenen aýyndan** soňky aýyň **20-ne çenli ýokarda görkezilen (özüne degişli)** salgyt gullugyna düşewünt we paýçy bolup gatnaşmakdan, beýleki serişdeler görnüşindäki girdejilerden hasaplanyp tutulan we döwlet býujetine geçirilen salgydynyň **pul möçberleri barada maglumatlary bermäge borçludyrlar**.

Türkmenistanyň“Salgytlar hakynda“ Bitewi kanunda başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, **emlägiň eýesi , şeýle hem** balansyna emläk berlen döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar **,** lizinge alyjylar , konsessionerler **we kärende berijiler** (döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli tarapdan başga) **emläk üçin salgydy töleýjiler diýlip hasaplanýarlar.** Döwlet ýa-da ýerli emläk kärendä berlende **balansda saklaýjy salgyt töleýji bolup durýar.**

Lizinge bank ýa-da lizing kompaniýa tarapyndan uzak möhletleýin kärendä berilýän we hasaplaşyklar (göterim bilen bahasy) doly geçirilenden soň alyjynyň eýeçiligine geçip bilýän gymmat bahaly esasy serişdelere düşünilýär**.**

Konsessiýa-tebigy we başga baýlyklary ulanmaga hukuk berýän ylalaşyk. Bu söze ýakyn söz **sessiýa.** Ol **başga bir tarapa öz hukugyňy bermäni aňladýar.**

Şu aşakdakylar salgyt salynýan binýatlar bolup durmaýar:

- ýer; desgalary döretmek bilen baglanyşygy bolmadyk, ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna geçirilýän harajatlar;
- döwlet ätiýaçlygy emlägi, şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanylýan (konserwasiýa) emläk**;**
- gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmekligi (şol sanda hojalyk usuly bilen) amala aşyrýan salgyt töleýjileriň maddy-dolanyşyk serişdeleriniň düzüminde, bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba alynmadyk gurluşyk desgasynyň bahasy hasaba alynýar.

Görkezilen döwrürler üçin salgydyň şu möçberleri kesgitlenilen:

- birinji çärýek üçin salgyt özeniniň **0,25** göterimi;
- birinji ýarym ýyl üçin salgyt özeniniň **0,5** göterimi;
- 9 aý üçin salgyt özeniniň **0,75** göterimi;
- bir ýyl üçin salgyt özeniniň **1** göterimi.

Şular emläk üçin salgytdan boşadylýarlar:

- maýa goýum pensiýa gaznalary;
- maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň we oba hojalyk kärhanalary;
- jemgyýetçilik birleşikleri;
- dini guramalar;
- saglygy goraýyş, bilim edaralary we kärhanalary;
- oba hojalyk kärhanalary.

Şulara emläk üçin salgyt salynmaýar:

- gaz geçirijiler (esasy gaz geçirijilerden başga), demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary, umumy ulanylýan awtomobil ýollary, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlar, suwlandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenen inženerçilik we beýleki desgalar;
- tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin peýdalanylýan emläk, şeýle hem olaryň öz öndüren önümleri;
- ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläkleri;
- diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek, daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsuzlygy we raýat goranyşy babatda ulanylýan emläkler;
- umumy ulanylýan şäher ýolagçylar awtoulaglary (taksiden başga);
- sport toplumlary, stadionlar we beýleki sport binalary we desgalary, şeýle hem olarda peýdalanýan sport enjamlary we inwentarlary;
- asma ýollar, şeýle hem olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlar;

- çagalar dynç alyş lagerleriň we öýleriniň , çagalar sagaldyş we göwün açyş merkezleriniň emläkleri, şeýle hem çagalaryň dynç almaklaryny, çagalaryň göwüni açyş işlerini guramak üçin ulanylýan emläk, atraksionlary, oýun oýnalýan abzalary we ş.m. goşmak bilen;

in ulanylýan emläk;

-milli syýahatçylyk zolaklarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy ýa-da gutarylmadyk obýektleriň gurluşygynyň tamamlanylmagy bilen baglanşykly gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek üçin peýdalanylýan emläk. Şu düzgün görkezilen emlägi hem goşmak bilen başga emläklere hem esasy serişdelere we dolanşyk serişdelerine degişlidir;

-milli syýahatçylyk zolaklarynda kabul etmek boýunça obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň emlägi. Görkezilen ýeňillikler milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk babatda bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk babatda bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektler statusyny alan şahslara beriýär.“

Emläk üçin salgydyň pul möçberi salgyt töleýjiler tarapyndan özbaşdak hasaplanylýar.

Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmaýan we döwletimiziň çäklerinde gozgalmaýan emlägi bolan ýurdymyza dahylsyz bolan daşary ýurtly edara görnüşli tarap degişli salgyt gullugynda salgyt hasabynda durmaga we gozgalmaýan emläk üçin salgyt tölemek borjuny ýerine ýetirmäge borçludyr.

Emläk üçin salgyt beýannamasy salgyt töleýjiler tarapyndan ýokarda bellenilişi ýaly her bir çärýek tamamlanandan soň salgyt hasabynda durýan ýerindäki salgyt gullugyna hasabat döwründen soňky aýyň **20 - nden gijä galman** berilmelidir.

Salgyt töleýjiler tarapyndan emläk üçin salgydy tölemek hasabat döwründen soňky aýyň **25 - nden gijä galman geçirilýär.**

Emläk üçin salgyt beýannamasy bilen siz şu kitabyň 16-njy goşulmasyny açyp tanyşyp bilersiňiz. Beýannama size salgydy hasaplamagyň tertibini çalt öwrenmäge we ýokarda berilen maglumatlary jemlemäge ýardam berer.

Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan beýannamany bermegiň we emläk üçin salgydy tölemegiň **başga möhletleri bellenilip bilner**, emma ol “Salgytlar hakynda“ **Bitewi kanunynda görkezilen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir.**

Türkmenistana dahylly maýa goýum işe gatnaşýän kärhana beýleki döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda başga döwlete şol döwletde ýerleşýän özüne degişli emläk üçin salgydy tölän bolsa, döwletimizde salgyt tölenende görkezilen salgydyň möçberi hasaba alynýar. Şunda hasaplaşylan salgydyň pul möçberi “Salgytlar hakynda“ Bitewi kanunyna laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberinden köp bolup bilmez.

Daşary ýurtlaryň salgyt ýa-da beýleki ygtyýarlandyrylan edarasy tarapyndan berlen Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň tölenendigine şaýatlyk edýän resminamalar hasaplaşmak üçin esas bolup durýar.

“Salgytlar hakynda” Bitewi kanuna laýyklykda salgyt salmak **binýady bolup durmaýan**, şeýle hem **ýeňillik berlen emläk** boýunça daşary ýurtlaryň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanan we tölenen salgyt **hasaplaşylmaga degişli däldir.**

Emläk üçin salgydy tölemekden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin Türkmenistana dahylly bolup durmaýan salgyt töleýji degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän ikitaraplaýyn salgyt salmagy aradan aýyrmak barada

Türkmenistan bilen şertnama (ylalaşyk) baglaşan döwletine dahylly bolup durýandygy barada **resmi tassyknama bermelidir.**

Tassyknama emläk üçin salgyt tölenmezden öň hem, salgyt töleýjiniň salgytdan boşamaga we ýeňillik almaga dalaş edýän **salgyt döwri tamamlanandan soňky üç ýylyň dowamynda** hem berlip bilner.

Salgyt hasaplanylanda emläkleriň bahasy **orta hasap bilen her aý boýunça çykarylýar.** Her çäräýegiň maliýe hasabaty taýýarlananda emläge salynýan salgyt ýörite **beýannamada hasaplanylýar.** Beýannamany düzgün esasynda salgyt gullugynyň işgärleri kameral barlagy geçirip, onuň aşagynda gol çekýärler. **Kameral barlaglar** salgyt gullugynyň içinde geçirilýän barlaglar.

Emläge salynýan salgyt peýdadan alynýan salgyt tölenende onuň tölemeli **mukdaryndan aýrylýar.**.

Türkmenistanda ýerleşýän maýa goýum işe gatnaşyjylar, egerde kanunda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa şu aşakdaky ýerli ýygymlary töleýärler:

- mahabatnama üçin ýygymy- hyzmatlaryň bahasyndan 3-5 göterim möçberinde;
- ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygymy- peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberinden 1 göterim möçberinde;
- ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygymy- her işgäriň zähmet hakyndan täze pul birliginde-2 manat möçberinde;

-awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygymy- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň az iş hakynyň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde töleýärler:

-ýük awtomobilleri üçin **-8 esse (häzirki döwürde 400 manat);**

-awtobuslar üçin **-5 esse (häzirki döwürde 250 manat)**;

-ýeňil awtomobiller üçin **-6 esse ululykda (häzirki döwürde 300 manat).**.

-awtoulaglaryň eýelerinden alynýan ýygymy - awtoduralganyň meýdanynyň bir iňedördül metri üçin:

- Aşgabat şäheri üçin – 1,5 manat derejede;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin – 1,2 manat derejede;
- beýleki ilatly ýerler üçin – 0,9 manat derejede .

Maýa goýum işe gatnaşýän kärhanalaryň ýolbaşçylary şu aşakdakylary anyk bilip berjaý etmelidirler:

- ähli salgytlaryň we ýygymlaryň hasaplamagyň hem tölemegiň tertiplerini;
- kärhananyň salgyt (ýygym) töleýji hökmünde borçlaryny we hukuklaryny;
- salgyt gulluklarynyň we olaryň wezipeli işgärleriniň borçlaryny we hukuklaryny.

Maýa goýum işe gatnaşýan taraplaryň ýolbaşçysy bilen baş hasapçysy hasabatlary, salgytlaryň we ýygymlaryň hasaplaryny öz wagtynda tabşyrylmagyna hem-de olaryň dogry hasaplanylyşyna deň jogap berýärler.

IX Bap. Türkmenistanyň halkara maýa goýumlar syýasaty

IX. 1. Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda düşünje we döwletiň maýa goýumlar syýasaty.

Tutuşlygyna alnanda, dürli ýurtlaryň daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky milli kanunçylyklary tarapyndan daşary yurt maýa goýujylara berilýän kepillejkeriň mazmuny daşary ýurt maýa goýjujynyň hukuklarynyň berjaý edilmeginden durýar, ýagny azyndan maýa goýumlaryndan alynýan peýda päsgelçiliksiz ygtyýar etmeklige, maýany yzyna geçirmäge bolan hukuk, şonuň ýaly –da döwlet tarapyndan maýa

goýujynyň emlägini milleleşdirmek boýunça adatdan daşary çäreler görlen halatynda şoňz laýyk öweziniň dolduryş kepillebdirilýär.

Şonuň bilen bagkykykda , maýa goýum larynyň kepilliklerinin hem-daşary ýurt maýa goýulmalarynyň goralmagyna gös göni dahylly özara gatnaşyklaryň maýa goýumlary goramak hakynda dünýäniň aglaba ýurtlarynyň arasynda gol çelilen iki taraplaýyn we sebitleýin ylalaşyklarda, şonuň ýaly-da degişli halkara şertnamalarynda hem beýan edilýändigini belläp geçýäris. Ondanam başga, daşary ýurt maýa goýumlaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň aýry-aýry anyk meseleleri köp taraplaýyn ylalaşyklary baglaşmak arkaly çözülýär.

Mysal üçin, maýa goýumlaryň kepillikleri bilen köp taraply derejede Dünýä bankynyň garamagynda döredilen Maýa goýum kepillikleri boýunça köptaraply agentlik (Multirateral Investment Guarentee Agency-MIGA) meşgullanýar. Maýa goýum kepillikleri baradaky şertler, mysal üçin, Lomeý ylalaşygynyň (The Lome Convencion IV) hereket ediş möhleti geçenden soňra , 2000-ji ýylda Ýewropa bileleşiginiň bilen Afrikanyň, Karib deňziniň we Ýuwaş ummanyň kenarynda (AKT) 71 sany döwletiň arasynda gol çekilen Koton ylalaşygynda, şonuň ýaly-da hlkara guramalary tarapyndan makullanan ençeme köp taraplaýyn resminamalarda bar.

Maýa goýum jedellerini çözmek boýunça halkara merkeziň (the International Center for the Setlement of Investment Disputes-ICSID) agzalygynda durýan ýurtlar üçin maýa goýum jedelleriniň çözükmegi Waşington ylalaşygy (the Waşhington Convencion) ady bilen tanalýan resminamada-da, daşary ýurt araçy kazyýetleriniň kararlaryny ykrar etmek we ýerine ýetirmek hakyndaky 195 8 –nji ýylyň Nýu-Ýork ylalaşygyna goşulyşan ýurtlaryň (the 1958 New Ýork Convencion jn the Recjgnition and Enforcement of International Arbitration Awards) özara resminamalarda-da jikme-jik düzgünleşdirilýär.

.(1„Altyn asyryň ykdysadsyýeti“ žurnaly, 2007 –nji ýyl N11, 12-13-nji sahypalar)

Halkara jedellerini çözmek babatynda esli tejribe toplap, umumy ykrar edilen araçyl kazyýetlerdir: Londondaky halkara araçylyk kazyýet, Parižda halkara araçy kazyýetiň ýaraşdyryjy reglamentiniň esasynda hereket edýän Halkara söwda edarasynyň halkara araçylyk kazyýeti, Wena şäherindäki Ykdysadyýetiň federal palatasynyň halkara araçy kazyýeti, Stokgolm şäherindäki söwda edarasynyň öz reglamenti esasynda işleýän araçy instituty, Berlindäki araçylyk boýunça nemes institusiýasy we başgalar.

Halkara jedellerini çözmek üçin 1993-nji ýyldan bäri „IUS“ Halkara araçylyk kazyýeti-de işleýär, ol özbaşdak hemişelik hereket edýän araçyl kazyýetler bolup durýan we öz reglamentiniň esasynda işleýän Russiýa we Gazagstan araçylyk institutlaryndan durýar.(2„Altyn asyryň ykdysadsyýeti“ žurnaly, 2008 –nji ýyl N8, 20-njy sahypa)

Maýa goýumlaryny kabul edýän döwletiň kanunçylygynda olaryň hökmany ýa-da meýletiň ätiýäçlandyrmasynyň berkidilmegi-de maýa goýumlarynyň kepilligi bolup durýar. Ätiýäçlandyrmanyň manysy maýa goýujy tarapyndan belli bir töwekgelçiliklerden ätiýäçlyk goragyny edinmeginden ybarat. Ondan başga-da, korporasiýalary özara göni maýa goýumlaryny işeňňir amala aşyran döwletler seýrek bolmadyk halatlarda goşa salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň peýdasyna dahylly ylalyşyklara gol çekişýärler. Şeýle edilen halatynda korporasiýa kabul ediji döwletde salgydyň diňe öz ýurdunda tölemedik bölegini töleýär.

Maýany ýyrda getirmek we daşyna çykarmak babatynda ABŞ-da hem bolşy ýaly, Günbatar Ýewropa ýurtlaryň aglabasynda kanunçylyjda we iş ýüzünde Merkezi Aziýa ýurtlaryndaka görä has erkin düzgün geldi.

Munuň üstüsine-de, Belgiýada, Niderlandlarda, lüksemburgda esli salgyt we beýleki maliýe ýeňillikleri hem-de eglişikler arkaly olaryň höweslendirilmegi däp bolup gelýär. Italiýanyň we Ispaniýanyň Kanuçylyklary boksa bu ýurtlaryň çäginde olaryň milli ykdysadyýetini ösdürmäge öz peýdalaryndan goýýan daşary yurtly maýa goýujylary salgyt ýeňillikleri arkaly düýpli höweslendirýär.

